**Şuhrat Ergaşew, Begzod Hodjaýew,**
**Jamşid Abdullaýew**

# DÜNÝÄ TARYHY

**(1991–2017-nji ýyllar)**

***Orta bilim berýän mekdepleriň 11-nji synp okuwçylary üçin derslik***

Birinji neşir

Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan

Daşkent
«TURON-IQBOL»
2018

**UO‘K 94(100)(075.3)=512.164**
**KBK 63.3(0)**

**D 89 Ergaşew Şuhrat**
Dünýä taryhy [Tekst]: Orta bilim berýän mekdepleriň 11-njy synp okuwçylary üçin derslik / Ş. Ergaşew, B. Hodjaýew, J. Abdullaýew. – Daşkent: «Turon-Iqbol», 2018. – 144 s.

**KBK 63.3(0)**

**Jogapkär redaktorlar:**
**M. Rahimow** – taryh ylymlarynyň doktory, professor;
**T. Bobomatow** – taryh ylymlarynyň kandidaty.

**Synçylar:**
**K. Ražabow** – taryh ylymlarynyň doktory, professor;
**G.Pasilowe** – Daşkent şäheriniň Ýunusabat tümenindäki 257-nji mekdebiň taryh mugallymy;
**F. Amanowa** – Daşkent şäheriniň Mirzo Ulugbek tümenindäki 248-nji mekdebiň taryh mugallymy;
**O. Ergaşew** – Daşkent welaýatynyň Ohangaron tümenindäki 22-nji mekdebiň taryh mugallymy

**Şertli belgiler**


Internet bilen işlemäge degişli ýumuş


Adalgalar düşündirişi


Ýadyňyza salyň



Ýatda saklaň


Karta bilen işlemäge degişli ýumuş


Özüňizi synaň


Döredijilikli iş ýumşy

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-14-540-5

© Ş. Ergaşew we başg., 2018.
© «TURON-IQBOL», 2018.

# GIRIŞ

Dünýä taryhynyň 1991-nji ýyldan başlanan döwründe dünýäniň sosial-syýasy we ykdysady sistemasynda uly özgerişler bolup geçdi. Bu döwürde jemgyýetiň ähli ugurlaryna güýçli täsir eden faktor ylmy-tehniki rewolýusiýanyň täze basgançagy – kompýuter-habar rewolýusiýasy boldy. Bu rewolýusiýanyň täsirinde ösen döwletlerde siwilizasiýa industrial basgançakdan postindustrial, habar basgançagyna geçip başlady.

Bu derslik şu döwrüň wakalaryny beýan etmek bilen bilelikde, jemgyýetiň ösüşiniň häzirki basgançagyny analiz etmek we özbaşdak durmuşa gadam goýmagyň öňi syrasynda duran Siz okuwçylara özüňiziň durmuş gelejegiňizi belgiläp almak mümkinçiligini berýän bilimleri şekillendirer. Bu bilimler dünýä halklarynyň medeniýetiniň her biri özboluşly täsinligini, gumanizm we watançylyk prinsipleri, raýatlyk jemgyýeti we hukuky döwlet taglymlaryna esaslanan umumynsany gymmatlyklary düşünmäge kömek berer. Jemgyýetiň ösüşiniň möhüm kanunlaryny bilmeklik, ösüşiň özboluşly ýollaryny düşünmäge we öz gelejegi hakyndaky düşünjelere eýe bolmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem, alan bilimleriňiz öňdebaryjy döwletleriň taryhy tejribesini Özbegistanda döredijilikli ulanmaga kömek berýär.

## DERSLIKDE GYSGALDYLYP ULANYLAN SÖZLER:

BMG – Birleşen Milletler Guramasy

NATO (iňl. North Atlantic Treaty Organization) – Demirgazyk Atlantika harby blogy

ÝS – Ýewropa Soýuzy

SSSR (rus. Soýuz Sowetskih Sosialistiçeskih Respublik) – öňki Sowet Sosialistik Respublikalar Soýuzy

RSFSR – Russiýa Sowet Federatiw Sosialistik Respublikasy

ABŞ – Amerikanyň Birleşen Ştatlary

BRIKS (iňl. BRICS – Brazil, Russia, India, China, South Afrika) – Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý, Günorta Afrika döwletlerinden ybarat soýuz.

YTR – ylmy-tehniki rewolýusiýa

ÄIÖ – ähli içki önüm

ASEAN – Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň assosiasiýasy

# I BAP. XX ASYRYŇ AHYRY–XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA DÜNÝÄ ÝURTLARY

## 1-NJI TEMA. XX ASYRYŇ AHYRY–XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA HALKARA GATNAŞYKLAR

Dünýä taryhynyň iň täze döwrüniň üçünji basgançagy 1991-nji ýyldan başlanyp, häzirki güne çenli bolan wakalary öwrenýär. Bu döwürde sosialistik sistemanyň dargamagy, SSSR-iň dargap gitmegi dünýä möçberinde güýçleriň gatnaşygyna, güýçli döwletleriň arasynda şekillenen geosyýasy deňagramlylyga uly täsir etdi.



**Birleşen Milletler Guramasy haçan düzülipdi?**

Bu döwürde ykdysady we medeni durmuşyň globallaşmagy, ekologiýa problemalarynyň ýitileşmegi, dünýäniň örän uly böleginde modernizasiýa prosesleriniň gutarmanlygy bilen bagly garşylyklaryň güýçlenmegi halkara durnuklylyga uly howp salyp başlady, köpçülik döwletlerdäki çylşyrymly problemalaryň çeşmesine öwrüldi.

**XX asyryň 90-njy ýyllarynyň ahyrynda halkara gatnaşyklar.** Ikinji jahan urşundan soň dünýädäki güýçleriň gatnaşygyny belgiläp gelen kapitalistik we sosialistik harby-syýasy bloklaryň arasyndaky gapma-garşylyk 1990-njy ýyllara gelip gutardy. Emma şol bir wagtda, regional dawalar we «kiçi uruşlar» howpy güýçlenip, şahs hem-de halklaryň hukuk we howpsuzlygyny goramak, gumanitar-hukuky, medeni gatnaşyklary üpjün etmek, obýektiw habar ýaýratmak meseleleri dünýä syýasatynyň wajyp problemalaryna öwrüldi.

1990-njy ýyllaryň başlarynda halkara gatnaşyklar sistemasynda düýpli öwrülişik bolup geçdi. Ilki bilen Merkezi we gündogar Ýewropa döwletlerinde sosializmiň ýykylmagy, soňra bolsa SSSR-iň dargap gitmegi we «iki polýusly dünýä» modeliniň gutarmagy netijesinde dünýäde bir polýus, ýagny ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda Günbatar döwletleriň hökümdarlygy ornaşdyryldy. Öňki sosialistik lager döwletlerindäki kynçylyklar, Germaniýanyň birleşmegi we Günbatar döwletlerdäki integrirleme hadysalary XX asyryň ahyry–XXI asyryň başlaryndaky halkara gatnaşyklaryň möhüm faktoryna öwrüldi.

Şol bir wagtda iki polýusly dünýä sistemasynyň özgermegi birnäçe döwletleriň syýasy ösüşinde aýgytly öwrülişige, totalitar aňyýetiň gutarmagyna getirdi. Emele gelen ideologik boşluga milletçilik, dini fanatiklik, rehimsizlik taglymlary girip gelip başlady. BMG-nyň parahatlyk söýüjilik hereketleri hemişe hem üstünlikli bolmady. Iki polýusly dünýä gutarandan soň global çaknyşyklar howpunyň ýerini lokal uruşlar howpy eýeledi.

Öňki SSSR we Ýugoslawiýanyň çäklerindäki problemalardan daşary Ýakyn Gündogardaky ýagdaý hem agyrlygyça galdy. Şeýle hem, Hindistanyň we Pakistanyň ýadro ýaraglaryna eýe bolmak üçin eden hereketleri şu regiondaky garşylyklary güýçlendirdi.

Dünýäniň dürli regionlaryndaky syýasy durnuksyzlyk täzeden-täze dawalary getirip çykardy. 1990-njy ýyllaryň ahyrynda Tropik we Günorta Afrikanyň birnäçe döwletleri ganly uruşlaryň, döwlet agdarylyşyklaryň, partizançylyk hereketleriniň meýdanyna öwrüldi.

**XXI asyryň başlaryndaky halkara gatnaşyklar.** XXI asyryň başlaryna gelip dünýäde täze gudratly döwletleriň peýda bolmagy we olaryň alternatiw merkezlere aýlanmak hadysasy has-da göze göründi. Bu döwletleriň täsiriniň artmagynda olaryň ykdysady mümkinçilikleriniň ösüşi esasy faktor boldy. Hindistanyň, Pakistanyň we Demirgazyk Koreýanyň ýadro ýaraglaryna eýe bolmagy bu döwletleriň halkara gatnaşyklardaky özbaşdaklygyny artdyrdy. Eýranyň hem öz roluny artdyrmaga hereket edip, başlan ýadro meýilnamasy dünýä jemgyýetçiligini örän howatyrlandyrdy.



Täsin dünýä

Hytaýyň we Braziliýanyň örän tiz ösmegi olary «üçinji dünýä» döwletleriniň hataryndan ykdysady ösen döwletleriň güýçli onlugyna we dünýä syýasatynyň öňdebaryjylarynyň hataryna alyp çykdy. Şeýle tiz ösýän beýleki döwletler – Türkiýe, Saud Arabystany, Meksika, Pars aýlagy regionyndaky arap döwletleri we beýleki döwletler halkara we regional gatnaşyklara güýçli täsir edip başlady. Şol bir wagtda ABŞ-nyň halkara gatnaşyklarda bu döwletlere bolan täsiri kemelip bardy. Şeýlelikde köp polýusly dünýä modeliniň emele gelmek hadysasy başlandy. Bu hadysada her bir döwlet öz ornuna eýe bolmaga hereket edýär.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýewiň 2017-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda BMG-nyň 72-nji sessiýasynda sözlän sözi köp polýusly dünýäniň emele gelmegi we globallaşmak hadysasynda Özbegistanyň ornuny belgiläp bermäge gönükdirildi. Onuň Merkezi Aziýany parahat we gülläp ösýän çäklere öwürmek, Aral problemasyny çözmäge bütin dünýäniň gatnaşmagy, Owganystanda parahatçylygy ornaşdyrmak we bütin dünýä ýaşlaryny terrorçylyk howpundan gorap saklamak zerurlygy hakyndaky teklipleri dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan uly gyzyklanma bilen garşy alyndy.

Dünýä aýgyt bilen üýtgäp barýar. Dünýäde täze peýda bolan gudratly döwletleriň 2008–2009-njy ýyllardaky dünýäniň ykdysady krizisiniň ÝS we ABŞ-a güýçli täsir etmeginden peýdalanyp, dünýäniň ykdysadyýetinde güýçleriň gatnaşygyny üýtgetmäge ymtylýarlar. Şol bir wagtda dünýä ykdysadyýetiniň dolandyryjylygyny artdyrmak maksadynda Günbatar döwletleriniň ösen döwletler bilen ýakynlaşmagy ýüze çykýar. Şu maksatda dünýäniň 20 sany ykdysady iň iri döwletleriniň wekillerini birleşdiren «Uly ýigrimilik»–G-20 kluby düzüldi. G-20 döwletleri dünýäniň ykdysadyýetine uly täsir etmek mümkinçiligine eýe. Sebäbi, dünýäniň ÄIÖ-iň 80%-i şu döwletleriň paýyna dogry gelýär, Ýer ýüzüniň ilatynyň 2/3 bölegi şu döwletlerde ýaşaýar.



**2017-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda...**
**2008-2009-njy ýyllardaky...**
**Iň täze döwrüň üçünji basgançagy–bu...**

Ykdysady arkadaşlyk we integrasiýanyň güýçlenmegine garamazdan, dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde çözülmegi zerur bolan birnäçe problemalar durýar. Olar, ilki bilen, Ýakyn Gündogar (Irak, Palestin, Siriýa), Demirgazyk Koreýa, Ukraina we Afrikadaky dawalar bilen bagly. Bu

problemalary çözmäge Günbatar döwletleri, Russiýa we Hitaýyň dürlüçe çemeleşmegi olaryň arasyndaky gatnaşyklary çylşyrymlaşdyrýar.

Iki öňdebaryjy ýadro guralyna eýe bolan döwlet – ABŞ we Russiýanyň ortasyndaky çylşyrymly aragatnaşyk dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde duran birnäçe wajyp problemalary çözmäge päsgel berýär. Şeýle problemalaryň içinde iň howplusy halkara terrorizmdir. Ol häzir global dünýä siwilizasiýasynyň emele gelmek prosesiniň jemleýji basgançagyna geçýän döwründe täze görnüşe eýe boldy we dünýä syýasatynda uly problema öwrüldi.

Halkara gatnaşyklardaky özgerişler XXI asyrda halkara howpsuzlyga we hyzmatdaşlyga esaslanan täze dünýä tertibini ornaşdyrmak taglymynyň öňe sürülmegine getirdi. Emma bu wezipäni amala aşyrmak dünýä döwletleriniň, birinji orunda, öňdebaryjy döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy talap edýär.

«Sowuk uruş» gutarandan soň halkara gatnaşyklarda, ilki bilen ABŞ-nyň we Russiýanyň arasynda emele gelen hyzmatdaşlyk ýagdaýy 2014-nji ýyla çenli dowam etdi. Şol ýylda Ukrainada başlanan syýasy krizis Russiýanyň we Günbatar döwletleriniň arasyndaky ýiti gapma-garşylygyň täze basgançagyna getirdi.




**1990-njy ýyllaryň başlarynda halkara aragatnaşyklar sistemasynda düýpli öwrülişik bolup geçdi.**

**ABŞ bilen Russiýanyň arasynda emele gelen hyzmatdaşlyk ýagdaýy 2014-nji ýyla çenli dowam etdi.**

XXI asyra girip gelen ynsanyýet diňe global çagyryşlara däl-de, eýsem geosyýasy ýagdaýyň özgermegi bilen bagly problemalara hem duş gelýär. Ýeke-täk beýik döwlet bolup galan ABŞ özüniň öňdebaryjylyk roluny dünýä bileleşiginiň islegi hökmünde hödürläp geldi. Yrakda we öňki Ýugoslawiýada, Owganystanda we Siriýada harby güýjüň ulanylmagy, Demirgazyk Atlantika soýuzynyň giňelmegi, planetamyzyň başga regionlarynda hem güýçden giňden peýdalanmak ABŞ-nyň dünýäde ýeke-täk gegemonlygyny görkezdi. Emma bu gün halkara gatnaşyklarda gitdigiçe uly rol oýnaýan Hytaý, Russiýa, Hindistan ýaly döwletleriň muňa ylalaşmagy kyn. Emele gelen ýagdaýda ynsanyýetiň hakyky howpsuzlygy döwletleriň we halklaryň arasyndaky gapma-garşylygyň çuňlaşmagy bilen däl-de, eýsem siwilizasiýany saklap galmak we onuň gülläp-ösmegini üpjün etmäge laýyk bolan özara hyzmatdaşlyk bilen bagly bolup galýar.



**Globallaşmak** – bu dünýä döwletleriniň ykdysady, syýasy, medeni we dini taýdan birleşmegi ýa-da ýakynlaşmak prosesi.

**Modernizasiýa** – bu sosial sistemany tiz ösdürmek maksadynda ony doly ýa-da bölekleýin täzelemek, öňki jemgyýetden täzelenen jemgyýete, agrar siwilizasiýadan industrial siwilizasiýa geçmek prosesi.

**Totalitar ideologiýa** – ideologik režimiň görnüşi bolup, totalitar jemgyýetde ilaty giň gerimde köpçülikleýin görnüşde ideologik taýdan gaýtadan terbiýelemek serişdesidir.

**Köppolýusly dünýä** – dünýäde biri-birinden üstün bolmadyk birnäçe syýasy, ykdysady, harby we medeni merkezleriň (polýuslaryň) bar bolan ýagdaýy.

**Üçünji dünýä** – XX asyryň ikinji ýarymyna mahsus bolan adalga. Ol "sowuk uruş"da we onuň bilen baglanyşykly ýaraglanmak ýaryşynda dogrudan-dogry gatnaşmaýan döwletlere görä ulanylan. Ilki ABŞ-nyň tarapdarlary we sosialistik lagere girmeýän ähli döwletler "üçünji dünýä" diýip atlandyrylan.

**YTR (ylmy-tehniki rewolýusiýa)** – ylmyň we tehnikanyň ösüşinde täze hil basgançagyna geçmek, uly böküş we onuň esasynda öndüriji güýçleri düýpden gaýtadan gurmak.

**Integrasiýa** –bu suweren döwletleriň arasyndaky harytlar, hyzmatlar, maliýe, inwestisiýa, işçi güýji erkin hereketlenýän ykdysady meýdany düzmek maksadynda birleşmek prosesi.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Iki gapma-garşy harby-syýasy bloklar gutarandan soň halkara gatnaşyklaryň wajyp problemalary nämelerden ybarat bolup galdy?
2. 1990-njy ýyllaryň başlarynda halkara gatnaşyklarda bolup geçen düýpli öwrülişik nämelerde ýüze çykdy?
3. XXI asyrda köp polýusly dünýä modeliniň emele gelmegi halkara gatnaşyklardaky nähili proseslerde ýüze çykýar?
4. Derslikdäki materiallardan peýdalanyp XX asyryň ahyry–XXI asyryň başlarynda halkara gatnaşyklara täsir eden möhüm faktorlary ýazyp görkeziň.

## Özbaşdak iş

Tekstde berlen karta bilen tanyşyň we “Täsin dünýä” temasynda esse ýazyň.

## 2-NJI TEMA. GÜNDOGAR ÝEWROPA ÝURTLARYNDA DEMOKRATIK REWOLÝUSIÝALAR WE SOSIALISTIK LAGERIŇ DARGAMAGY

**Sosialistik sistemanyň dargamagy.** Gündogar Ýewropa döwletlerinde sosialistik gurluşyň agdarylmagy dürli görnüşlerde amala aşyryldy. Gaýtadan gurmak döwründe aktiw reformalar alyp baran, ideologik plýuralizmi ornadyp bilen we ýolbaşçylary özgermeleriň gutulgysyzlygyny duýan döwletlerde sosializmiň agdarylmagy has ýeňil geçdi.

**Ikinji jahan urşy Gündogar Ýewropa döwletleri üçin nähili netijeler bilen gutardy?**

Polşada ilatyň döwletdäki sosialistik gurluşdan närazylyk demonstrasiýalary 1988-nji ýyldan başlap güýçlenip başlady we olar syýasy reformalary, Leh Walensanyň ýolbaşçylygyndaky «Birlik» profsoýuz guramasynyň erkin iş alyp barmak hukugyny talap etdi.


Leh Walensa

1989-njy ýylda bolup geçen saýlawlar häkimiýetde bolan Polşanyň birleşen işçi partiýasynyň (PBIP) abraýynyň düşüp gidenligini, şol bir wagtda, oppozisiýadaky «Birlik» profsoýuz guramasynyň meşhur bolup barýanlygyny görkezdi. Täze sostawdaky parlament konstitusiýa özgeriş girizip, Polşany demokratik hukuky döwlet diýip yglan etdi. PBIP öz işini gutardy. 1990-njy ýylda nobatdan daşary prezidentlik saýlawlarynda Leh Walensa ýeňiş gazandy.



Ion Iliýesku

Rumyniýada kommunistik režimiň agdarylmagy düýpli harby çaknyşygyň netijesinde bolup geçdi. 1989-njy ýylyň dekabrynda Timişoara şäherinde ilatyň N. Çauşeskunyň režimine garşy parahatçylyk demonstrasiýasy Rumyniýanyň gizlin hyzmatynyň işgärleri tarapyndan oka tutulmagy döwletiň ähli ýerinde gozgalaňyň başlanyp gitmegine sebäp boldy. Armiýa gozgalaňçylaryň tarapyna geçdi. Birnäçe müň adamlyk üýşmeleň tank bölümleriniň kömeginde Döwlet geňeşini gabawa aldy. Gozgalaň N. Çauşesku we onuň aýalyny sud etmek, suduň hökmüne görä atyp taşlamak prosesi bilen gutardy. Gozgalaňda müňden artyk adam heläk boldy. Häkimiýet gozgalaň günleri düzülen Milli goranmak frontunyň eline geçdi. Komitetiň başlygy bolan Ion Iliýesku 1990-njy ýyldaky saýlawlarda döwletiň prezidenti edip saýlandy.



**1988-nji ýyldan Polşada ...**
**1989-njy ýylda Polşada ...**
**1990-njy ýylda ...**
**PBIP – bu ...**

Ikinji jahan urşundan soňky iň möhüm wakalardan biri Germaniýanyň birleşmegi boldy. 1980-nji ýyllaryň ahyrynda Germaniýa Demokratik Respublikasynda sosial-ykdysady we syýasy krizis güýjäp, 1989-njy ýylyň noýabrynda iki nemes döwletini bölüp duran Berlin diwarynyň ýykylmagyna getirdi. Bu praktikada iki Germaniýanyň arasyndaky serhediň açylmagydy. 1990-njy ýylda Moskwada iki nemes döwletini bir sany – Germaniýa Federatiw Respublikasyna birleşdirmek barasyndaky şertnama gol çekildi.

**Gündogar Ýewropa döwletleri XX asyryň ahyry – XXI asyryň başlarynda.** Esasan parahatçylyk ýoly bilen amala aşyrylan demokratik rewolýusiýalaryň netijesinde Gündogar Ýewropa döwletleri ösüşiň ykdysady we syýasy ugry edip Ýewropa Soýuzyny saýlady. Gündogar Ýewropanyň ähli döwletleri NATO agza boldy.

Bazar ykdysadyýetine tiz geçmek birnäçe problemalary getirip çykardy. Inflýasiýa derejesiniň we işsizligiň ösmegi, durmuş derejesiniň peselmegine, jemgyýetiň baýlara we köp sanly örän garyplara bölünmegine getirdi. Netijede, reformalar üçin jogapkär bolan hökümetleri ilat goldamady. Polşada sosial şertiň özgermegi netijesinde 1990-njy ýyllaryň iň meşhur syýasatçylaryndan biri Leh Walensa prezidentlik

saýlawlarynda ýeňlişe sezewar boldy. Güýçli ideologik basyşa garamazdan, çepler Litwada, soňra Albaniýada häkimiýet başyna geldi.



Merkezi we Gündogar Ýewropa döwletleri

Özgerişler başga Ýewropa döwletlerindäkä garanda **Ýugoslawiýa**da biraz çylşyrymly bolup geçdi. Alty sany respublikadan düzülen Ýugoslawiýa Federatiw Respublikasynda sosialistik gurluşyň ýykylmagy milletçi we separatistik güýçleriň aktiwleşmegi üçin şert döretdi. Netijede 1991–1992-nji ýyllarda Ýugoslawiýa döwleti dargap gitdi. Diňe Serbiýa we Çernogoriýa federasiýada galdy. Sloweniýa, Horwatiýa, Bosniýa we Gersegowina hem-de Makedoniýa özbaşdak döwletlere öwrüldi. Emma özbaşdak döwletlere bölünmek etnik garşylyklary ýitileşdirip goýberdi.



**1989-njy ýylyň noýabrynda ...**
**1990-njy ýylda Moskwada ...**
**1991-1992-nji ýyllarda ...**

1990-njy ýyldan soň Serbiýada musulman-albanlar özleriniň «Kosowo Respublikasy»ny yglan etdi. Bu Serbiýa bilen ýaragly dawa getirdi we oňa NATO aralaşdy. 1999-njy ýylda NATO-nyň goşunlary Ýugoslawiýany bombalady. Dawa Ýewropa çäklerindäki krizise aýlandy.




Ýugoslawiýanyň dargamagy

Ýene bir agyr ýagdaý Bosniýada we Gersegowinada emele geldi. Bu ýerde serbler, horwatlar we musulmanlar gadymdan goňşy ýaşapdylar. Şol sebäpli etnik tapawuda dini garşylyk hem goşuldy. Bosniýada we Gersegowinada milli garşylyklar aýratyn ýiti görnüş aldy. Ilatyň ýarysyny düzýän serbler Ýugoslawiýanyň düzüminden çykmagy islemedi we özleriniň Bosniýa serb respublikasyny yglan etdi. 1992–1994-nji ýyllarda serbleriň, musulmanlaryň we horwatlaryň arasynda harby dawalar başlanyp gitdi we bu parahat ilatyň arasynda hem birnäçe gurbanlaryň bolmagyna getirdi. Bosniýadaky etnik dawalary çözmek üçin bu ýere BMG-nyň parahatçylyk söýüji güýçleri getirildi we uruş hereketleri ýatyryldy. 2006-njy ýylda geçirilen referendumyň netijesine görä, Çernogoriýa Serbiýadan bölünip çykdy. Ýugoslawiýa Respublikasy ýok boldy.

**Çehoslowakiýa** milli dawalary çözmegiň parahatçylyk ýoluny saýlady. 1992-nji ýylda geçirilen referendumyň netijesine görä, halk köpçüligi bölünmäge karar etdi. Bölünmek prosesi pugta ara alyp maslahatlaşylyp, pugta taýýarlyk görüldi. 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan dünýä kartasynda iki sany özbaşdak döwlet – Çehiýa Respublikasy we Slowakiýa Respublikasy peýda boldy.




**Çehoslowakiýada milli problemalary çözmek maksadynda 1992-nji ýylda referendum geçiildi.**

**1999-njy ýylda NATO goşunlary Ýugoslawiýany bombalady.**

Gündogar Ýewropa döwletlerinde bolup geçen wakalar has hem halkara syýasy özgerişlere getirdi. Bu döwletleri indi Günbatar Ýewropa döwletleriniň ykdysady we harby-syýasy guramalary–ilki bilen ÝS we NATO özüne çekdi. Wengriýa, Latwiýa, Litwa, Estoniýa, Polşa, Sloweniýa, Slowakiýa, Çehiýa, Rumyniýa we Bolgariýa ÝS-a agza boldy. Bu döwletlerde demokratik däp-dessurlaryň bar bolmagy we Günbatar Ýewropa bilen umumy siwilizasiýa degişliligi olaryň ösüşine gowy täsir edýär. Merkezi we Gündogar Ýewropa döwletlerinde ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ösmegi jemgyýetde demokratik reformalara bolan ynamy güýçlendirdi.

Emma bu döwletleriň köpçüliginde işsizlik örän ýokary, ilatyň bir bölegi Günbatar Ýewropanyň ösen döwletlerine çykyp, iş gözlemäge mejbur bolýarlar. Şoňa garamazdan, Merkezi we Gündogar Ýewropa

Günbatar Ýewropa bilen ykdysady we medeni deňlige tarap aýgytly ädim ädýärler. Bu döwletleriň iň uly problemalaryndan biri jemgyýetde korrupsiýa derejesi ýokary bolmagynda galýar.



**Köppartiýalylyk prinsipi** – bu häzirki demokratik döwletlerde syýasy durmuşy guramagyň esasy konstitusion prinsiplerinden biri bolup, ideologik plýuralizmiň (köp dürlüligiň) aýdyň görnüşidir.

**Etnik dawa** – adatça, biri-biri bilen goňşy bolup ýaşaýan dürli etnik topara degişli köpçüligiň arasyndaky çaknyşyk.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Gündogar Ýewropa döwletlerinde sosialistik gurluşyň dargamagy nähili görnüşlerde amala aşyryldy?
2. Gündogar Ýewropa döwletleri NATO agza bolmak bilen öz howpsuzlygynyň kepillenmeginden daşary ýene nähili ýeňilliklere eýe boldular?
3. Gündogar Ýewropa döwletlerinde sosializm dargandan soň nähili problemalar peýda boldy?
4. Tekstden peýdalanyp sosializm dargandan soň Gündogar Ýewropada emele gelen täze döwletleri depderiňize ýazyň.

## Özbaşdak iş



Kartadan peýdalanyp, Merkezi we Gündogar Ýewropa döwletlerine degişli çäkleri ornuna görä toparlara bölüň we düşündiriş beriň.



Tekstden peýdalanyp, Gündogar Ýewropa döwletlerinde demografik üýtgeşmeleriň hronologiýasyny düzüň.

## 3-NJI TEMA. SOWET DÖWLETINIŇ DARÇAMAGY WE ÖŇKI SOWET RESPUBLIKALARYNDA ÖZBAŞDAKLYGYŇ YGLAN EDILMEGI

**GDA-nyň düzülmegi.** 1991-nji ýylyň ahyryna gelip ähli öňki respublikalar SSSR-iň düzüminden çykanlygyny yglan etdiler. 1991-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Russiýanyň, Ukrainanyň we Belarussiýanyň ýolbaşçylary birleşip, SSSR-iň syýasy birlik görnüşinde dargadylanlygyny we Garaşsyz Döwletler Arkalaşygynyň (GDA) düzülenligini tassykladylar.

**SSSR haçan we haýsy döwletleriň gatnaşmagynda döredi?**

1991-nji ýylyň 25-nji dekabr güni SSSR-iň prezidenti M. Gorbaçýow döwlet başlygy wezipesinden aýrylýanlygy barasynda beýannama berdi.

1991-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäherinde bäş sany Merkezi Aziýa respublikalarynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygy bolup, onda agza döwletleriň deňligi we ählisiniň GDA-ny esaslandyryjy döwletler hökmünde soýuza goşulmagy mälim edildi. 1991-nji ýylyň dekabrynda Gazagystanyň Almata şäherinde bolup geçen duşuşykda Deklarasiýa kabul edilip, SSSR halkara hukuk subýekti we geosyýasy reallyk görnüşinde öz işini gutaranlygy nygtaldy. Şol ýylyň ahyryna çenli Pribaltika respublikalary – Latwiýada, Litwadan, Estoniýadan başga ähli öňki sowet respublikalary GDA-nyň sostawyna girdi. Emma Gruziýa 2008-nji ýyldan, Ukraina bolsa 2014-nji ýyldan başlap GDA-nyň işine gatnaşmaýanlygyny mälim etdi. Mongoliýa GDA-nyň birnäçe guramalarynda synçy hökmünde gatnaşyp gelýär. 2008-nji ýylda Owganystan GDA-nyň sostawyna girmek islegini bildirip, häzirki günde GDA-nyň parlamentara assambleýasynda synçy hökmünde gatnaşyp gelýär.


GDA-nyň baýdagy

GDA-nyň düzülmegi SSSR dargandan soň öňki sowet respublikalarynyň arasynda ykdysady we gumanitar gatnaşyklary saklap durmakda, sosial we gumanitar howplaryň öňüni almakda, peýda bolan problemalary arkadaşlykda çözmekde möhüm rol oýnady.

**SSSR dargandan soňky problemalar.** SSSR dargandan soň düzülen özbaşdak döwletlerde birnäçe problemalar emele geldi. Şolardan birinjisi syýasy ösüş bilen baglydy. Öňki SSSR-iň çäklerinde düzülen özbaşdak döwletlerde syýasy taýdan demokratik sistemanyň düzülmegi örän agyr geçdi, köpçülik döwletlerde awtoritar režimler ornaşdyryldy. Munuň birnäçe sebäpleri bar. Iň esasysy, demokratik prinsipleriň yglan edilmegine garamazdan, ýolbaşçylyk usullarynda, sosial ideologiýada sowet döwründen bäri ýaşap gelýän totalitar düşünje üstünlik etdi. Netijede, öňki sowet respublikalarynda öňkä görä demokratik ýol bilen häkimiýete gelen ýolbaşçylar şu ýoly dowam etdirmedi, dürli usullar we bahanalar bilen öz şahsy häkimiýetini pugtalandyrmak we ony saklap galmak ýolundan bardy. Oppozisiýa rehimsiz aradan aýryldy we netijede awtoritar režimler emele geldi.

Öňki sowet respublikalarynyň ykdysady ösüşi birneme başgaça geçdi. Olaryň bir böleginde sowet planly ykdysadyýetiniň belgileri saklanyp galan bolsa-da, esasy bölegi bazar ykdysadyýeti ýoluny saýlady.



**1991-nji ýylyň dekabrynda...**
**2008-nji ýylda...**
**1991-nji ýylyň 25-nji dekabr güni...**

SSSR-iň dargap gitmegi öňki respublikalaryň arasyndaky däbe öwrülen ykdysady gatnaşyklaryň bozulmagyna getirdi. Garaşsyzlygy gazanan öňki sowet respublikalary gaýtadan Russiýanyň täsirine düşüp galmazlyk üçin seresaplyk bilen hereket etdiler. Russiýanyň ykdysady, tehnologik we harby mümkinçilikleriniň peselmegi sebäpli onuň halkara meýdandaky abraýy hem peseldi. XX asyryň soňky on ýylynda Russiýanyň dünýä hojalyk aragatnaşygyndaky paýy has-da gysgaldy.

SSSR-iň dargamagy Russiýa üçin geostrategik ýagdaýyň has-da üýtgemegine getirdi. Russiýanyň halkara abraýy hem peselip, ol Ýugoslawiýadaky, Yrakdaky ýaly ýiti halkara problemalary çözmekde gatnaşmady diýen ýaly.

1990-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda Russiýadaky ykdysady-sosial ýagdaý we Russiýadan daşardaky ruslar problemasy aýratyn wajyp bolup galdy. Muňa öňki SSSR-iň dürli çäklerinden Russiýa göçüp gelýänleriň problemasy hem goşuldy. Bu döwürde ruslar dünýädäki iň uly bölünen millete öwrülipdi. SSSR dargap gidenden soň 80 mln rus Russiýanyň çäklerinden daşarda galyp gitdi.



**1990-njy ýyllaryň ikinji ýarymynda...**
**1999-njy ýylyň ahyrynda...**
**XXI asyryň başlarynda...**

1999-njy ýylyň ahyrynda B. Ýelsin prezidentlik hukuklaryny W. Putine tabşyrdy. 2000-nji ýylyň mart aýynda bolup geçen saýlawlarda W. Putin Russiýanyň prezidenti edip saýlandy. Ol ýurdy dolandyrmak sistemasyny reforma etdi. Merkezi häkimiýeti pugtalandyryp, ýerlerdäki bikanunçylyga çäk goýdy. Oýlap alyp barlan ykdysady, sosial, maliýe syýasaty sebäpli 2000-nji ýyllaryň başlaryna gelip, Russiýa agyr ýagdaýdan çykyp aldy. Daşary syýasatda ABŞ we Günbataryň öňdebaryjy döwletleri bilen gatnaşyklary dartgynlygyça galdy. Aýratyn hem, 2014-nji ýylda Ukrainada bolup geçen nobatdaky «reňkli rewolýusiýa» sebäpli häkimiýet çalşandan soň Krymyň Russiýa goşulmagy sebäpli Günbatar döwletleri Russiýa garşy ykdysady sanksiýalar yglan etdi, ol «Uly sekizlik»–G-8-den çykaryldy. Russiýanyň ykdysadyýetinde birnäçe problemalar peýda boldy, rublyň bahasy düşüp gitdi. Häzirki wagtda Russiýa BRIKS we ŞHG çäklerinde hyzmatdaşlygy güýçlendirýär. GDA döwletleriniň arasyndaky özara gatnaşyklar hem ýeňil geçmedi. Russiýa bilen Ukrainanyň arasynda Gara deňiz flotuny bölüp almak, Krym ýarym adasyndaky Sewastopol şäheriniň statusy barasynda ýiti jedeller bolup geçdi. Russiýa bilen Pribaltika döwletleriniň arasynda hem ol ýerde ýaşaýan köp sanly rus dilinde gepleşýän ilatyň hukuklary we ýerli meseleler boýunça güýçli dartyşmalar bolup geçdi. Täjigistan we Moldawiýa respublikalarynda raýatlarara dawalar bolup geçende, Russiýa özüniň ykdysady we strategik peýdalary esasynda bu problemalary çözmekde gatnaşdy.




**2000-nji ýyllardan başlap GDA döwletleri gowy ykdysady ösüş derejelerini görkezip gelýär.**

**2014-nji ýylda Ukrainada “reňkli rewolýusiýa” sebäpli häkimiýet çalyşdy.**

XXI asyryň başlarynda Russiýanyň daşary syýasatynda hem möhüm özgerişler bolup geçdi. GDA döwletleri bilen hem gatnaşyklara uly üns berlip başlandy. Meselem, 2017-nji ýylda Özbegistan we Russiýanyň aragatnaşyklary täze basgançaga göterilip, iki taraplaýyn iri hyzmatdaşlyk ylalaşyklaryna gol çekildi.

2000-nji ýyllardan başlap GDA döwletleri gowy ykdysady ösüş depginlerini görkezip gelýär. 2012-nji ýylyň netijelerine görä GDA döwletlerinde ÄIÖ-iň ösüşi 4%-e deň boldy. Ilatyň jan başyna ÄIÖ-iň möçberi boýunça GDA döwletleri Latyn Amerikasy, Ýakyn Gündogar ýaly regionlardaky döwletlerden geçdi.

Häzirki wagta gelip, GDA-dan daşary regional halkara guramalar hem peýda boldy. Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy (ŞHG), Gümrükhana Soýuzy şolardan bolup, Özbegistan Respublikasy bu guramalaryň işinde özara bähbitlilik we deňlik esasynda gatnaşyp gelýär.



**Geostrategiýa** –bu döwletiň halkara meýdanda alyp barýan daşary syýasy we ykdysady işiniň ugurlarydyr. Geostrategiýa milli howpsuzlyk doktrinasynyň aýrylmaz bölegi bolup, geosyýasy ýa-da geoykdysady mekanda öz maksadyny gazanmak üçin döwlet tarapyndan ulanylýan hereket tehnologiýalaryny hem öz içine alýar.

**“Reňkli rewolýusiýa”** – bu XX asyryň ahyry–XXI asyryň başlaryndaky närazylyk demonstrasiýalary we olaryň netijesinde bolup geçen häkimiýet çalşyklarynyň umumy adydyr.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. SSSR dargandan soň öňki sowet döwletiniň çäklerinde GDA nähili rol oýnady?
2. Garaşsyzlygy gazanan öňki sowet respublikalarynyň ösüşinde nähili syýasy we ykdysady problemalar emele geldi?
3. 2010-njy ýyllardan soň Russiýa we GDA döwletleriniň arasyndaky gatnaşyklarda nähili özgerişler bolup geçdi?
4. 2000-nji ýyllardan başlap GDA döwletleriniň ösüşinde nähili özgerişler bolup geçdi?

## Özbaşdak iş



Internetden peýdalanyp, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna degişli suratlary gözläp tapyň we reňkli klaster düzüň.

## 4-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA RUSSIÝA FEDERASIÝASY

**Ykdysady reformalar.** 1991-nji ýyldaky awgust krizisinden soň Russiýada esasy wezipelere demokratik güýçleriň wekilleri däl-de, eýsem kommunistik partiýanyň aktiwistleri geldi. Gaýta gurmak ýyllarynda bu aktiwistleriň köpçüligi kommunistik partiýa bilen gatnaşyklaryny üzen bolsa-da, olaryň reformatorlyk mümkinçilikleri çäklenendi. B. Ýelsin tarapyndan Premýer-ministr wezipesine teklip edilen Ý.Gaýdar Russiýadaky reformalaryň «arhitektory» boldy.



**“Gaýta gurmak” nähili sebäplere görä özüni aklamady?**

Reformalar örän agyr geçdi. Milli girdeji we senagat önümçiligi peselip gitdi. 1992-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan erkin goýlan bahalar has-da göterildi. Köpçülik maşgalalarda azyk harajatlary maşgala girdejisiniň esasy bölegini düzdi. Netijede uruşdan soňky döwürde birinji gezek Russiýanyň ilaty kemelip başlady.

Inflýasiýa we syýasy durnuksyzlyk inwestisiýalaryň girip gelmegine päsgel berdi. 1999-njy ýyla gelip Russiýanyň daşky karzy 130 mlrd dollardan hem geçdi. Halkara maliýe guramalary karz bermän goýdy. Döwletiň ykdysady ýagdaýy sosial durmuşyna hem täsir etdi. Işsizleriň, gaçgaklaryň, garyplaryň we öýsüzleriň sany has-da artdy.



**1991-nji ýylyň awgusty ...**
**1992-nji ýylyň 1nji ýanwaryndan ...**
**Ý. Gaýdar ... 1999-njy ýyla gelip ...**

**Içki syýasy durmuş.** Syýasy pudakda hem möhüm özgerişler bolup geçdi. 1991-nji ýyldaky awgust wakalary, SSSR-iň dargamagy we «şok terapiýasy» jemgyýetde sosial durnuksyzlygy artdyrdy. Iş taşlaýyşlar we syýasy demonstrasiýalar giň gerim aldy.

1993-nji ýylda prezident B. Ýelsin Halk deputatlarynyň gurultaýyny we Ýokary Soweti dargadyp goýberdi, döwlet häkimiýetiniň täze organlaryna–Federasiýa Maslahatyna we Döwlet Dumasyna saýlawlar

hem-de döwletiň täze konstitusiýasy hakynda referendum geçirmek barasynda permana gol çekdi. Ýokary Sowetiň ýolbaşçysy we Konstitusion suduň köpçülik agzalary prezidentiň permanyny konstitusiýa laýyk gelmeýär diýip, oňa garşy çykdylar.



Russiýa Federasiýasy

Muňa jogap hökmünde Ýokary Sowetiň binasy goşunlar tarapyndan gurşap alyndy we artilleriýadan oka tutuldy.

1993-nji ýylyň dekabrynda Federasiýa Maslahatyna we Döwlet Dumasyna saýlawlar bolup geçdi. Ol birinji gezek partiýa spisogy boýunça geçirildi. Saýlawyň netijelerine görä, Döwlet Dumasyna «Russiýa ýoly», LDPR (Russiýa liberal-demokratik partiýasy), KPRF (Russiýa Federasiýasynyň kommunistik partiýasy) partiýalary iň köp orunlary eýelediler.


Boris Ýelsin

Ses bermäge gatnaşanlaryň köpçüligi prezident tarapyndan teklip edilen Russiýa Konstitusiýasynyň taslamasyny makullady. Täze Esasy kanunyň kabul edilmegi bilen häkimiýetiň sowet sistemasy ýatyryldy. Şeýlelikde, Russiýada XX asyryň 90-njy ýyllarynda amala aşyrylan iň möhüm syýasy reformalar sowetlerden galan häkimiýet sistemasyny bozmak, onuň ýerinde häzirki we demokratik häkimiýet sistemasyny döretmek üçin hereketleriň başlanyşy boldy.

**Milletara gatnaşyklar.** Russiýa köpmilletli döwlet. Şol sebäpli milletlerara gatnaşyklar Russiýa üçin hemişe wajyp bolup gelýär. Aýratyn hem, uly özgerişler döwründe bu problema birinji ýere çykýar. SSSR dargandan soň agyr ýagdaý emele geldi. 1991-nji ýylyň ahyrynda–1992-nji ýylyň başlarynda Tatarystan, Başgyrdystan we Ýakudystandaky milli hereketler özleriniň gurultaýlaryny geçirip, olarda RSFSR-iň düzüminden çykmak meselesi goýuldy. Çeçen-Inguş Awtonom respublikasynda Çeçen halkynyň umummilli kongresi awtonomiýany Çeçenistana we Inguşetiýa bölmegi, Çeçenistanyň RSFSR-iň düzüminden çykjagyny bildirdi. 1992-nji ýylda Tatarystan hem öz döwlet garaşsyzlygyny yglan etdi.

Bularyň hemmesi merkezi häkimiýetiň Federatiw Şertnama gol çekmegini tizleşdirmäge mejbur etdi. Federatiw Şertnama 1992-nji ýylyň martynda Tatarystan we Çeçenistandan daşary ähli subýektler tarapyndan gol çekildi. Merkeziň we regionlaryň hukuklary Russiýanyň Konstitusiýasynda hem öz beýanyny tapdy.




**1992-nji ýylda Tatarystan öz döwlet garaşsyzlygyny yglan etdi.**

**1999-njy ýyla gelip, Russiýanyň daşky karzy 130 mlrd dollardan artdy.**

Tatarystanyň prezidenti edip saýlanan M. Şaýmiýew wakalaryň ösüşini öz eline almagy başardy. Tatarystan 1994-nji ýylda federal häkimiýet bilen hukuklaryny paýlaşmak barasyndaky şertnama gol çekdi.

Çeçenistan merkez bilen hiç hili şertnamalar düzmedi. Şeýlelikde Çeçenistan bilen gatnaşyklary weýrançylykly haraktere eýe boldy. 1996-njy ýylda Çeçenistan bilen federal merkeziň ortasynda başlanan uruş 2000-nji ýyla çenli dowam etdi. Bu uruş Ikinji jahan urşundan soň SSSR-iň çäklerinde bolup geçen iň uly harby çaknyşyk boldy. Uruş Russiýa birnäçe mlrd dollar zyýan ýetirdi, iki tarapdan 120 müňden gowrak adam gurban boldy.

**1990-njy ýyllardaky daşary syýasat.** SSSR-iň dargap gitmegi Russiýa üçin möhüm geosyýasy özgerişlere getirdi. Döwlet Gündogardaky we Merkezi Ýewropadaky öňki soýuzdaşlaryndan aýryldy, olar NATO bilen hyzmatdaşlyk edip başladylar. Pribaltika we başga GDA döwletlerinde milli ýolbaşçylaryň häkimiýetiň başyna gelmegi olaryň köpçüligi bilen Russiýanyň gatnaşyklaryny kynlaşdyrdy.

Nähili ýol bilen bolsa hem, Günbatar bilen gatnaşyklaryny gowulandyrmak üçin edilen hereketleriň netijesine görä, Russiýa ýuwaş-

ýuwaş halkara meýdanda özüniň özbaşdak roluny ýitirip başlady. Ýyldan-ýyla artyp barýan Russiýanyň Günbatar döwletlerine bolan ykdysady baknalygy hem döwletiň howpsuzlygyna zyýan ýetirdi.

**Russiýa XXI asyrda.** B. Ýelsin 1999-njy ýylyň dekabrynda otstawka çykdy. Wagtlaýyn prezident wezipesini eýelän Wladimir Putin 2000-nji ýylyň mart aýynda bolup geçen saýlawlarda Russiýanyň prezidenti edip saýlandy.



**1993-nji ýylyň dekabrynda ...**
**1992-nji ýylyň martynda ...**
**1996-njy ýylda ...** **2000-nji ýylyň martynda ...**

W. Putin özüniň güýçli döwlet häkimiýetiniň tarapdary ekenligini görkezdi. Täze prezidentiň ilkinji hereketleri jemgyýet durmuşynda döwlet häkimiýetiniň roluny we abraýyny pugtalandyrmaga gönükdirildi. Halkara meýdanda hem Russiýanyň roly diklenip başlady.

2008-nji ýylyň awgust aýynda Gruziýa özüniň düzüm bölegi hasaplanan Günorta Osetiýada we Abhaziýada konstitusion tertibi dikeltmek maksadynda bu çäkleri artilleriýadan bombalamaga başlady. Şundan soň bu dawa Russiýanyň goşunlary gatyşyp, Gruziýanyň çäklerine çenli basyp girdi. Harby dawa tiz gutardy. Emma Russiýa – Gruziýa gatnaşyklary gaty erbetleşdi.

2014-nji ýylyň fewral aýynda Ukrainada häkimiýet çalyşdy. Krymda häkimiýete gelen russiýaparazlar Kiýewdäki täze hökümeti ykrar etmedi. Olar referendum geçirip, onuň netijesine görä Krymyň garaşsyzlygyny yglan etdi we Russiýa Federasiýasynyň düzümine girmek barasyndaky şertnama gol çekdi.



Wladimir Putin

Russiýanyň Ukraina görä bolan syýasatyndaky ýene bir problemaly tarapy Ukrainanyň gündogarynda, aýratyn hem, Donesk we Lugansk welaýatlarynda bolup geçen wakalar bilen bagly. Bu ýerde hem Ukrainadaky häkimiýet çalşygyny boýun almaýan bir topar rus milletine degişli öňdebaryjylar tarapyndan Donesk we Lugansk Halk respublikalary yglan edilip, öz armiýalaryny düzdüler. Daşary syýasatda Russiýanyň çözmegi zerur bolan meselelerinden biri Siriýa problemasy boldy. Russiýanyň harby-kosmiki güýçleri 2015-nji ýylyň sentýabryndan başlap Siriýadaky söweşlerde gatnaşyp gelýär.

Siriýada YŞYD (Yrak we Şam yslam döwleti) we başga halkara terrorçy guramalara garşy göreşde Russiýa birnäçe üstünlikleri gazandy. Bu oňa özüniň geosyýasy abraýyny pugtalandyrmaga mümkinçilik berdi.

**Şok terapiýasy** – bu ykdysady teoriýadyr, şeýle hem, şu teoriýa esaslanan aýgytly ykdysady reformalardyr.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Russiýada Ý. Gaýdaryň hökümeti tarapyndan amala aşyrylan ykdysady reformalar nähili netijelere getirdi?
2. 1990-njy ýyllarda Russiýada amala aşyrylan iň möhüm syýasy reformanyň ähmiýeti nämeden ybaratdy?
3. Russiýada 1990-njy ýyllarda emele gelen milletara durnuksyzlyk nähili usullar bilen çözüldi?
4. XXI asyrda Russiýa daşary syýasatda nähili problemalary çözmäge hereket edýär?

## Özbaşdak iş

**Karta esaslanyp, SSSR dargandan soňky Russiýa Federasiýasynyň çäklerini analiz ediň.**

# 5-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA UKRAINA, BELARUSSIÝA WE MOLDAWIÝA RESPUBLIKALARY



Leonid Krawçuk

**Ukraina.** 1991-nji ýylyň 24-nji awgustynda Ukraina öz garaşsyzlygyny yglan etdi. 1991-nji ýylyň dekabrynda geçirilen referendumda ilatyň aglabasy Ukrainanyň garaşsyzlygy üçin ses berdi.

Referendum bilen bilelikde Ukrainanyň prezidentligine geçirilen saýlawlarda Leonid Krawçuk Ukrainanyň birinji prezidenti edip saýlandy.

Özbaşdaklyk yglan edildi. Emma ýokary effektiw, durnukly milli ykdysadyýeti düzmän real syýasy garaşsyzlygy düzmek mümkin däldi. SSSR-

i gurşap alan ykdysady krizis, umumsoýuz ykdysady kompleksiniň dargamagy beýlekiler ýaly Ukraina hem güýçli täsir etdi. Garaşsyzlyk yglan edilen döwürde Ukrainanyň ykdysadyýeti güýçsüz ýagdaýdady.

Krizis senagaty we oba hojalygyny gurşap aldy. Krizisden çykmagyň birnäçe çäreleri işläp çykyldy, emma olardan hiç biri-de soňuna çenli amala aşyrylmady.



**Öňki Soýuzda 1991-nji ýylyň 19–21-nji awgust günleri nähili wakalar bolup geçipdi?**




Ukraina Respublikasy

XX asyryň 90-njy ýyllarynyň ikinji ýarymyndan iş hakyndan karzdarlygy anyklamak, daşary ýurt kreditleri we walýuta bazaryny tertibe salmagyň hasabyna sosial ýagdaý özgerdi, 1996-njy ýylda milli walýuta–griwna dolanyşyga girizildi. Emma görnüşi ýaly, daşary ýurt inwestisiýasy döwlete akyp gelmedi, tiz griwnanyň hümmeti gaçdy.

XX asyryň ahyryna gelip, birnäçe kärhanalarda mülkdarlar çalyşdy, täze hojaýynlar önümçiligi dikeltmäge girişdiler. Ýokary tejribeli we örän arzan işçi güýji hem-de gudratly senagat bazasy Ukrainanyň ykdysadyýetine girdeji girizmegi has-da köpeltdi. Bu özgerişler ykdysadyýetiň durnuklylygyny, soňra bolsa ykdysady ösüşi üpjün etdi. Emma bu köpçülik GDA döwletlerindäki ýaly Ukrainada hem ýolbaşçy elitanyň korrupsiýalaşmagyna, ilatyň köp böleginiň bolsa garyplaşmagyna getirdi.

**Ukrainada döwlet gurluşy we syýasy prosesler.** Özbaşdaklygyň ilkinji ýyllarynda Ukrainanyň öňünde duran iň möhüm wezipelerden biri döwlet gurluşygy problemasydy. 1996-njy ýylda kabul edilen Ukrainaýň konstitusiýasy bu prosesiň hukuky esasy boldy.



Pýotr Poroşenko

Emma syýasy durnuksyzlyk we ykdysady kynçylyklar uzak ýyllardan bäri çözülmän gelýän sosial problemalar bilen goşulyp, birnäçe syýasy krizislere getirdi. 2004-nji ýyldaky saýlawlarda Wiktor Ýanukowiçiň ýeňiş gazanmagy birnäçe müň adamlyk närazyçylyk çykyşlaryna sebäp boldy. Netijede, geçirilen üçünji tur saýlawlarynda «Biziň Ukraina» blogunyň öňdebaryjysy Wiktor Ýuşçenko Ukrainanyň prezidenti edip saýlandy. Emma W.Ýuşçenko döwletde uly peýdaly özgerişler edip bilmedi. Şol sebäpli 2010-njy ýyldaky saýlawlarda W.Ýanukowiç ýeňiş gazandy. Ol döwletdäki sosial sistemany doly reforma etmäge girişdi. Emma onuň 2013-nji ýyldaky Ýewrosoýuz bilen hyzmatdaşlyk barasyndaky ylalaşyga gol çekmekden baş çekmegi syýasy krizise sebäp boldy. Kiýewde we başga şäherlerde köpçülikleýin närazyçylyk çykyşlary bolup, olar sosial pudaklarda «Ýewromeýdan» adyny aldy. W. Ýanukowiç Ukrainany terk etdi. 2014-nji ýyldaky bolup geçen saýlawlarda Pýotr Poroşenko Ukrainanyň prezidenti edip saýlandy.

Krym Awtonom respublikasy we Sewastopol şäheri Russiýa goşup alnandan soň bolsa Ukraina bilen Russiýanyň arasyndaky gatnaşyklar has-da ýitileşdi.



**1991-nji ýylyň 24-nji awgustynda...**
**1996-njy ýylda...**
**2004-nji ýyldaky...** **2014-nji ýyldaky...**

Ukrainadaky täze häkimiýeti dünýä jemgyýetçiligi ykrar etdi. Eger paýtagtda, demirgazyk, merkezi we günbatar regionlarda Ýewrointegrasiýa tarap ymtylýan täze hökümet tiz ykrar edilip, ilatyň duýgudaşlygyny gazanan bolsa, günorta-gündogar çäklerinde rus dilinde gepleşýän ilatyň närazyçylyk çykyşlary güýçlendi. Bu çäkleriň ilaty gadymdan Russiýa bilen baglanyşykly bolany üçin iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklary saklap galmagy talap etdi we ekstremistik, milletçi toparlaryň öz regionynda ýaýramagyna garşy çykdy. Russiýaparaz öňdebaryjylaryň ýolbaşçylygyndaky bu hereketler Donesk we Lugansk welaýatlarynda ýaragly çaknyşyklara öwrüldi. Ukrainanyň ýolbaşçylary bu çäklerde antiterror operasiýanyň başlananlygyny yglan etdi, bu bolsa iki tarapyň arasynda giň gerimdäki uruş hereketlerine getirdi. 2014-nji ýylyň sentýabr aýynda Belarussiýa Respublikasynyň paýtagty Minsk şäherinde Russiýa, Ukraina hem-de Donesk we Lugansk welaýatlarynyň wekilleriniň arasynda harby hereketleri togtatmak barasyndaky ylalaşyga gol çekildi. Emma 2015-nji ýylyň ýanwar aýynyň ortalaryndan söweşler ýene-de başlanyp gitdi. Şu ýylyň fewral aýynda Germaniýa, Fransiýa, Russiýa we Ukraina döwletleriniň ýolbaşçylary Minsk şäherine gelip, Ukrainanyň gündogaryndaky harby dawalary çözmek barasyndaky täze ylalaşyga gol çekdi (Minsk–2). Emma uruş heniz hem togtamady. 2017-nji ýylyň noýabr aýynda artilleriýadan özara atyşmalar täzeden başlanyp gitdi. Günbatar döwletleri we Ukraina bu dawada Russiýany gozgalaňçylary goldamakda günäläp gelýär. Russiýa bolsa muny inkär edip, dawany Ukrainanyň içki işi diýip nygtaýar.



Aleksandr Lukaşenko

**Belarus Respublikasy.** Belarusyň paýtagty Minsk şäheriniň 1944-nji ýylda nemes basybalyjylaryndan azat edilen güni – 3-nji iýul Garaşsyzlyk güni hökmünde belgilenýär.

1994-nji ýylda kabul edilen konstitusiýa görä Belarus Respublikasy unitar demokratik sosial-hukuk döwleti diýlip yglan edildi. 1994-nji ýylda bolup geçen saýlawlarda Aleksandr Lukaşenko döwlet prezidenti edip saýlandy. Onuň başlangyjy bilen ref-

erendum geçirilip Belarusyň dili bilen bir hatarda rus diline hem döwlet dili statusy berildi, döwlet baýdagy üýtgedildi, prezidentiň hukuklary giňeldildi.

Belarus bilen Russiýanyň arasynda Dostluk, gowy goňşuçylyk we hyzmatdaşlyk barasynda, soňra bolsa Russiýa bilen Belarusyň arasynda Soýuz döwletlerini düzmek barasyndaky şertnamalara gol çekildi. Şertnama Russiýanyň bilen Belarusyň arasynda ýakynlaşmak we hukuky, ykdysady, maliýe, gümrükhana we başga sistemalary birleşdirmegi, döwletara häkimiýet sistemalaryny şekillendirmegi, şeýle hem döwletleriň garaşsyzlygyny we suwerenitetini saklap galmagy göz öňünde tutýar.

1996-njy ýyldaky birinji Umumbelarus halk ýygnagy döwletiň 1996–2000-nji ýyllara niýetlenen sosial-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlaryny tassyklandan soň Belarusda ýuwaş-ýuwaş ykdysady ösüş görnüp başlady. 2000-nji ýyla gelip senagat hem-de halkyň azyk önümlerini öndürmek we ilatyň real girdejileri krizisden öňki derejeden artyp gitdi. Raýatlaryň ortaça aýlyk girdejisi GDA döwletleriniň arasynda iň ýokary derejede boldy.

Azyk önümlerini öndürmek boýunça hem Belarus GDA döwletleriniň arasynda öňdäki orunlardan birini eýeledi. Belarus süýt we süýt önümlerini ýetirip berýän dünýäniň iň öndebaryjy döwletleriniň hataryna girýär.

**Moldowa Respublikasy.** Moldowa 1991-nji ýylyň 27-nji awgustynda öz garaşsyzlygyny yglan etdi. Moldowa Respublikasy adyny alan döwletiň birinji prezidenti edip Mirça Snegur saýlandy.

1990-njy ýylda Moldowanyň Rumyniýa bilen integrasiýalaşmak prosesinde respublikanyň günorta-gündogar regionlaryndaky ýerli rus dilinde gepleşýän ilatyň arasynda bolünişik meýli güýçlendi. Olar özleriniň ýaşaýan çäklerini Dnestrboýy Moldawiýa Respublikasy diýip yglan etdi. Bu ganly çaknyşyga getirdi we Russiýanyň armiýasy gatyşandan soň uruş ýatyryldy.




**1991-nji ýylyň 24-nji awgustynda Ukraina öz garaşsyzlygyny yglan etdi.**

**Belarusda 3-nji iýul Garaşsyzlyk güni hökmünde belgilenýär.**

**Moldawiýa 1991-nji ýylyň 27-nji awgustynda öz garaşsyzlygyny yglan etdi.**



Igor Dodon

Moldowa ykdysady taýdan agrar-industrial döwletleriň hataryna girýär. Onuň klimaty oba hojalygy üçin örän amatly. Döwletde mineral resurslar ýok, şol sebäpli ykdysadyýeti oba hojalygyna esaslanan. Ilatyň ýarysyndan köpi obada ýaşaýar. Eksportynyň esasy bölegini azyk we dokmaçylyk önümleri düzýär. Moldowa – Ýewropanyň iň garyp döwletlerinden biri. Emma 2009-njy ýyldaky krizisden soň Moldowa çalt ösmäge başlady.

Şeýle bolsa-da, ýagdaý durnuksyz bolup galýar. 2017-nji ýylyň maý aýynda bolup geçen prezident saýlawlarynda Russiýa bilen gowy gatnaşyklaryň tarapdary bolan Igor Dodon ýeňiş gazandy.



**Korrupsiýa** – bu emeldar şahs tarapyndan öz hukuklaryny we oňa ynanylyp tabşyrylan hukuklary, şeýle hem, resmi wezipe bilen bagly abraýy we aragatnaşygy kanuna we ahlak normalaryna ters görnüşde öz şahsy peýdalary ugrunda ulanmagy.

**Antiterror operasiýa** – bu terroristik aktyň öňüni almak, ilatyň, guramalaryň we edaralaryň howpsuzlygyny üpjün etmek, şeýle hem, terroristik aktyň ýetiren zyýanlaryny ýok etmek üçin geçirilýän ýörite çäreleriň (söweşjeň, harby) kompleksidir.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. XX asyryň ahyryna gelip nähili üýgeşmeler Ukrainada kapitalistik ykdysadyýetiň emele gelmegine getirdi?
2. Ukrainada 2014-nji ýyldaky syýasy krizisiň netijesinde nähili problemalar peýda boldy?
3. Belarus Respublikasy garaşsyzlyk ýyllarynda ykdysady ösüşde nähili üstünlikleri gazandy?
4. Moldowa Respublikasynyň öňünde garaşsyzlyk ýyllarynda nähili syýasy we ykdysady problemalar peýda boldy?
5. Ukraina, Belarus we Moldowa respublikalarynyň ösüşindäki umumy taraplaryny görkezip beriň.

## Özbaşdak iş

Tekstden peýdalanyp, Ukraina, Belarussiýa we Moldowa respublikalarynyň garaşsyzlyk ýyllarynda gazanan üstünliklerini we kemçiliklerini SWOT-çyzgysy esasynda analiz ediň we depderiňize ýazyň.

Pýotr Poroşenko, Aleksandr Lukaşenko, Igor Dodonlar hakyndaky maglumatlary gözläp tapyň we taryhy şahslaryň işine baha beriň.

## 6-NJY TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA PRIBALTIKA DÖWLETLERI

Pribaltika respublikalary diýende, adatda, Latwiýa, Litwa we Estoniýa düşünilýär.

**Orta asyrlarda Pribaltika respublikalarynyň çäklerinde haýsy halklar ýaşapdyr?**

Garaşsyzlyk yglan edilenden başlap Pribaltika respublikalary örän tiz bazar ykdysadyýetine geçmäge, özleriniň Günbatar döwletleri bilen gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga girişdi. Üç döwlet hem 2004-nji ýylda NATO, şol ýyly ÝS-na agza boldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda abraýly halkara guramalara agza bolan bu döwletler aýgytly ykdysady ösüş ýoluna düşdi. Bu aýgytly ösüş sebäpli olar «Pribaltika ýolbarslary» diýen ady aldy. Emma beýle aýgytly ösüş 2008–2009-njy ýyllardaky krizise çenli dowam etdi.

**Latwiýa.** 1988-nji ýylda düzülen Latwiýa Halk fronty garaşsyzlyk üçin göreş başlady. Netijede 1990-njy ýylyň 4-nji maýynda Latwiýa öz garaşsyzlygyny yglan etdi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Latwiýa sowet döwründe gurlan iri senagat kärhanalaryny, şol sanda, elektrotehnika enjamlaryny işläp çykarýan iň iri WEF, mikroawtobuslar işläp çykarýan RAF zawodlaryny ýapdy. Bu ençeme tejribeli işçileriň gysgarmagyna, işsizleriň sanynyň has-da artmagyna getirdi. Balyk önümlerini gaýtadan işleýän zawod hem uly



Latwiýanyň prezidenti Raýmonds Weýonis

zyýan gördi. Häkimiýete gelen täze syýasy güýçler bank sektory we logistikany ösdürmäge karar etdi. Günbatar döwletleriniň inwestisiýalary tiz ykdysady ösüşe getirdi. Emma 2008-nji ýyldaky krizis daşary ýurt inwestisiýalaryna doly bakna bolan döwletiň ykdysadyýetiniň örän durnuksyzlygyny görkezdi we uly zyýan ýetirdi. Şu döwürden başlap Latwiýada ykdysady ösüş derejeleri düşüp gitdi. 2010-njy ýyla gelip döwletiň ähli milli önüminiň möçberi 1990-njy ýyldaka hem ýetmedi.

Işsizligiň ýokary derejä ýetmegi sebäpli ilat iş gözläp köpçülikleýin görnüşde Günbatar döwletlerine gitmäge mejbur boldy. SSSR dargandan soň Latwiýanyň ilaty 400 müň adama kemeldi.

Döwletiň öňünde duran problemalardan ýene biri etnik problemadyr. Garaşsyzlyk ýyllarynda sowetler döwründe bu ýere göçüp gelen rus milletindäki ilata we olaryň nesillerine Latwiýa raýatlygy berilmedi. Rus milletindäki ilat häzir Latwiýa ilatynyň 30% -ni düzýär. Döwletde latyş we rus milletine degişli raýatlaryň arasynda gatnaşyk hem dartgynlygyça galyp gelýär.

**Litwa.** 1988-nji ýylyň iýunynda Litwada «Saýudis» («Hereket») guramasy düzüldi we öz öňüne Litwanyň garaşsyzlygyny gazanmagy üpjün etmek wezipesini goýdy.




Pribaltika döwletleri

1990-njy ýylyň 11-nji martynda Litwa Ýokary Soweti Litwa Respublikasynyň garaşsyzlygyny yglan etdi. Emma garaşsyzlygy gazanmak ýeňil bolmady. 1991-nji ýylyň 13-nji ýanwar güni Wilnýusda garaşsyzlygy goldamak üçin geçirilen çykyşda teleminara we parlament binasyny sowet goşunlaryndan goran 14 sany gatnaşyjy gurban boldy. Şu döwürden Litwa bilen gutaryp barýan SSSR-iň ýolbaşçylarynyň arasyndaky gatnaşyklar üzüldi diýen ýaly.



**“Pribaltika ýolbarslary” ...**
**1991-nji ýylyň 13-nji ýanwar güni ...**
**2008-nji ýyldaky ...** **2010-nji ýyla gelip ...**

Bu respublikanyň etnik düzümi Latwiýa we Estoniýa garanda birmeňzeşligi bilen tapawutlanyp durýar. Ilatyň 90%-e golaýyny litwalylar düzýär. Şol sebäpli garaşsyzlykdan soň döwletde ýaşaýan ähli ilata milletine garamazdan Litwanyň raýatlygy berildi.

Litwa hem 2008-nji ýyldan soň kyn sosial-ykdysady krizisi başyndan geçirdi. 2010-njy ýylda işsizleriň sany 20%-e golaýlaşdy. Adamlaryň iş gözläp birnäçe Ýewropa döwletlerine göçüp gitmegi netijesinde ilatyň sany umuman ösmeýär, tersine, kemelýär. Krizis sebäpli birnäçe litwalylar Günbatara göçüp gitdi.



Litwanyň prezidenti Dalýa Gribauskaýte

**Estoniýa.** Estoniýada «Halk fronty» 1988-nji ýylda düzüldi. Ol SSSR-iň gaýtadan gurmak syýasatyny goldaýanlygyny yglan edip, respublikanyň SSSR-iň düzüminden çykmagyny özüniň açyk wezipesi hökmünde görkezmedi.




**1990-njy ýylyň 4-nji maýynda Latwiýa öz garaşsyzlygyny yglan etdi.**

**1990-njy ýylyň 11-nji martynda Litwa Ýokary Soweti Litwa Respublikasynyň garaşsyzlygyny yglan etdi.**

**1988-nji ýylyň 16-njy noýabrynda Estoniýa Ýokary Soweti “Estoniýa SSR-niň döwlet suwereniteti barasyndaky deklarasiýa”ny kabul etdi.**

Şeýle bolsa-da, 1988-nji ýylyň 16-njy noýabrynda Estoniýanyň Ýokary Soweti «Estoniýa SSR-niň döwlet suwereniteti barasyndaky deklarasiýa»ny kabul etdi.



Estoniýanyň prezidenti Kersti Kalýulaýd

Pribaltika respublikalarynyň içinde iň demirgazykda bolan Estoniýa hem sowet döwründe örän tiz industrleşdirildi. Ençeme ökde hünärli işçileriň çagyrylmagy döwletdäki demografik we etnik ýagdaýy özgertdi. Döwletiň ilatynda estonlaryň paýy gysgardy, ilatyň köp bölegini ruslar düzdi. Garaşsyzlyk yglan edilenden soň Estoniýa ruslaryň raýatlyk almagyna päsgel berýän berk kanunlary kabul etdi. Bu ruslaryň Estoniýany taşlap gitmegine alyp gelmedi, emma milletlerara gatnaşyklary kynlaşdyrdy. Munuň üstüne, Estoniýada (umuman Pribaltika döwletleriinde) sowet döwründen, aýratyn hem, uruş döwründen galan ýadygärlikleri ýok etmek ýa-da şäheriň çetine göçürmeklik Russiýanyň närazyçylygyna sebäp bolup, iki tarapyň gatnaşyklarynda uly problemalary getirip çykaryp gelýär. 2011-nji ýylda rus milletine degişli bolan ilatyň wekilleri bilen eston polisiýasynyň arasynda bolup geçen çaknyşykda 1 adam gurban boldy, ençemesi ýaralandy.

Kynçylyklara garamazdan, Pribaltika döwletleri Ýewrosoýuza integrasiýalaşmak ýolundan barýar. Olaryň ählisi ýewro pul birligini çägine giripdir.

Ukrainadaky krizisden soň Russiýanyň agressiw syýasatyndan howatyrlanan Pribaltika döwletleri we NATO-nyň ýolbaşçylary bu döwletlerdäki NATO-nyň harby güýçlerini köpeltmäge başlady. 2016–2017-nji ýyllarda Pribaltika döwletlerine NATO-nyň az sanly harby tehnikasy we goşunlary ýerleşdirildi. Aýratyn hem, Russiýa we Belarus tarapyndan bileleikde geçirilen «Günbatar – 2017» harby maşklaryndan soň Pribaltika döwletlerinde Russiýanyň bu ýerdäki syýasatyndan howatyr we ruslara garşy agitasiýa güýçlenip gitdi. Beýle ýagdaý, öz nobatynda, Russiýanyň hem närazyçylygyna sebäp bolup gelýär.



**Demografiýa** – bu ilat we onuň köpelmek kanuna laýyklygy baradaky ylym. Ol ilatyň san taýdan düzümini, onuň üýtgeýşini, ýerleşişini we şoňa meňzeşleri öwrenýär.

**Logistika** – bu harytlary, ýükleri we şoňa meňzeş zatlary bir regiondan başgasyna ýetirip bermegiň sistemasyny düzmekdir.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Garaşsyzlyk ýyllarynda Pribaltika döwletleri Günbatar bilen gatnaşyklarda nähili ýoldan bardy?
2. Garaşsyzlyk ýyllarynda Latwiýa nähili ykdysady we sosial problemalara duş geldi?
3. Litwa Respublikasy haýsy taraplary bilen Latwiýa we Estoniýadan tapawutlanýar?
4. Estoniýa bilen Russiýanyň arasyndaky gatnaşyklarda nähili problemalar bar?

## Özbaşdak iş



1991-nji ýylda Sowet Soýuzy dargandan soňky Pribaltika döwletleriniň kartasyny analiz ediň we serhetlerini anyklaşdyryň.

# 7-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA ZAKAWKAZ DÖWLETLERI

**Azerbaýjan Respublikasy** 1991-nji ýylyň 18-nji oktýabr güni öz garaşsyzlygyny yglan etdi. Azerbaýjan 1991-nji ýyldan bäri geçen wagtyň dowamynda özüniň özbaşdak ýoluna eýe bolan döwletdigini subut edip gelýär. Ol regionyň syýasatynda möhüm rol oýnaýar. Azerbaýjan örän köp nebit we gaz zapaslaryna eýe. Strategik ýerleşişi sebäpli Russiýanyň we Günbataryň bähbitleriniň arasynda ussatlyk bilen deňagramlylygy saklap, öz bähbitlerini üpjün edip gelýär.

Emma daşary syýasatdaky üstünliklerine garamazdan, birnäçe içki problemalar saklanyp gelýär. Bularyň hataryna, birinji nobatda, Daglyk Garabag problemasyny girizmek mümkin.

XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ikinji ýarymynda Azerbaýjan bilen Ermenistanyň arasyndaky öňki problema–Daglyk Garabag problemasy ýene-de göterildi. Daglyk Garabag Azerbaýjanyň çäklerinde ýerleşen we esasan ermeni milletine degişli bolan ilatyň ýaşaýan awtonom welaýatydy. Daglyk Garabag awtonom welaýatynyň ýolbaşçylarynyň welaýaty Ermenistanyň düzümine goşmagyny sorap eden ýüzlenmesi regiondaky milli problemalary has-da kynlaşdyryp goýberdi.

1990-njy ýylda Baku şäherinde oppozision syýasy gurama–Azerbaýjan Halk frontunyň çykyşy başlandy. Halk fronty Abulfaýz Elçibeýiň ýolbaşçylygyndaky Milli goranmak maslahatynyň düzülenligini yglan etdi. Halk frontunyň milletçilik ruhundaky mitingleri Bakudaky ermenileriň gyrgyn edilmegine itergi boldy. Muňa garşy Baku şäherine Sowet armiýasynyň goşunlary girizildi. Döwletde adatdan daşary ýagdaý yglan edildi. Armiýanyň girizilmegi Azerbaýjan üçin uly betbagtçylyk boldy. Çaknyşyklarda ýüzlerçe adamlar heläk boldy.



Zakawkaz döwletleri


Abulfaýz Elçibeý

1992-nji ýylyň maýynda Bakuda döwlet agdarylyşygy amala aşyrylyp, prezident Aýaz Mutalibow häkimiýetden agdaryldy we A. Elçibeýiň ýolbaşçylygyndaky Halk fronty häkimiýete geldi. Emma Halk fronty döwletde parahatçylygy we agzybirligi üpjün edip bilmedi. Netijede Milli Mejlis A.Elçibeýi wezipesinden mahrum edip, onuň hukuklaryny Azerbaýjanyň Milli Mejlisiniň başlygy bolan

Geýdar Aliýewe tabşyrdy. 1993-nji ýylda bolup geçen prezidentlik saýlawlarynda G. Aliýew Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti edip saýlandy.

G. Aliýew häkimiýete gelenden soň respublikadaky garşylykly ýagdaýy gowşatmagy gazandy. Onuň prezident bolan on ýylynda Azerbaýjanda örän demokratik bolmasa-da, döwletiň parahat ösüşi üpjün edildi, goňşular bilen gowy hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýuldy. Daglyk Garabag meselesi çözülmese-de, açyk söweş hereketleri ýatyryldy, gepleşikler başlandy.



Geýdar Aliýew

2003-nji ýylyň dekabrynda G. Aliýew wepat edenden soň döwletiň prezidenti edip onuň ogly Ylham Aliýew saýlandy. Y. Aliýew atasynyň syýasatyny dowam etdirip gelýär.

**Gruziýa.** 1991-nji ýylyň mart aýynda geçirilen referendumda Gruziýanyň ilatynyň köp bölegi diýen ýaly döwletiň garaşsyzlygy üçin ses berdi. 1991-nji ýylyň 9-njy aprel güni Gruziýa öz garaşsyzlygyny yglan etdi. Şol bir wagtda prezident wezipesi yglan edildi. Şol ýylda bolup geçen prezident saýlawlarynda oppozisiýanyň öňdebaryjysy Zwiad Gamsahurdiýa döwletiň prezideni edip saýlandy. Dolandyryş tejribesine eýe bolmadyk Z.Gamsahurdiýa özüniň sekiz aýlyk prezidentlik döwründe döwletiň elitasy, zyýalylar bilen gatnaşyklaryny bozdy, milletara gatnaşyklary ýitileşdirip, gruzin-abhaz dawalaryny getirip çykardy. 1991-nji ýylda Gruziýanyň halk demokratik partiýasynyň ýolbaşçylary Z.Gamsahurdiýanyň otstawka çykmagyny talap etdiler. Ýurtda gozgalaň başlanyp, Tbiliside hakyky söweşler bolup geçdi. Z.Gamsahurdiýa öz tarapdarlary bilen Tbilisini terk etdi.



Zwiad Gamsahurdiýa

Z.Gamsahurdiýa prezidentlikden çetledilenden soňra häkimiýet Eduard Şewardnadzeniň ýolbaşçylygyndaky Döwlet maslahatyna geçdi. Bu döwürde döwletde ýagdaý agyrdy, gruzin-osetin urşy dowam edýärdi. E.Şewardnadze bu urşy togtatmagy başardy.

Şol ýyly oktýabrda geçirilen saýlawlarda E.Şewardnadze Gruziýanyň Ýokary Maslahatynyň ýolbaşçysy edip saýlandy. Emma döwletde jemlenip galan problemalar, ylaýta-da, ykdysady ýagdaýyň agyrlygy E.Şewardnadzeniň dolandyryşyna bolan ilatyň närazylygyny güýçlendirdi. 2003-nji ýylda geçirilen parlament saýlawlaryndan soňra

E.Şewardnadze otstawka çykanlygyny yglan etdi. Täze saýlawlarda Mihail Saakaşwili ýeňiş gazandy. Bu wakalar Gruziýanyň we Günbataryň metbugatynda «Bägüller rewolýusiýasy» adyny aldy. Häkimiýete köpçüligi Günbatar döwletlerde tälim alan «täze demokratlar» geldi.


Mihail Saakaşwili

M.Saakaşwiliniň hökümeti Gruziýada raýatlaryň döwlet organlaryna ýüzlenmek tertibini ýeňilleşdirmek, salgytlary kemeltmek, döwlet mülkini hususylaşdyrmak ýaly möhüm reformalary amala aşyrdy. Döwletde korrupsiýa garşy göreş yglan edildi. Emma M.Saakaşwiliniň döwründe hem Gruziýa bilen Günorta Osetiýanyň arasyndaky dawa çözgüdini tapmady. 2008-nji ýylyň awgustynda Gruziýa, Russiýa, Günorta Osetiýa we Abhaziýanyň gatnaşmagynda bolup geçen harby gapma-garşylygynyň netijesinde Russiýa Abhaziýa we Günorta Osetiýanyň garaşsyzlygyny ykrar edip, olar bilen iki taraplaýyn gatnaşyklary ýola goýdy.

2012-nji ýylda bolup geçen parlament saýlawlarynda oppozision «Gruziýa arzuwy» partiýasy ýeňiş gazandy. Şol partiýanyň wekili Georgiý Margwelaşwili Gruziýanyň prezidenti edip saýlandy.

2016-njy ýylda bolup geçen parlament saýlawlarynda hem «Gruziýa arzuwy» ýeňiş gazandy.



**1992-nji ýylyň maýynda ...  1993-nji ýyl ...**
**1991-nji ýylyň martynda Gruziýa ...**
**1991-nji ýylda Baku şäherinde ...**

**Ermenistan.** 1991-nji ýylyň 21-nji sentýabrynda Ermenistanda respublika statusy boýunça referendum geçirildi. Onda gatnaşanlaryň aglaba köpçüligi Ermenistanyň SSSR-iň düzüminden çykmagy üçin ses berdiler. Şondan soň «Ermenistanyň döwlet garaşsyzlygy baradaky deklarasiýa» kabul edildi. Şeýlelikde referendum Ermenistanda respublika döwlet gurluşygyny ýola goýdy. 1991-nji ýylyň oktýabrynda bolup geçen saýlawlarda Lewon Ter-Petrosýan Ermenistanyň ilkinji prezidenti edip saýlandy.

Ermenistanyň garaşsyz döwlete öwrülmegi beýleki respublikalara görä başgaça esasda bolup geçdi. XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ikinji ýarymyndan başlap garaşsyzlyk üçin göreş daşky faktor – Daglyk Garabag problemasynyň güýjän wagtynda başlandy. Daglyk Garabagy goşup almak ermeni jemgyýetinde etnik birleşmek, taryhy adalatyň karar tapmagy

hökmünde garaldy. Bu göreşde kommunistik partiýanyň ýolbaşçylarynyň ýerine gelen milli syýasy elita şekillendi. Şu elita bu gün hem Ermenistanyň ösüş ugruny belgiläp gelýär.



Serj Sargsýan

SSSR-iň soňky ýyllarynda birinjilerden bolup soýuzyň merkezine garşy göreş başlan Ermenistan, garaşsyzlykdan soň Moskwa bilen gatnaşyklaryny anyk belgiläp aldy. Käbir öňki respublikalaryň hatarynda sowetleriň günäsi üçin häzirki Russiýany günälemedi. Munuň sebäplerinden biri Daglyk Garabag meselesinde Ermenistanyň Russiýa arka tutunýanlygydy. Çünki Ermenistanyň Azerbaýjan we Türkiýe bilen serhetleri amalda ýapyk, Gruziýa bilen aragatnaşyklary çylşyrymly, Eýran bilen örän möhüm geosyýasy dawalar bar. Şeýlelikde Russiýa Ermenistanyň regiondaky ýeketäk soýuzdaşy bolup galýar. 2008-nji ýylda Ermenistanyň prezidenti edip saýlanan Serj Sargsýan şol syýasaty ussatlyk bilen dowam etdirip gelýär.

Ermenistanyň senagaty esasan sowet döwründe gurlan. Ol SSSR-iň içki bazaryna stanoklar, enjamlar, dokmaçylyk we başga senagat önümlerini ýetişdirip berip, ýerine çig mal we elektrik energiýasyny alýardy. Oba-hojalygy iri agrosenagat kompleksleriniň bazasynda ösdi.




**1991-nji ýylyň 18-nji oktýabr güni Azerbaýjan Respublikasy öz garaşsyzlygyny yglan etdi.**

**1991-nji ýylyň 9-njy aprel güni Gruziýa öz garaşsyzlygyny yglan etdi.**

**1991-nji ýylyň oktýabrynda bolup geçen saýlawlarda Lewon Ter–Petrosýan Ermenistanyň birinji prezidenti edip saýlandy.**

Ermenistan – industrial-agrar döwlet. Onuň ýerasty gazylma baýlyklary örän köpdür. Sintetik kauçuk, dokmaçylyk, azyk senagaty, gurluşyk materiallaryny öndürmek we maşyn gurluşygy ösen.



**Milli syýasy elita** (elita – iň gowusy, saýlanany) – bu jemgyýeti dolandyrmagyň belli bir ukyplaryna eýe bolan şahslar topary bolup, olar syýasy häkimiýeti öz ellerinde jemleýär, ýolbaşçy wezipeleri eýeleýär, jemgyýeti dolandyrýar.

### Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Azerbaýjanda A.Elçibeýiň ýolbaşçylygyndaky Milli goranmak maslahatynyň milletçilik çykyşlary nähili netijelere getirdi?
2. G.Aliýew prezident edip saýlanandan soň Azerbaýjanyň içki we daşary syýasaty nähili üýtgedi?
3. Gruziýada M.Saakaşwiliniň alyp baran reformalary nähili netijelere getirdi?
4. Ermenistanyň goňşy döwletler bilen aragatnaşyklarynda nähili faktor esasy rol oýnaýar?
5. Tekstden peýdalanyp, Zakawkaz döwletlerindäki etnik problemalary depderiňize ýazyň.

### Özbaşdak iş



1991-nji ýyldan soňky Zakawkaz döwletleriniň kartasyny düzüň we serhetlerini anyklaň.

## 8-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA MERKEZI AZIÝA DÖWLETLERI

Merkezi Aziýa döwletlerine, esasan, Özbegistandan daşary Gazagystan, Türkmenistan, Täjigistan we Gyrgyzystan girýär.



**Türküstan adalgasy haçan peýda bolupdyr?**

**Gazagystan Respublikasy.** 1991-nji ýylyň 16-njy dekabrynda Gazagystan öz garaşsyzlygyny yglan etdi. Şol ýylda bolup geçen prezidentlik saýlawlarynda Nursultan Nazarbaýew Gazagystanyň ilkinji prezidenti edip saýlandy. 1993-nji ýylda Gazagystanyň täze konstitusiýasy kabul edildi. Onda iň köp ygtyýarlyklar prezidente berildi. Hökümet ykdysady reformalary başlap goýberdi.

1993-nji ýylyň noýabrynda milli walýuta–teňňe dolanyşyga girizildi. Şol ýylyň dekabrynda Gazagystan hökümeti iri nebit konsernleri bilen Kaspi deňziniň demirgazyk böleginde gözleg geçirmek barasynda ylalaşyga gol çekdi. Iri kärhanalary hususylaşdyrmak amala aşyryldy. Şol ýylda parlament döwletiň paýtagtyny Akmola şäherine göçürmek barasynda karar kabul etdi. Ol 1998-nji ýyldan başlap «Astana» diýip atlandyrylýan boldy.

Geçen döwürde Gazagystanyň ykdysadyýetiniň esasy ugurlary nebit, gaz we metallurgiýa bolup galdy. Şol ugurlaryň hasabyna ykdysadyýetiň beýleki ugurlary hem tiz ösüp başlady.


Nursultan Nazarbaýew

2007-nji ýylyň fewralyynda N. Nazarbaýew prezidentiň ygtyýarlylyk möhletini ýedi ýyldan bäş ýyla özgertmek, parlament deputatlarynyň sanyny artdyrmak başlangyjy bilen çykdy. Bu GDA döwletlerinde giňden ýaýran syýasy tehnologiýa bolup, konstitusiýada bir adamyň iki möhletden köp prezident bolmaklygyna garşy goýlan talaby çetläp geçmegiň ýoly boldy. N.Nazarbaýew hem konstitusiýa girizilen üýtgetmeden soň prezidentlik saýlawlarynda ýene-de özüniň kandidaturasyny goýmak mümkinçiligine eýe boldy.

2010-njy ýylda Gazagystanyň ilkinji prezidenti–Ilbaşy baradaky kanun kabul edildi. Emma 2011-nji ýylda Mangistau welaýatynda zähmet şerti we aýlyk girdejisinden närazy bolan nebit känleriniň işçileriniň garaşsyzlyk döwründäki iň iri närazyçylyk çykyşlary bolup geçdi. Žanaözen şäherindäki tertipsizliklerde 15 adam gurban boldy, onlarça gatnaşyjylar tussag edildi.

2015-nji ýylda bolup geçen nobatdan daşary prezidentlik saýlawlarda N. Nazarbaýew ýeňiş gazandy.

**Türkmenistan.** 1991-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda referendum geçirilip, onda gatnaşanlaryň aglabasy Türkmenistanyň garaşsyzlygy üçin ses berdi. 1991-nji ýylyň dekabrynda döwlet GDA-a agza boldy. 1999-njy ýyldan başlap Halk Mejlisiniň kararyna görä Saparmyrat Nyýazow döwletiň ýolbaşçysy wezipesini ömürlik eýeledi. S. Nyýazowyň hökümeti oppozision partiýalaryň işini gadagan etdi. Ol «Türkmenbaşy» derejesini aldy. S.Nyýazowyň «Ruhnama» atly kitaby köpçülikleýin habar serişdelerinde giňden wagyz ed-


Saparmyrat Niýazow

ilip, okuw mekdeplerinde okadyldy. S.Nyýazow 2006-njy ýylda aradan çykdy. Türkmenistanyň prezidenti edip Gurbanguly Berdimuhamedow saýlandy.




Merkezi Aziýa döwletleri



Gurbanguly Berdimuhamedow

Garaşsyzlyk ýyllarynyň ilki başynda Türkmenistanyň ykdysadyýeti çuňňur krizis ýagdaýyndady. 1998-nji ýylda ÄIÖ-iň möçberi 1991-nji ýyla garanda iki esse kemeldi. Döwletde azyk önümleriniň ýetmezçiligi bolup geçdi, ilatyň ýaşaýyş derejesi örän peseldi. Birnäçe gündelik ulanylýan haryt önümlerini raýatlaryň arasynda mugt dargatmak we hyzmatlary mugt ýerine ýetirmek baradaky kararyň kabul edilmegi ýagdaýy az-kem gowulandyrdy. Gaz

burawlamagyň ösmegi hem döwletiň ykdysadyýetine uly kömek boldy.

2000-nji ýyllaryň başlarynda Türkmenistan krizisden çykdy. Tebigy baýlyklar, birinji ýerde tebigy gazyň örän uly gorlary köp döwletleri we transmilli korporasiýalary özüne çekip gelýär. Emma soňky ýyllarda dünýäde uglewodorodlara bolan talabyň peselmegi bilen Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüş depginleri hem peseldi. 2015-nji ýylda döwletde başlanan maliýe krizisi 2016-njy ýylda has-da güýjedi.

2017-nji ýylyň sentýabr aýynda Aşgabat şäherinde Ýapyk binalardaky V Aziýa oýunlary geçirildi. Bu oýunlar Türkmenistanyň turistik mümkinçiliklerini artdyrmaga we daşary ýurt inwestisiýalarynyň köpelmegine hyzmat etmegi mümkin.


Imomali Rahman

**Täjigistan.** 1991-nji ýylyň 9-njy sentýabr güni Täjigistan öz garaşsyzlygyny yglan etdi. Garaşsyzlykdan soň döwletiň dürli regionlaryndaky ýerli elitalaryň arasynda häkimiýet üçin göreş başlanyp gitdi. Bu göreş 1992-nji ýyldan 1997-nji ýyla çenli dowam eden raýatlyk urşuna getirdi. Uruşdan döwlet örän uly ykdysady zyýan gördi.

1994-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Täjigistanyň konstitusiýasy kabul edildi we şol güni geçirilen prezidentlik saýlawlarda Imomali Rahmanow Täjigistanyň Prezidenti edip saýlandy.

Döwletde parahatçylyk gazanylandan soň, hökümet Russiýa, Hytaý, Eýran bilen hyzmatdaşlyk edip, döwletiň ykdysadyýetini dikeltmäge girişdi. Täjigistan dagly ülke bolanlygy üçin onuň gidroenergetika mümkinçilikleri uly.



**1992-nji ýyldan 1997-nji ýyla çenli...**
**1994-nji ...**
**2000-nji ýyl...** **2017-nji ýyl...**

Täjigistan 2000-nji ýylda Ýewroaziýa ykdysady hyzmatdaşlygyny düzmek baradaky şertnama gol çekdi. Ol Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasyna, Kollektiw howpsuzlyk barasyndaky şertnama guramasyna goşuldy. Täjigistan, Russiýa, Hytaý we Eýran bilen hyzmatdaşlykda birnäçe iri inwestision taslamalary amala aşyrmaga başlady.

**Gyrgyzystan Respublikasy.** 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda Gyrgyzystan öz garaşsyzlygyny yglan etdi. Şondan soň demokratik hadysalar has-da çuňlaşdy, umumhalk prezidentlik saýlawlary geçirilip, onda Askar


Askar Akaýew

Akaýew ýeňiş gazandy. Ol döwletde demokratik reformalary geçirmek, halkara guramalaryň göz öňünde Gyrgyzystan Respublikasyny demokratik döwlete aýlandyrmak barasynda köp işleri amala aşyrdy. Emma A.Akaýew häkimiýetde ýolbaşçy bolan 15 ýylyň içinde halkyň ýagdaýy ýeterli derejede gowulanmady. Jemgyýetde närazyçylyk we sosial krizis artdy.

A. Akaýewi häkimiýetden agdaryp taşlan 2005-nji ýyldaky «Çigildemler rewolýusiýasy» örän tiz we uly ýitgilersiz amala aşyryldy. Häkimiýete gelen Kurmanbek Bakiýew güýç işledýän sistemalara esaslanyp, jemgyýetde şahsy hökümdarlygyny pugtalandyrmaga, oppozisiýany bütinleý ýok etmäge hereket etdi. Emma bu hereket uzaga barmady. 2010-njy ýyldaky «Aprel rewolýusiýasy» diýip at alan köpçülikleýin hereketiň netijesinde K.Bakiýewiň häkimiýeti agdaryp taşlandy. Ol maşgala agzalary bilen ýurtdan gaçyp gitdi. Ýurtda tertibi saklamak üçin Roza Otunbaýewanyň ýolbaşçylygyndaky wagtlaýyn hökümet düzüldi.




**1991-nji ýylyň 16-njy dekabrynda Gazagystan öz garaşsyzlygyny yglan etdi.**

**1991-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda Täjigistan öz garaşsyzlygyny yglan etdi.**

**1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda Gyrgyzystan öz garaşsyzlygyny yglan etdi.**

Emma häkimiýetiň güýçsüzliginden peýdalanan milletçi we ekstremistik güýçler 2010-njy ýylyň iýunynda Günorta Gyrgyzystanyň Oş we Jelalabat şäherlerinde bu ýerdäki özbek köpçüligine garşy pitne gurady.


Almazbek Atambaýew

2011-nji ýylyň oktýabrynda bolup geçen saýlawlarda Gyrgyzystan sosial-demokratik partiýasynyň öňdebaryjysy Almazbek Atambaýew prezident edip saýlandy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Gyrgyzystan Respublikasy agyr ykdysady krizisi başyndan geçirdi. 1996-njy ýylda ykdysady durnuklylyk prosesi başlady. Bu döwürde bazar ykdysadyýetine geçmek üçin reformalar geçirilip, olar 2000-nji ýyllardan başlap ykdysady ösüşe getirdi. Esasy senagat kärhanalary hususylaşdyryldy,

ýere hususy eýeçilik yglan edildi. Altyn we simap gazyp almak has ösdi. Gyrgyzystan altyn gazyp almakda GDA-da Russiýadan we Özbegistandan soňky üçünji ýere çykdy. 2017-nji ýylyň sentýabrynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň Gyrgyzystana, A.Atambaýewiň şol ýylyň oktýabrynda Özbegistana gelmegi iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklaryň has gowulanmagyna getirdi.

Gyrgyzystanda ykdysadyýetiň ösmegi jemgyýetiň hem durnukly bolmagyna esas boldy. 2017-nji ýylyň oktýabrynda geçirilen prezidentlik saýlawlarynyň netijesine görä, höküm sürýän sosial-demokratik partiýanyň wekili Sooronbaý Jeenbekow ýeňiş gazandy. Ol 2017-nji ýylyň dekabrynda Özbegistana resmi sapar bilen gelip, birnäçe şertnamalara gol çekdi.



**Syýasy tehnologiýa** – bu syýasy işiň mälim usullary bolup, olardan jemgyýetiň aňyna täsir etmek arkaly belli bir syýasy maksatlara ýetmek üçin peýdalanylýar.

**Transmilli korporasiýa** – bu birnäçe ýurtlarda önümçilik bölümlerine eýe bolan we işiniň esasyny halkara biznes düzýän kompaniýadyr.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Garaşsyzlyk ýyllarynda Gazagystanyň ykdysadyýeti esasan haýsy ugurlaryň hasabyna ösdi?
2. G.Berdimuhamedow prezident edip saýlanandan soňra Türkmenistanyň içerki syýasatynda nähili özgerişler bolup geçdi?
3. Täjigistanda raýatlyk urşy nähili netijelere getirdi?
4. Näme üçin Gyrgyzystanda A. Akaýewiň prezident bolan döwri närazyçylyga we rewolýusiýa getirdi?

## Özbaşdak iş



Internetden peýdalanyp “Türküstan–umumy öýümiz” temasynda esse ýazyň we synpda kiçi toparlarda görkeziň.

# 9-NJY TEMA. GÜNBATAR ÝURTLARYNDA INTEGRIRLENME PROSESINIŇ ÇALTLANMAGY. ÝEWROPA SOÝUZY BILEN ABŞ-NYŇ GATNAŞYKLARY


Ýewropada integrirlenme prosesi

**Integrirlenme prosesleri we olaryň netijeleri.** XX asyryň ikinji ýarymynda başlanan kapital, harytlar, hyzmat etmek we işçi güýjüniň erkin hereketlenmegi Günbatar Ýewropa ýurtlarynda ösüş we ýaşaýyş derejesini biri-birine ýakynlaşdyrdy. Işçi güýçleriniň ösen döwletlere möwsümleýin ýa-da şertnama esasynda işe barmagy kem ösen döwletlerde işsizlik problemasyny çözmäge kömekleşdi. Yzagalak regionlary ösdürmek boýunça umumýewropa maksatnamalary hem bu regionlaryň ykdysady ösüşine kömek berdi.



**Ikinji jahan urşy Ýewropa döwletleri üçin nähili netijeler bilen gutardy?**

Integrasiýanyň täsirinde ösen Ýewroatlantika döwletlerinde ýuwaş-ýuwaşdan ýeke-täk ykdysady syýasat modeli emele geldi. Olaryň arasyndaky esasy tapawut ykdysadyýetiň üstünden döwlet gözegçiliginiň derejesi, oňa täsir edýän usullary bilen baglydy.

1990-njy ýyllardan başlap Ýewropa integrasiýasynyň soňky ösüşi iki ugur boýunça bardy. Birinjiden, täze agzalary kabul etmek ugry bolup, 1996-njy ýylda agzalaryň sany 15-e ýetdi. 2002-nji ýylda Kopengagende (Daniýa) bolup geçen duşuşykda Ýewrosoýuza täze agzalar – Wengriýa, Kipr, Latwiýa, Litwa, Malta, Polşa, Slowakiýa, Sloweniýa, Çehiýa, Estoniýa kabul edildi. Täze agzalar üçin geçiş döwri göz öňünde tutulan bolup, bu döwrüň dowamynda olar öz kanunçylygyny, maliýe we ykdysady sistemasyny ýeke-täk Ýewropa talaplaryna laýyklaşdyrmalydy. Olara özleriniň içki problemalaryny çözmek üçin Ýewrosoýuzyň býujetinden subsidiýalar berildi.

Ikinjiden, integrasiýanyň çuňlaşmagynda Ýewropa döwletleriinde özara syýasy aragatnaşyklar ugruny gurşap almak ýolundan baryldy. Ýewropa parlamentiniň abraýy artdy, Ýewroparlamente dogrudan-dogry saýlawlar

geçirilýän boldy. 1987-nji ýylda Ýewropa Ykdysady Hyzmatdaşlyk guramasyny ÝS-a öwürmek bilen ol «içki serhetlersiz mekana» öwrüldi. 1993-nji ýylda ýeke-täk Ýewropa raýatlygyny üpjün eden Maastriht ylalaşyklary güýje girdi. ÝS-a girýän döwletleriň raýatlary hiç bir wizasyz Soýuzyň islendik regionlarynda özi islän möhletinde ýaşamagy we ýerli saýlawlarda gatnaşmagy mümkin boldy. Kanunçylygy birmeňzeş etmek hukuk normalary boýunça ýeke-täk Ýewropa sistemasynyň döredilmegine getirdi. 2002-nji ýylda Ýewropada (Beýik Britaniýadan daşary) ýeke-täk walýuta–ýewronyň yglan edilmegi ÝS-y döwletlerini has-da ýakynlaşdyrdy. Ylalaşylan ýeke-täk daşky we goranmak syýasaty alnyp barylýar. Indi Ýewropa Soýuzyna konfederasiýa görnüşindäki ýeke-täk döwlet gurluşy hökmünde garamak mümkin boldy. Ýewroatlantika döwletleriniň soňky integrasiýasy Günbatar Ýewropa bilen Demirgazyk Amerika döwletleriniň has-da ýakynlaşmagy esasynda bolup geçýär.



**1987-nji ýylda...** **Maastriht ylalaşyklary...**

Emma soňky wagtlarda ÝS-a girýän birnäçe döwletleriň karzynyň hetden-aşa köpelmegi uly problemalary getirip çykardy. 2015-nji ýyldaky saýlawlarda Gresiýada häkimiýete gelen A.Siprasyň ýolbaşçylygyndaky çepler hökümeti döwletiň karzyny kreditorlaryň goýan şertleri boýunça üzüp bilmeýänligini yglan etdi. Şondan soň geçirilen referendumda Gresiýanyň ilatynyň köpçüligi hökümeti goldap ses berdi. Gresiýanyň hökümeti karzlarynyň bir böleginden geçmegi talap etdi. Gresiýa karzyny restrukturizasiýa etmek barasynda Ýewrokomissiýanyň ylalaşygyny gazanan bolsa-da, Ýewropanyň merkezi banky we Halkara walýuta fondy bilen gepleşikler ýene-de dowam etdi.

Italiýanyň we Ispaniýanyň hem karzlary örän uly mukdary düzýär. Şol bir wagtda ÝS-da ykdysady taýdan öňdebaryjylyk edýän Germaniýanyň we Fransiýanyň syýasy zor salmasyndan hem närazyçylyk güýçlenip barýar. Bu närazyçylygyň aýdyň mysaly Beýik Britaniýada 2016-njy ýylyň iýunynda geçirilen referendum bolup, onda gatnaşan ilatyň ýarysyndan köpi ýurduň Ýewropa Soýuzyndan çykmagy üçin ses berdi. 2016-njy ýylda Bratislawa şäherinde bolup geçen ÝS-nyň ýolbaşçylarynyň mejlisinde ilkinji gezek Beýik Britaniýanyň premýer-ministri gatnaşmady. Onda söz sözlän GFR-nyň kansleri A.Merkel ÝS-nyň agyr krizisde ekenligini boýun aldy.

Bu krizisiň ýene bir çykyşy 2017-nji ýylyň oktýabr aýynda Ispaniýanyň Kataloniýa awtonom welaýatynda geçirilen referendum boldy. Onuň netijelerine görä Kataloniýanyň özbaşdaklygy yglan edildi. Emma Madriddäki merkezi häkimiýet referendumyň netijelerini boýun almady, Kataloniýa hökümet agzalaryny tussag etdi we awtonomiýanyň dogrudan-dogry Madridden dolandyrylmagyny yglan etdi.

**ÝS-y bilen ABŞ-nyň gatnaşyklary.** «Sowuk uruş» gutaryp, kommunizm howpy ýatyrylandan soňra ABŞ bilen ÝS-nyň arasyndaky gatnaşyklarda hem özgerişler bolup geçdi. 1990-njy ýylda ÝS-y bilen ABŞ-nyň arasynda Deklarasiýa – Transatlantik hartiýa gol çekildi. Onda iki tarapyň ýakyn hyzmatdaşlygy, möhüm meseleler boýunça maslahatlaşmalary nygtaldy.




**2002-nji ýylda Kopengagende (Daniýa) bolup geçen duşuşykda Ýewrosoýuza täze agzalar – Wengriýa, Kipr, Latwiýa, Litwa, Malta, Polşa, Slowakiýa, Sloweniýa, Çehiýa, Estoniýa kabul edildi.**

**2002-nji ýylda Ýewropada (Beýik Britaniýadan daşary) ýeke-täk walýuta-ýewro girizildi.**

**2015-nji ýyldaky saýlawlarda Gresiýada häkimiýete A.Sipras geldi.**

ÝS bilen ABŞ-nyň arasyndaky gatnaşyklaryň özboluşly tarapy onda däbe öwrülen iki taraplaýyn şertnamalaryň bolmazlygydyr. Bu gatnaşyklar halkara guramalaryň normalary we kadalary bilen tertibe salynýar.

2007-nji ýylda ÝS bilen ABŞ Transatlantik ykdysady integrasiýany çuňlaşdyrmak baradaky ylalaşyga gol çekdiler we Transatlantik ykdysady maslahaty yglan etdi. Emma taraplar bu ylalaşygy doly amala aşyrmaga howlukmady. 2000-nji ýyllaryň dowamynda birnäçe ylalaşyklara gol çekilip, olar taraplaryň arasyndaky gatnaşygyň dürli aýratyn taraplaryny tertibe salmaga gönükdirildi.

ABŞ we ÝS-y dünýäde iň iri energiýa sarp edijileri bolup, olar atmosfera iň köp zäherli maddalary çykarýar. 2000-nji ýyllaryň başlarynda iki tarap energetika üstünligi, howpsuzlyk we klimatyň üýtgemegi baradaky beýanata, Klimatyň üýtgemegi barada BMG-nyň Pariž konwensiýasyna gol çekdiler. Emma 2017-nji ýylda ABŞ-nyň prezidenti D.Tramp döwletiň bu konwensiýadan çykýanlygyny yglan etdi. ABŞ bilen ÝS-nyň arasyndaky gatnaşyklarda mälim ylalaşyksyzlyklar

bar. Bu ylalaşyksyzlyklar aýratynam halkara problemalary çözmekdäki çemeleşmeleriň tapawudynda has-da göze görünýär. ABŞ halkara dawalary çözmekde güýje daýanmagyň tarapdary, ÝS-y bolsa diplomatik mümkinçiliklerden soňuna çenli peýdalanmaly diýip hasaplaýar. Şoňa garamazdan, olar özara syýasy, harby-strategik we ykdysady hyzmatdaşlyk arkaly bir-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. ABŞ we ÝS ýeke-täk Ýewroatlantik siwilizasiýanyň wekilleri bolup, bu olaryň arasyndaky aragatnaşyklary belgiläp berýän esasy faktor hasaplanýar.



**Kapital** – bu goşmaça baha almakda ulanylýan maddy, intellektual we maliýe serişdeleriniň jemidir.

**Subsidiýa** – döwlet ýa-da başga bir edara tarapyndan beýleki döwlete, aýratyn şahsa görkezilýän maliýe ýa-da maddy kömek.

**Restrukturizasiýa** – bu karz ýa-da krediti tölemek şertlerini gaýtadan görüp çykmak we üýtgetmek.



**1990-njy ýylda ...** **1987-nji ýylda ...**
**2015-nji ýylda ...** **2017-nji ýylda ...**

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. 1990-njy ýyllarda Ýewropa integrasiýasy nähili ugurlar boýunça dowam etdirildi?
2. Beýik Britaniýanyň ÝS-dan çykmagyna nähili faktorlar sebäp boldy?
3. ÝS-y bilen ABŞ-nyň gatnaşyklary nähili resminamalara esaslanýar?
4. ÝS-y bilen ABŞ-nyň arasynda nähili meseleler boýunça ylalaşyksyzlyklar bar?

## Özbaşdak iş



Internetiň kömeginde Transatlantik hartiýanyň manysy we mazmuny bilen tanyşyň.

# 10-NJY TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARY

**Ykdysady ösüş.** 1990-njy ýyllaryň başynda ABŞ-nyň ykdysadyýetinde gysga möhletli resessiýa bolup geçdi. Ösüş depginleriniň peselmegi hojalygyň ähli pudaklaryny gurşap aldy. Emma 1992-nji ýylyň baharyndan ähli içki önümiň ösüş depginleri ýene-de tizleşip başlady.


Bill Klinton

Bill Klintonyň prezident bolan ilkinji üç ýyly ABŞ-nyň ykdysady ösüşi üçin üstünlikli geçdi. Bu döwürde ykdysady konýunktura gowulanyp, işsizlik derejesiniň we inflýasiýanyň peselmegine getirdi.

B.Klinton prezidentliginiň ikinji möhletinde onuň administrasiýasy sosial ugry ösdürmäge uly üns berdi. Federal sarplaryň esasy bölegi ynsan resurslaryny ösdürmäge sarplandy. ABŞ-ny sosial döwlete öwürmek başlandy. Bu syýasat B.Klintonyň «täze ykdysady filosofiýasy» adyny aldy.



**ABŞ-nyň taryhynda ”Uotergeýt işi” haýsy prezidentiň işi bilen baglanyşykly?**

XXI asyryň başyna gelip ABŞ-nyň ykdysadyýeti tehniki ösüşiň esasy çeşmesine öwrüldi. Dünýä boýunça täze tehnologiýalary döretmäge sarplanýan ähli sarpyň 1/3 bölegi ABŞ-nyň paýyna dogry gelýär. Dünýä önümçiliginde öňdebaryjy pozisiýany üpjün edýän makrotehnologiýalaryň ýarysy ABŞ-a degişlidi. Dünýäniň ykdysady öňdebaryjysy bolan ABŞ döwür problemalaryny üstünlikli çözüp, XXI asyra täze ykdysadyýet bilen girip geldi. Emma 2007–2008-nji ýyllarda ABŞ-nyň maliýe sektorynda başlanan krizis 2009-njy ýyla gelip dünýä möçberindäki global resessiýa öwrüldi. 2009-njy ýylda dünýäde öndürilýän ÄIÖ Ikinji jahan urşundan soň birinji gezek pes görkezijilere düşüp gitdi. Işsizligiň misli görülmedik derejede ösmegi zähmet bazaryny gözegçilik etmegiň bütin taryhynyň dowamynda iň ýokary görkezijilere ýetdi we 2009-njy ýylda dünýäde işsizleriň sany 200 mln-a golaý boldy. Möçberi we

netijeleri boýunça bu krizisi diňe 1930-njy ýyllardaky Beýik depressiýa bilen deňeşdirmek mümkin. ABŞ-nyň ykdysadyýeti 2014-nji ýyla gelip hem doly diklenmedi.




Amerikanyň Birleşen Ştatlary

**Syýasy ösüş.** 1980-nji ýyllar – 1990-njy ýyllaryň başlary neokonserwatizm taglymynyň dabarasy döwri boldy. Bu ýyllarda ABŞ-nyň içki ösüşinde hem, halkara meýdanda hem uly üstünlikler gazanyldy. Şoňa garamazdan, 1992-nji ýyldaky prezidentlik saýlawlarynda respublikaçy J.Buş garaşylmadyk ýagdaýda ýaş demokrat B.Klintondan yza galdy. Emma demokratlar hem öz ýeňşini pugtalandyryp bilmedi. 1994-nji ýyldaky aralyk saýlawlarda demokratlar uly şowsuzlyga sezewar boldy. Iki palatada hem köpçülik orunlary, birnäçe ştatlarda gubernatorlyk wezipelerini hem respublikaçylar eýeledi. Respublikaçylar partiýasynyň abraýyny we täsirini dikeltmek üçin amatly şert peýda boldy. Emma demokratlaryň içki we daşary syýasatlaryndaky üstünlikleri 1996-njy ýyldaky saýlawlarda ikinji gezek B.Klintonyň ýeňşini

üpjün etdi. B.Klintonyň administrasiýasy sosial ugry öz syýasatynyň ileri tutulýan tarapy diýip yglan etdi.


Barak Husaýn Obama

2000-nji ýyldaky saýlawlarda ýene respublikaçylaryň wekili kiçi Jorj Buş prezident edip saýlandy. Onuň ikinji möhlete prezidentlik döwründe ABŞ ykdysady krizisi başyndan geçirdi. Netijede 2008-nji ýylda bolup geçen saýlawlarda demokratik partiýadan ýeke-täk kandidat Barak Obama ABŞ-nyň prezidenti edip saýlandy.

B.Obama prezidentliginiň ikinji möhletinde Yrakdaky we Siriýadaky ýagdaýyň agyrlaşmagy, Ýewropa döwletleriniň we ABŞ-nyň özünde hem terroristik howpuň güýçlenmegi ýaly birnäçe problemalar prezidentiň we onuň administrasiýasynyň abraýyny düşürip goýberdi.




**1992-nji ýylyň baharyndan ähli içki önümiň ösüş depginleri ýene-de güýçlendi.**

**1992-nji ýyldaky saýlawlarda respublikaçy J.Buş garaşylmadyk ýagdaýda ýaş demokrat B. Klintondan yza galdy.**


Donald Tramp

Netijede 2016-njy ýylda bolup geçen prezidentlik saýlawlarda demokratlar partiýasyndan kandidat Hillari Klinton ýeňiş gazanyp bilmedi. ABŞ-nyň nobatdaky prezidenti edip respublikaçylar partiýasyndan kandidat Donald Tramp saýlandy.

D.Tramp içki syýasatda Amerikanyň beýikligini dikeltmek, daşary syýasatda bolsa başga ýurtlaryň işlerine gatyşmazlygy yglan edipdi. Emma prezidentlik saýlawlaryna russiýaly hakerleriniň gatyşanlygy baradaky gümanlar hem-de prezidentiň kömekçileriniň Russiýanyň ilçisi bilen gizlin duşuşmagy D.Trampyň abraýyny düşürip goýberdi. Bu bolsa oňa özüniň saýlawdan öňki beren wadalaryny ýerine ýetirmäge mümkinçilik bermän gelýär.

**Daşary syýasat.** 1990-njy ýyllarda ABŞ-nyň daşary syýasatynyň esasy ugurlary öz ähmiýetini saklap galdy. Ýokary derejede ösen senagat döwleti bolan ABŞ dürli regionlarda özüniň möhüm bähbitlerini goramak üçin diňe harby serişdelere eýe däl. Senagat, söwda, maliýe, ylmy-tehniki, medeni we başga serişdeler hem dünýä syýasatynda örän uly ähmiýete eýedir. ABŞ halkara meýdanda şu serişdeleriň ählisinden ussatlyk bilen peýdalanýar.



**2009-njy ýylda dünýäde işsizleriň sany... 1992-nji ýyldaky... 1980-nji ýyllar–19990-njy ýyllaryň başlary... 1994-nji ýyldaky...**

B. Obama prezidentliginiň birinji döwründe dünýäde zorluga, ekstremizm we terrorizme garşy göreş, ABŞ-nyň dünýädäki öňdebaryjylyk pozisiýasyny dikeltmek hökümetiň daşary syýasatynyň ösüşiniň esasy ugry diýip yglan edildi. 2009-njy ýylda dünýäni ýadro ýaraglaryndan halas etmek, halklaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda eden hereketleri üçin B. Obama Nobel parahatçylyk sylagy berildi. Emma ekstremizm we terrorizme garşy göreş Owganystanda doly gutarmazdan, Ýakyn Gündogarda urşuň täze ojagy peýda boldy. Yrakda Saddam Huseýniň režimi agdarylandan soňra Siriýadaky Başar Asadyň režimine garşy göreşde aram oppozisiýaçylary goldaýan ABŞ-nyň hökümeti YŞYD görnüşindäki täze terroristik toparyň peýda bolmagyna sebäp boldy. Netijede ABŞ-nyň dünýädäki öňdebaryjy döwlet hökmündäki abraýyna zyýan ýetdi.

D. Trampyň administrasiýasyna birnäçe daşky syýasy problemalar miras galdy. Olar ilki bilen halkara terrorizme garşy göreş hemde Ýakyn Gündogar we Owganystandaky ýagdaý bilen baglanyşykly. Şeýle hem, Hytaý we Russiýa bilen gatnaşyklarynda hem dartgynlyk bar bolup, olar hem D. Trampdan diplomatik aktiwligi talap edýär.

2017-nji ýylyň noýabr aýynda D. Trampyň Hytaýa eden resmi saparynyň dowamynda iki döwletiň arasyndaky aragatnaşyklaryň gowulanmagy, örän köp söwda we inwestisiýa ylalaşyklary gazanyldy.



**Ykdysady konýunktura** – bu puluň hereketi, göterim stawkalary, walýuta kursy, iş haky, şeýle hem, önümçiligiň gündelik haryt dinamikasy bilen harakterlenýän ykdysadyýetiň ýagdaýyny, onuň aktiwlik derejesini görkezýär.

**Makrotehnologiýa** – bu bellenen parametrlere görä, belli bir önümiň görnüşini döretmek boýunça tehnologik prosesler (ylmy-tehniki gözlegler, konstruktorlyk işleri, önümçiligi taýýarlamak, öndürmek, satmak we taslamany tehniki taýdan goldamak) kompleksidir.

**Pozisiýa** – ýagdaý, belli bir waka ýa-da hadysa görä gatnaşyk.

**Resessiýa** – bu ykdysadyýetde önümçiligiň öňkä görä gowşan, onçakly howply bolmadyk peselmegini ýa-da ykdysady ösüş depginleriniň haýallamagyny aňladýar.

### Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. B. Klintonyň «täze ykdysady syýasaty» ABŞ-da haýsy ugry ösdürmäge gönükdirilendi?
2. B. Obama prezidentliginiň ikinji möhletinde emele gelen nähili problemalar prezidentiň abraýyny düşürip goýberdi?
3. ABŞ dünýäde özüniň durmuş bähbitlerini goramak üçin nähili serişdelerden peýdalanýar?
4. B. Obamanyň prezident bolan döwründe ABŞ nähili halkara problemalara duş geldi?

### Özbaşdak iş



Kartadan peýdalanyp, ABŞ-nyň ştatlaryny tapyň we taryhy reallyk bilen baglanyşdyryp düşündiriň.

## 11-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA GERMANIÝA FEDERATIW RESPUBLIKASY

**GFR 1990-njy ýyllarda.** 1980-nji ýyllaryň ahyrynda Germaniýanyň iki bölegini birleşdirmek boýunça gepleşikler üstünlikli tamamlandy. 1990-njy ýylyň 3-nji oktýabr güni ýeke-täk Germaniýa döwletiniň düzülenligi yglan edildi. 1990-njy ýylyň dekabrynda nobatdan daşary parlament saýlawlary bolup geçdi.



**Germaniýa döwleti haçan we näme sebäpden iki bölege bölünipdi?**

1990-njy ýylda Germaniýa üçin möhüm ýyl boldy. Iki Germaniýanyň birleşmegi GDR-daky ykdysady yzagalaklygy ýok etmek wezipesini berk goýdy. GDR-da bazar mehanizmlerini yglan etmek esasan GFR tarapyndan maliýeleşdirildi. 1994-nji ýylda bolup geçen saýlawlarda hristian-demokratlar bilen liberallar koalisiýasynyň pozisiýasy has-da pugtalandy. Germaniýa sosial-demokratik partiýasy

(GSDP) öňdebaryjy oppozision partiýa bolmagynda galdy. «Ýaşyllar» partiýasy hem örän uly güýje öwrüldi.

1990-njy ýyllaryň birinji ýarymynda ykdysady ösüş depginleri öňküsi ýaly ýokary bolmasa-da, GFR dünýäniň ykdysady öňdebaryjy döwletlerinden biri bolup galyberdi. Döwletde güýçli sosial syýasat alyp baryldy. Raýatlar özlerini ýeterli derejede goranan ýaly duýdular. Emma şol ýyllarda işsizligiň derejesi örän ýokary bolup, bu Germaniýanyň taryhynda iň ýokary görkeziji boldy.

Şeýle ýagdaýda 1998-nji ýyldaky parlament saýlawlarynda GSDP ýeňiş gazandy. Gerhard Şrýoderiň hökümeti ykdysadyýetde we sosial ugurda çuňňur reformalary başlady: kärhanalar üçin iň amatly şertler döretmek, kiçi we orta biznesi goldamak we netijede işsizligi kemeltmek reformalaryň maksady edip bellendi. Maliýe sistemasyny gaýtadan gurmak, pensiýa, medisina hyzmaty we sosial goranmak sistemasyny reforma etmek başlandy.



Gerhard Şrýoder

**Germaniýa XXI asyrda.** XXI asyryň başlaryna gelip Germaniýa sosial-ykdysady we ylmy-tehniki ösüşde düýpli netijeleri gazandy. Ol Ýewropada iň güýçli ykdysady mümkinçiliklere eýe bolup, ÄIÖ-iň möçberi boýunça ABŞ we Ýaponiýadan soňky dünýäde üçünji ýeri eýeledi.



Angela Merkel

2005-nji ýylyň sentýabrynda bolup geçen saýlawlarda hiç bir partiýa absolýut üstünlik gazanyp bilmedi. Noýabrda bolup geçen bundestag (parlament) mejlisinde A.Merkel GFR kansleri edip saýlandy. Ol ilkinji aýal-kansler, ähli GFR taryhyndaky iň ýaş federal kansler boldy.

A.Merkel federatiw sistemany reforma etmek, býurokratiýa garşy göreşmek, ylmy barlaglary ösdürmek, energetika, býujet, maliýe we maşgala, zähmet bazary ugurlaryndaky syýasaty hem-de saglygy goraýyş sistemasyny reforma etmek baradaky maksatnamany yglan etdi.



**1990-njy ýylda ...**
**1998-nji ýyldaky ...**
**1994-nji ýylda ...**
**Ýaşyllar partiýasy ...**

Emma 2008–2009-njy ýyllardaky krizis beýlekileriň hatarynda Germaniýanyň ykdysadyýetine hem uly zyýan ýetirdi. Diňe 2014-nji ýyla gelip Germaniýanyň ykdysady ösüş depginleri krizisden öňki derejesine ýetdi. 2015-nji ýylda A. Merkeliň häkimiýete gelenliginiň on ýyllygy bellenip geçildi. «Merkel döwri» ýurduň taryhyndaky möhüm döwür bolup, onda Germaniýa Ýewropa Soýuzynyň öňdebaryjy döwletine öwrüldi. A. Merkel dünýäniň iň abraýly syýasatçylaryndan biri bolup gelýär.



Germaniýa Federatiw Respublikasy

2014-nji ýylda Ukrainada bolup geçen häkimiýetiň çalyşmagy sebäpli Germaniýa Russiýanyň Krymy goşup almagyna garşy berk pozisiýany eýeledi we beýleki Ýewropa döwletleri ýaly Russiýa garşy sanksiýalar yglan etdi. A.Merkeliň Russiýanyň ýolbaşçylary bilen aragatnaşyklary çylşyrymly bolup gelýär. Şoňa garamazdan, 2015-nji ýylyň maý aýynda Ýewropany faşizmden azat edenleri ýatlamak uçin A.Merkel Moskwa geldi. 2015-nji ýylyň soňuna gelip, onuň abraýy az-kem peseldi. Muňa Siriýadan we uruş hereketleri dowam edýän beýleki döwletlerden gelýän gaçgaklar problemasy sebäp boldy.

Gaçgaklaryň nemes jemgyýetine öwrenişmek prosesi has agyr geçýär. Olaryň aglabasy üçin bu örän uly psihologik krizise öwrülip barýar. Meselem, 2016-njy ýylda gelip çykyşy eýranly bolan 18 ýaşly Ali Sonboli Mýunhen şäherindäki söwda merkezinde «Men nemes!», diýen batly ses bilen adamlara garadyp ok atdy. Netijede 9 adam wepat boldy, onlarça adamlar ýaralandy. A.Sonboli ozüni özi atyp öldürdi.

Bu wakalar A.Merkel we ol ýolbaşçylyk edýän HDS partiýasynyň abraýynyň peselmegine getirdi. GFR-iň düzümine girýän ýerlerde geçirilen ýerli saýlawlarda bu anyk görünýär.

2017-nji ýylyň sentýabrynda bolup geçen parlament saýlawlarynda A.Merkeliň ýolbaşçylygyndaky koalisiýa 33% ses toplady. Bu hökümeti düzmek üçin ýeterlikli bolmady. Birnäçe partiýalar bilen koalisiýa düzmek uçin geçirilen gepleşikler şu ýylyň noýabr aýynda netijesiz tamamlandy.




**A. Merkel GFR-iň taryhyndaky iň ýaş federal kansler wezipesini eýeledi.**

**1998-nji ýyldaky parlament saýlawlarynda GSDP ýeňiş gazandy.**

Şoňa garamazdan, häzirki zaman Germaniýasynyň sosial we medeni üstünlikleri ep-esli ýokary. Bularyň ählisi durmuşyň täze, XXI asyryň çagyryşlaryna jogap berip bilýän ýokary hilini döretmäge mümkinçilik berdi.

### Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Gerhard Şrýoderiň hökümeti ykdysadyýetde we sosial ugurda nähili çuňňur reformalary geçirdi?
2. «Merkel döwri» ýurduň taryhynda nähili orun tutýar?
3. Germaniýada A. Merkeliň döwrüniň daşary syýasaty hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
4. Häzirki zaman Germaniýasynda bu günki günde nähili problemalar bar?

### Özbaşdak iş



Kartadan peýdalanyp, Germaniýadaky administratiw regionlary tapyň we depderiňize ýazyň.

## 12-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA BEÝIK BRITANIÝA


Jon Meýjor

**Beýik Britaniýa XX asyryň ahyrynda.** 1990-njy ýylda Beýik Britaniýanyň premýer-ministri edip saýlanan Jon Meýjoryň syýasaty M.Tetçeriň döwründäki neokonserwatizm kursuny dowam etdirimäge, şonuň bilen bilelikde «tetçerizm»iň awtoritar dolandyryşyndan we beýleki galyndylaryndan ýuwaş-ýuwaşdan geçmäge garadylandy. Emma onuň saýlawdan öňki beren ençeme wadalary amala aşman galdy. Şoňa garamazdan, 1992-nji

ýylyň baharynda bolup geçen parlament saýlawlary J.Meýjoryň taktikasynyň dogrulygyny görkezdi. Konserwatorlar partiýasy saýlawlarda ýeňdi.

**Beýik Britaniýada M. Tetçeriň döwründe nähili işler amala aşyryldy?**

XX asyryň 90-njy ýyllarynyň birinji ýarymynda Beýik Britaniýanyň ykdysadyýeti uzak möhletli resessiýa döwrüni başyndan geçirdi. Inflýasiýa örän ýokary derejä ýetdi. Salgyt sistemasyny reforma etmek üçin edilen hereket üstünlik getirmedi, aýratyn hem, konserwatorlar partiýasynyň abraýyna ters täsir etdi. 1990-njy ýyllaryň ikinji ýarymyndan ykdysady ösüşiň başlanmagy hem konserwatorlar partiýasynyň abraýyny götermedi. J.Meýjor «tetçerizm»den uzaklaşyp, özüniň özbaşdak kursuny işläp çykyp bilmedi.




Beýik Britaniýa

Şeýle ýagdaýda özlerine täze öňdebaryjy we täze ideologik maksatnamany saýlan Leýboristler partiýasy 1997-nji ýylyň maý aýynda bolup geçen parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy. Partiýanyň öňdebaryjysy ýaş Entoni Bler hökümete ýolbaşçy boldy. Indi olar özlerini «täze leýboristler» diýip atlandyrdylar.


Entoni Bler

E. Bleriň kabinetiniň işiniň esasy ugry konstitusion reforma boldy. E. Bler we onuň egindeşleriniň pikirine görä, reformalar Şotlandiýa we Uelse awtonomiýa, Angliýa regionlaryna köpräk garaşsyzlyk bermegini, saýlaw hakyndaky kanuny reforma etmegi, ýokary palatany gaýtadan düzmek we onuň saýlanmagyny yglan etmegi we başga birnäçe çäreleri göz öňünde tutýardy. Emma bu reformalary amala aşyrmak örän agyr geçdi. Diňe 1999-njy ýyla gelip ilkinji üstünlikler gazanyldy. Şotlandiýa we Uels milli assambleýalaryna saýlawlar geçirildi. Daşary syýasatda leýboristler syýasaty öňküligiçe galdy. E. Bleriň hökümeti daşary syýasatdaky ähli meselelerde ABŞ-nyň iň ýakyn hyzmatdaşy boldy.

**Beýik Britaniýa XXI asyryň başlarynda.** XXI asyryň başlarynda Beýik Britaniýa Günbatar Ýewropanyň başga döwletleri ýaly sosial-ykdysady ösüşde uly üstünlikleri gazandy. Ýurtda adatdan daşary amatly ýagdaý emele geldi. Ykdysady ösüşiň görkezijileri ýokary, işsizlik we inflýasiýanyň derejesi bolsa soňky on ýyllaryň içinde iň pes boldy.

E. Bleriň hökümeti sosial zerurlyklar üçin döwlet býujetini artdyrmak syýasatyny alyp bardy, bu serişdeleriň köp bölegi iş orunlaryny döretmek üçin sarplandy. Hökümet işsizligi gysgaltmagy gazandy. Emma sosial üpjünçilik ugrunda hökümet birnäçe aýgytly ädimler goýmaga mejbur boldy. Saglygy goraýşa, döwlet hyzmatyna, pensiýalara we köpçülikleýin tälime bolan döwlet býujetleri gysgaldyldy.

Daşary syýasatda Beýik Britaniýanyň 2003-nji ýylda Yraga garşy koalisiýada gatnaşmagy jemgyýetde ýiti çekişmeleri getirip çykardy. Beýik Britaniýa bu «antiterror» koalisiýada ABŞ-nyň esasy soýuzdaşyna öwrüldi. Emma köp iňlisler bu urşa garşydy. Leýboristleriň çep ganaty hem urşa berk garşy çykdy. E. Bleriň syýasatyndan närazyçylyk simwoly hökmünde daşary işler ministri Robin Kuk otstawka çykdy. Şoňa garamazdan, 2005-nji ýyldaky bolup geçen parlament saýlawlarynda kiçi tapawut bilen leýboristler partiýasy ýeňiş gazandy. Netijede E. Bler üçinji möhlete premýer-ministr edip saýlandy.




**2005-nji ýylda bolup geçen parlament saýlawlarynda kiçi tapawut bilen leýboristler partiýasy ýeňiş gazandy.**

**Beýik Britaniýa 2003-nji ýylda Yraga garşy koal-isiýada gatnaşdy.**

2005-nji ýylda Londonda dört sany terrorçylyk akty amala aşyryldy, netijede onlarça adamlar gurban boldy. Jogapkärçiligi «Al-Kaida» halkara terrorçylyk guramasy öz boýnuna aldy.

2006-njy ýyldaky Ysraýyl-Liwan urşy gutarandan soň, ABŞ-nyň yzyndan Ysraýyliň tarapyny alan Britaniýanyň premýer-ministri E. Bleriň otstawka çykmagy talap edildi. E. Bleriň möhletinden öň otstawka çykmagyny köpçülik britaniýalylar hem goldady, olar premýer-ministriň amerikaparaz syýasatyndan närazydy.

2007-nji ýylyň iýunynda E. Bler otstawka çykdy. Leýboristler partiýasynyň içki saýlawlarynda partiýanyň täze öňdebaryjysy we premýer-ministr wezipelerini Gordon Braun eýeledi. G. Braun dünýä ykdysadyýetiniň globallaşmagynyň tarapdarlaryndandy. Ol daşky söwdada proteksionizm syýasatyna garşy çykdy.

Işiniň ilkinji döwründe G. Braun birnäçe başlangyçlar bilen çykdy we olar halk köpçüligi tarapyndan makullandy. 2008-nji ýylda başlanan dünýä maliýe krizisi ýagdaýynda G. Braunyň bank sistemasyny bankrot bolmakdan saklap galmaga, biznesi goldamaga gönükdirilen pugta hereketleri onuň abraýyny artdyrdy. Şoňa garamazdan, 2010-njy ýyldaky bolup geçen parlament saýlawlarynda konserwatorlar partiýasy ýeňiş gazandy. Konserwatorlaryň öňdebaryjysy Dewid Kemeron Beýik Britaniýanyň premýer-ministri wezipesini eýeledi.



**Jon Meýjoryň syýasaty...**
**Gordon Braunyň işi...**
**“Täze Leýboristler” syýasatynyň üstün taraplary...**

D. Kemeronyň hökümetiniň döwlet serişdelerini tygşytlamak üçin eden birnäçe hereketleriniň netijesinde ÄIÖ-e görä býujet ýetmezçiligi gysgaldy. Şoňa garamazdan, bu problema heniz wajyp bolup galýar. Bu döwürdäki ykdysady kynçylyklar döwletiň bitewiligine howp salyp başlady. 2014-nji ýylyň sentýabrynda Şotlandiýada Beýik Britaniýadan bölünip çykmak meselesinde umumhalk referendumyny geçirilip, onda 45% ilat özbaşdaklyk üçin ses berdi.

2015-nji ýylda bolup geçen parlament saýlawlarynda konserwatorlar partiýasy ýene ýeňiş gazandy. Saýlawdan öňki döwürde premýer-ministr D. Kemeron, eger konserwatorlar ýeňiş gazansa, Beýik Britaniýanyň Ýewrosoýuzdan çykmagy meselesini götermäge we şu mesele boýunça referendum geçirmäge wada berdi. 2016-njy ýylyň iýun aýynda bolup geçen referendumda gatnaşan Beýik Britaniýanyň ilatynyň 50 % den gowragy döwletiň Ýewropa Soýuzyndan çykmagy üçin ses berdi. Şondan soň premýer-ministr D. Kemeron otstawka çykdy. Beýik Britaniýanyň premýer-ministri wezipesini Tereza Meý eýeledi.


Dewid Kemeron

XX asyryň ikinji ýarymynda Beýik Britaniýanyň koloniýa imperiýasy bütinleý ýatyryldy. Emma Beýik Britaniýa kynçylyk bilen bolsa-da, dünýäde özüniň syýasy we ykdysady abraýyny saklap gelýär. 2016-njy ýylda Ýewropa Soýuzyndan çykmak üçin ses beren köpçülik iňlisler hem muny döwlet garaşsyzlygyny gadyrlaýanlyklary bilen düşündirdiler. Näme bolanda-da Beýik Britaniýa XXI asyrda dünýä jemgyýetçiliginiň iň möhüm agzalaryndan biri bolmagynda galýar.


Tereza Meý



**Proteksionizm** – içki bazary belli bir gadaganlar (import we eksport üçin gümrük tölegleri, subsidiýalar we başga çäreler) arkaly daşary ýurt konkurensiýasyndan goramaga gönükdirilen syýasatdyr.

**Taktika** – bu niýetlenen maksada ýetmek üçin ulanylýan usullaryň we serişdeleriň toplamydyr.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. 1990-njy ýyllaryň ahyrynda konserwatorlar partiýasynyň ýeňilmeginiň sebäpleri nämededi?
2. E. Bleriň kabinetiniň işiniň esasy ugurlary nämelerden ybarat boldy?

3. D. Kemeronyň kabinetiniň otstawka çykmagynyň sebäpleri nämededi?
4. Beýik Britaniýanyň ÝS-dan çykmagynda nämeler esasy faktor boldy?

## Özbaşdak iş



Kartadan peýdalanyp, premýer-ministr E. Bler we onuň egindeşleriniň özbaşdaklyk bermekçi bolan çäklerini tapyň we depderiňize ýazyň.

# 13-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA FRANSIÝA

**XX asyryň ahyrlarynda Fransiýa.** 1980-nji ýyllaryň ahyrynda Fransiýanyň hökümeti kärhanalar, banklar we ätiýaçlandyryş kompaniýalaryny köpçülikleýin hususylaşdyrmak syýasatyny yglan edipdi. Hususylaşdyrmagyň ýollaryndan biri – kärhananyň onuň işçileri tarapyndan satyn alynmagy boldy. Işçileriň sany 500-den müňe çenli bolan kärhanalaryň çärýek bölegi şu ýol bilen satyn alyndy. Ykdysady ösüşiň 1989 – 1992-nji ýyllara niýetlenen maksatnamasy pul aýlanyşygynyň durnuklylygyny üpjün etmegi, inflýasiýanyň peselmegini we ykdysadyýetiň bäsdeşligini goldamagy göz öňünde tutýardy.



**Fransiýada Bäşinji respublika haçan ornaşdyrylypdy?**

Fransiýany sosialistler dolandyran 1980 – 1990-njy ýyllaryň başlarynda halkara durmuşda iň möhüm wakalar bolup geçdi: «sowuk uruş» gutardy, Germaniýa birleşdi, Sowet Soýuzy we Ýugoslawiýa dargady, Günbatar Ýewropa birleşdi. Fransiýanyň prezidenti Fransua Mitteran we onuň hökümeti Germaniýa bilen ýakynlaşmagy we Günbatar Ýewropa döwletleriniň birleşmegini özüniň esasy wezipesi diýip bildi. Germaniýa bilen bile Fransiýa hem Günbatar Ýewropany birleşdirmegiň iň aktiw gatnaşyjysy boldy. 1990-njy ýylyň ýanwarynda Lýuksemburgyň Şengen şäherinde Fransiýa hökümeti Şengen ylalaşygyna gol çekdi. Oňa görä Ýewropa Ykdysady Hyzmatdaşlygy (ÝYH) döwletleriniň raýatlary wizasyz we gümrükhana gözegçiligisiz biri-birine arkaýyn geçmegi mümkin boldy.




Fransiýa Respublikasy

Çepler häkimiýetde duran ýyllarynda olaryň tarapdarlarynyň garaşan netijelerini gazanmady. Ykdysady ösüş depginleri örän pes boldy. 1993-nji ýylda önümçilik möçberi gysgardy. Işsizlik misli görülmedik derejä ýetdi. Sosialistleriň abraýy düşüp gitdi. Merkezi we Gündogar Ýewropada kommunistik režimleriň agdarylmagy, SSSR we Ýugoslawiýanyň dargap gitmegi, Russiýanyň hökümeti tarapyndan kommunizmiň resmi garalanmagy diňe kommunistleri däl, eýsem ähli sosialistik taglymlar we gymmatlyklar sistemasynynyň abraýyny düşürdi.

1993-nji ýylda Milli mejlise bolup geçen saýlawlarda sag güýçler parlamentde absolýut köp orna eýe boldy. Fransiýanyň uruşdan soňky taryhynda çep güýçler ilkinji gezek şeýle bir güýçli ýeňilişe sezewar boldy. Çep güýçler beýle ýeňilişden soň uzak wagt krizisden çykyp bilmedi.

1995-nji ýyldaky prezidentlik saýlawlarynda Žak Şirak ýeňiş gazandy we işsizlige garşy göreşi, jemgyýetiň baýlar we garyplara bölünmegini ýok etmegi esasy wezipe diýip yglan etdi. Daşary syýasatda

onuň esasy işi Fransiýa Ýewropa Soýuzynyň «öňdebaryjysy» we bütin dünýä üçin «erk maýagy» roluny gaýtarmaga gönükdirilipdi. Täze hökümet döwlet býujetiniň ýetmezçiligini kemeltmek, iş bilen üpjün etmek planyny yglan etdi. 1996-njy ýyldan ÄIÖ-iň ösüş depginleri, kapital girizmek we şahsy harydyň möçberi artdy.

ÝATDA SAKLAŇ

**1990-njy ýylyň ýanwarynda Lýuksemburgyň Şengen şäherinde Fransiýanyň hökümeti Şengen şertnamasyna gol çekdi.**

**Postindustrial jemgyýet.** 1990-njy ýyllarda Fransiýada postindustrial jemgyýetiň şekillenmek prosesi dowam etdi. Ylmy-tehniki rewolýusiýanyň güýçli depginde ösmegi Fransiýanyň keşbini üýtgetdi. Pariž we başga iri şäherlerde göge direlýän beýik binalar peýda boldy. Bütin döwleti awtomobil ýollary we sagadyna 250–300 km tizlik bilen ýöreýän demirýol trassalary gurşap aldy. Angliýa bilen hyzmatdaşlykda gurlan La-Manş bogazynyň astyndan geçýän demirýol tunneli (Ýewrotunnel)–XX asyryň iň beýik arhitektorlyk üstünliklerinden biri 1994-nji ýylyň maý aýynda dabaraly ýagdaýda açyldy.

Başga ösen ýurtlardaky ýaly Fransiýada hem elektronika, informatika we olar bilen bagly senagat pudaklary tiz ösdi. Industrial jemgyýetiň simwoly bolan senagat pudaklary–metallurgiýa, kömür gazyp almak ýalylar pese düşüp gitdi.

**XXI asyrda Fransiýa.** XX asyryň ahyry–XXI asyryň başynda Fransiýa ähli möhüm görkezijiler boýunça dünýäniň iň ösen döwletleriniň hataryna girdi. Emma 2008–2009-njy ýyllardaky dünýä maliýe krizisi Fransiýanyň ykdysadyýetine hem örän uly täsir etdi. 2007-nji ýylda Fransiýanyň prezidenti edip saýlanan Nikolýa Sarkozi sag konserwatiw «Halk hereketi üçin soýuz» partiýasynyň öňdebaryjysydy.



Fransua Olland

2012-nji ýyldaky saýlawlarda Fransiýanyň prezidenti wezipesine saýlanan FSP (Fransiýa sosialistik partiýasy) öňdebaryjysy Fransua Olland Fransiýanyň Ýewrosoýuzdaky roluny has-da artdyrmak, Ýewropa syýasatynda öňdebaryjy döwletlerden biri hökmündäki ornuny saklap galmak üçin hereket etdi. Ol 2012-nji ýylda baýlar üçin goşmaça salgyt ornaşdyrmak inisiatiwasy bilen çykdy. Bu inisiatiwa konstitusion sud

tarapyndan inkär edildi. Soňra bir jynsly şahslaryň arasyndaky nikany goldap, ony kanunylaşdyrdy. Bu katolik buthanasynyň närazylygyna sebäp boldy.

Siriýa we başga uruş hereketleri bolýan Gündogar döwletlerden gelýän emigrantlar akymy hem Fransiýadaky sosial ýagdaýy ýitileşdirdi. 2015-nji ýylyň noýabr aýynda Parižde bolup geçen terroristik aktyň netijesinde ýüzden gowrak adam gurban boldy, üç ýüzden gowrak adam ýaralandy. Bu terrorçylyk aktlaryny YŞYD terrorçylyk topary öz boýnuna aldy.



**Şengen şertnamasy ...** **1993-nji ýylda ...**
**1996-njy ýyldan ...** **2007-nji ýylda ...**

Hökümet tarapyndan ähli zerur çäreleriň görülmegine garamazdan, terroristik aktlar ýene-de gaýtalandy.



Emmanýuel Makron

F.Olland Fransiýanyň taryhyndaky iň abraýsyz prezident bolup taryha girdi. Ol 2017-nji ýylda bolup geçen prezidentlik saýlawlaryna öz kandidaturasyny goýmady. Aprel aýynda bolup geçen saýlawlaryň ikinji basgançagynda «Öňe!» hereketiniň wekili Emmanýuel Makron ýeňiş gazandy. Şol bir wagtda bu saýlawlar Fransiýada hem Germaniýadaky ýaly multikulturalizm syýasatynyň darganlygyny görkezdi. Emigrantlaryň sanynyň artmagy, terrorizm howpunyň güýçlenmegi bilen sag Milli front partiýasynyň abraýy artdy. Milli front wekili Marin Le Pen ilkinji gezek prezidentlik saýlawlarynda ikinji basgançaga çykyp, 34% sese eýe boldy.

Döwletdäki ençeme problemalara garamazdan, XXI asyryň başlarynda, Fransiýa hem ykdysady, hem syýasy taýdan dünýäniň öňdebaryjy döwletlerinden biri bolup galýar.



**Multikulturalizm** – bu bir sany döwletde we bütin dünýäde medeniýetleriň dürli-dürliligini saklap galmaga gönükdirilen syýasat hem-de bu syýasaty esaslandyryjy teoriýa we ideologiýadyr.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. 1990-njy ýyllaryň başlarynda Fransiýada nähili sebäpler çep güýçleriň ýeňilmegine getirdi?
2. Fransiýada postindustrial jemgyýetiň emele gelmegi nämelerde ýüze çykdy?
3. 2010-njy ýyllaryň başlarynda nähili sebäpler Fransiýada sosial ýagdaýy ýitileşdirdi?
4. XXI asyrda Fransiýanyň öňünde nähili problemalar peýda boldy?

## Özbaşdak iş



Internetden peýdalanyp, Fransiýa wirtual syýahat gurnaň we temada öwrenilen materiallar esasynda taryhy wakalygy analiz ediň.

# 14-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA ITALIÝA

**1990-njy ýyllarda Italiýa.** Italiýada postindustrial jemgyýetiň esaslary geçen asyryň 80-nji ýyllarynda emele geldi. Giň gerimde senagat önümçiliginiň tehniki bazasyny we tehnologiýasyny täzelemek hadysasy–önümçilige kompýuter dolandyryş sistemasyny girizmek, robotlardan giň peýdalanmak başlandy. Iň esasysy, bu prosesiň başynda kiçi kärhanalar body.



**Ýewropa Ykdysady Hyzmatdaşlygyny düzmek barasyndaky Rim şertnamasyna haçan gol çekildi?**

Jemgyýetiň sosial strukturasynda hem ýiti özgerişler bolup geçdi. Tiz ösüp barýan hyzmat etme pudaklarynda işgärleriň sany tiz ösdi.

Syýasy durmuşda durnuksyzlyk we hökümetiň tiz-tiz çalyşmagy Italiýanyň özboluşly däbine öwrüldi. Italiýada döwlet institutlarynyň çuňňur krizisi mafiýa sistemalarynyň işi bilen baglydy. Häkimiýetiň ýokary organlarynda misli görülmedik korrupsiýa Italiýanyň syýasy mehanizminiň özboluşly taraplary bolup galdy. Saýlaw bu ýerde proporsional sistema boýunça geçirildi. 1993-nji ýyldaky referendumda Italiýanyň ilaty beýle saýlaw sistemasyndan geçmek üçin ses berdi.

1980 – 1990-njy ýyllaryň başlarynda içki syýasy hadysalara öňki partiýalaryň täsiri kemeldi. 1991-nji ýylda Italiýa kommunistik partiýasy dargap gitdi. Onuň bazasynda Liberal-sosialistik partiýa we Kommunistik galkynyş partiýasy düzüldi.

1992-nji ýylyň fewral aýynda döwletde «Halal eller» kampaniýasy başlanyp, häkimiýetiň ýokary gatlagy we esasy partiýalaryň ýolbaşçylygynda köpçülikleýin korrupsiýa ýagdaýlary anyklandy. Para almak bilen bagly täze syýasy dawa güýçlendi. Iri telekeçiler, Hristian-demokratlar partiýasy (HDP) we Italiýa sosialistik partiýasynyň (ISP) öňdebaryjylary, deputatlar we senatorlar, birnäçe ministrler derňewe çekildi. Italiýanyň prezidenti F.Kossiga otstawka çykdy. Jemi 20 müňe golaý adam derňewde hasaba alyndy. 1992-nji ýylyň fewralyndan başlap iki ýylyň içinde parahorlykda günälenip üç müňe golaý adam, şol sanda, öňki premýer-ministrler, parlament deputatlary, ministrler tussag edildi. Häkimiýetiň ýokary ýolbaşçylary bilen mafiýanyň arasyndaky gatnaşygy açyp görkezen sud prosesi bütin jemgyýetçiligi haýran galdyrdy. Garşylyk hereketiniň tolkunynda emele gelen partiýaly-syýasy sistemanyň ýykylmagy başlandy. 1992-nji ýyldaky parlament saýlawlary esasy syýasy partiýalar, şol sanda, HDP we ISP-nyň hem jemgyýetdäki abraýynyň peselenligini görkezdi. 1993-nji ýylda HDP bazasynda Italiýa halk partiýasy düzüldi. ISP dargap gitdi. 1994-nji ýylyň martynda bolup geçen parlament saýlawlary öňki partiýaly sistemanyň ýykylanlygyny görkezdi. Täze, entek tanalmaýan toparlar: «Öňe, Italiýa!», «Demirgazyk ligasy», «Milli alýans» – neofaşistler we sag nasionalistleriň birleşmesi öňe çykdylar.



Silwio Berluskoni

Hökümeti «Demirgazyk ligasi» we «Milli alýans» koalisiýasy esasynda S.Berluskony şekillendirdi. Hökümet diňe 1994-nji ýylyň soňuna çenli durdy. Korrupsiýa garşy göreş yglan eden S.Berluskoniniň özi salgyt kanunlaryny bozanlykda günälendi we otsawka çykdy. Italiýanyň täze hökümeti partiýasyzlardan düzüldi.

1996-njy ýyldan başlap häkimiýetde çep merkezçiler koalisiýasy durdy. Emma sosial üpjünçilik sistemasyny üýtgetmäge hereket etmek bilen bagly meseleler boýunça koalisiýada agzalalyk bolup geçdi. Şol bir wagtda birnäçe mafiýa toparlarynyň başlyklarynyň tussag edilmegi jemgyýet tarapyndan goldandy.




Italiýa Respublikasy

> **1992-nji ýylyň fewralynda döwletde “Halal eller” kampaniýasy başlandy.**
>
> **1993-nji ýyldaky referendumda Italiýanyň ilaty proporsional saýlaw sistemasyndan geçmek üçin ses berdi.**

Emma premýer-ministr Romano Prodiniň hökümeti içki agzalalyklary çözüp bilmedi we parlamentdäki abraýyny ýitirip, 1998-nji ýylda otstawka çykdy. Massimo D. Alema premýer-ministr wezipesini eýeledi. M.D. Alema şol wagta çenli ýokary derejede saklanyp gelýän işsizligi gysgaltmagy teklip etdi.

2000-nji ýylyň aprel aýynda bolup geçen ýerli saýlawlarda ähli demirgazyk welaýatlarda sag güýçler ýeňiş gazandy. Sosial pikire «Halal eller» operasiýasy uly täsir görkezdi, katolik buthanasy hem saglary goldady. M.D. Alema otstawka çykdy.

**Italiýa XXI asyrda.** Häzirki Italiýa – ýokary derejede ösen industrial döwlet. XX asyryň soňky ýyllarynda we XXI asyryň başlarynda ol öz ösüşinde has gowy netijeleri gazandy. Inflýasiýa örän peseldi, işsizlik kemeldi, täze kärhanalaryň sany tiz ösdi. Pugta oýlanan ýaşlar syýasaty alyp barylýar. Diňe 1998-nji ýylda 12 müň kiçi we orta biznes kärhanalary döredilen bolup, olaryň esasy bölegini ýaşlara degişli bolan firmalar düzýär. Häzirki wagtda Italiýa ýokary tehnologik önümleri öndürmek boýunça öňdebaryjy döwletlerden yzda galýar.

Soňky on ýylyň içinde Italiýada ÄIÖ-iň ösüşi öz durnuksyzlygy bilen tapawutlanyp durýar. Bu diňe 2008 – 2009-njy ýyllardaky dünýä maliýe krizisi bilen bagly bolmazdan, Italiýanyň ykdysadyýetiniň özboluşly gurluşy bilen hem bagly. ÄIÖ kiçi bolsa-da, hemişe ösüş harakterine eýe. Emma döwletiň karzy hem örän uly, häzir ol ÄIÖ-e görä 130% -i düzýär.



**1992-nji ýylda ...** **1993-nji ýylda ...**
**Proporsional saýlaw sistemasy bu – ...**
**1998-nji ýylda ...**

2014-nji ýylyň fewral aýyndan başlap Italiýanyň hökümetini dolandyran Matteo Rensi salgytlary kemeltmegiň hasabyna italýanlaryň girdejilerini artdyrmak maksadyny yglan etdi. Ol 2015-nji ýyldan tälim sistemasyny reforma etmegi başlady. 2016-njy ýylyň dekabrynda premýer-ministr wezipesini eýelän Paolo Jentiloni şu syýasaty dowam etdirýär.



Matteo Rensi

XXI asyra girip gelen Italiýa dünýäniň öňdebaryjy döwletlerine görä tehnologik yzagalaklygy çözmäge, öz ykdysadyýetiniň konkurensiýa çydamlylygyny artdyrmaga hereket edýär. Häzirki habar tehnologiýalaryny, ykdysadyýetiň däp bolmadyk pudaklary – bank işini, turizm, sport we saglygy goramak industriýasyny ösdürmäge aýratyn üns berilýär.



**Proporsional saýlaw sistemasy** – munda mandatlar partiýalaryň arasynda olaryň alan sesleriniň sanyna proporsional bölünýär.

**Neofaşizm** – bu 1920 – 1940-njy ýyllardaky faşistik guramalaryň ideologik-syýasy dowamçysy bolan sag radikal guramalardyr.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. 1980–1990-njy ýyllarda Italiýanyň jemgyýetinde nähili gowy özgerişler bolup geçdi?
2. «Halal eller» kampaniýasy Italiýada nähili netijelere getirdi?
3. XXI asyryň başlarynda Italiýanyň ykdysady ösüşinde nähili üstünlikler gazanyldy?
4. Täze asyrda Italiýada nähili problemalar saklanyp galýar?

## Özbaşdak iş

Kartadan peýdalanyp, Italiýanyň haýsy döwletler bilen serhetleşýänligini depderiňize ýazyň.

Italiýadaky “Halal eller” kampaniýasyny analiz etmek bilen “Biz korrupsiýa garşydyrys” temasynda kiçi okuw taslamasyny taýýarlaň we kružoklarda görkezmäge taýýarlyk görüň.

# 15-NJI TEMA. AZIÝA, AFRIKA WE LATYN AMERIKASY ÝURTLARYNYŇ SYÝASY, SOSIAL-YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ ESASY UGURLARY

**Modernizirlemegiň çylşyrymly ýoly.** XX asyryň ahyryna gelip Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynda modernizasiýa problemalary çuňlaşdy. Munda «sowuk uruş»yň gutarmagy hem uly rol oýnady. SSSR-den kömek alyp duran Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasyndaky ýurtlar ol dargap gidenden soň agyr ýagdaýa düşüp galdylar. Wýetnam, Laos, Angola, Mozambik, Kuba, Nikaragua ýaly SSSR-iň kömegine daýanan döwletlerde sistemalar çalyşdy ýa-da ösüşiň alternatiw ýollaryna geçildi.

**“Afrika ýyly” diýip at alan döwürde dünýä kartasynda näçe sany özbaşdak döwletler peýda boldy?**

XX asyryň ikinji ýarymynda amala aşyrylan modernizasiýanyň gowy netijeleri hem ösüp barýan döwletlerde birnäçe problemalary getirip çykardy. Olardan biri demografik problema bolup, häzir Ýer ýüzündäki ilatyň ösüşiniň esasy bölegi ösüp barýan döwletleriň paýyna dogry gelýär. Durmuş geçirmek çeşmeleriniň çäklenmegi bilen bilelikde ilatyň sanynyň tiz ösmegi wajyp problemalary has-da köpeldýär. Şol sanda, ilatyň iň baý bölegi bilen iň garyp böleginiň girdejileriniň arasyndaky tapawut örän ýokary derejeligiňçe galýar.

**Günorta Aziýa döwletleriniň özboluşlylygy.** Modernizirlemegi maksat edinen Aziýanyň iň iri döwletleri (Hindistan, Pakistan, Indoneziýa, Filippin, Tailand we başgalar) özleri üçin ýeke-täk dogry ýoly tapmaga hereket etdiler.

Bu ýol sosial-syýasy reformalary amala aşyrmakda ätiýaçlylygy, esasan sosial durmuşyň iň yza galak formalaryny ýok etmek bilen çäklenmegi talap edýärdi.

Daşary ýurt kapitalyny özüne çekmegiň şerti bolan sosial we syýasy durnuklylygy üpjün etmäge uly üns berildi. Bu döwletlerde umumy durmuş derejesi örän pes bolan ýagdaýda iň baýlar bilen iň garyplaryň girdejileriniň arasyndaky tapawut onçakly ýokary bolmazdan, ösen döwletlerdäki görkezijilere golaý bolmagy bilen göze görünýär. Hökümet jemgyýetde närazyçylygyň güýçlenmegine ýol goýmazdan, modernizirlemegiň pugta oýlanan strategiýasyny alyp barýar. Onuň esasyny döwlet inwestisiýalaryny ykdysadyýetiň gelejegi bar sektorlaryna gönükdirmek, proteksionizm syýasaty, daşary ýurt kapitalyny önümi hyrydarly bolan pudaklara girizmek düzdi. Günorta Aziýa döwletlerinde Ýewropa tipindäki gigant-şäherler, postindustrial zonalar, ýokary tehnologiýaly önümçilik, öňdebaryjy döwletlerdäki häzirki ylmyň gazananlary derejesinde iş alyp barýan ylmy merkezler peýda boldy.

Emma çözülmedik problemalar köp. Meselem, uly ýaşdaky ilatyň ýarymyna golaýy sowatsyz. Ilat okamagy hem, ýazmagy hem bilmeýän bu döwletlerde modernizasiýa ojaklary obalardaky natural hojalyk bilen bilelikde iş alyp barýar.

**Yslam dünýäsi.** XX asyryň ahyry – XXI asyryň başlarynda yslam ýurtlary modernizirlemegiň çylşyrymly basgançagyny başyndan geçirýär. Eýrandaky 1979-njy ýyldaky yslam rewolýusiýasy bütin musulman älemine örän uly täsir etdi. Köp döwletlerde fanatik toparlar peýda boldy ýa-da barlary hem aktiwleşdi, köpleri maksadyna ýetmek üçin terrorçylygy saýlady.

Bu prosesde yslam fundamentalizmi aýratyn rol oýnaýar. Aslynda fundamentalizm diňe yslama mahsus däl. Meselem, soňky ýyllarda Hindistanda hinduizmiň ilkinji gymmatlyklaryna gaýtmagy talap edýän güýçler aktiwleşdi. Emma häzir köpräk «yslam fundamentalizmi» hakynda aýdylýar. Hat-da ol XXI asyrda halkara gatnaşyklaryň hem esasy problemasy bolmagy hakyndaky takmynlar häzir hem özüni aklaýar.

Yslam fundamentalizmi dürli görnüşlerde ýüze çykýar. Meselem, 1990-njy ýyllaryň başlarynda arap döwletleri we Demirgazyk Afrikada «Musulman doganlar» ýaly terrorçy toparlar aktiwleşdi. Olar käbir arap döwletleri tarapyndan maliýeleşdirildi. Käbir yslam döwletlerindäki ekstremistik toparlar Usoma bin Ladynyň ýolbaşçylygynda «Jihat halkara fondy»ny düzdi, bu gurama bütin dünýä boýunça terroristik aktlary höweslendirdi.




Yslam dünýäsiniň kartasy: ■ – sünnüler; ■ – şaýylar.



**1979-njy ýyl...**
**1990-njy ýyllaryň başlarynda...**

XXI asyryň başlarynda ABŞ «demokratiýa ornaşdyrmak» bahanasynda Yrak we Liwiýa ýaly suweren döwletlerde häkimiýeti ýarag güýji bilen agdaryp taşlady. Netijede regionda terroristik akymdaky

fanatik guramalar güýçlenip, boşap galan häkimiýeti eýelemek üçin göreş başladylar. Yrak, Liwiýa, Siriýa urşuň penjesinde galdy. YŞYD terrorçylyk guramasynyň daşyna dünýäniň ähli ýerinden terrorçylar jemlenip, yslam baýdagynyň astynda söweş alyp barýarlar.

Yslam fundamentalizmi – bu ýönekeý terrorizm däl, ol adatdan daşary köp taraply we howply hadysa. Oňa örän ätiýaçlylyk bilen çemeleşmeli. Hakyky dini onuň adyndan terror gurnaýan, dünýäde parahatçylyga howp salýan toparlardan tapawutlandyryp adamlara kömek bermek, yslam dininiň parahatçylyk söýer dinligini esaslandyrmak bu günki günde yslam gözegçileriniň wajyp wezipesi bolup galýar.

**XX asyrda Latyn Amerikasy döwletleri** üçin umumy bolan modernizasiýalaşmagyň üç sany – rewolýusion, neokonserwatiw we reformasion wariantlary aýdyň göze görünýär. Emma Latyn Amerikasy döwletleriniň sosial ösüşiň ýokary derejesine göterilmek üçin ulanan ähli wariantlary garaşylan netijeleri bermedi. Latyn Amerikasy jemgyýetleri bir wagtda üç sany problemany çözmegi: peýdaly, durnukly ösýän ykdysadyýeti döretmek; geçmişden galan sosial problemalary çözmek; industrial ösen döwletler, ilki bilen ABŞ-a bolan baknalykdan gutulmagyň umumy ýoluny tapmagy başarmady.

Latyn Amerikasynda 1990-njy ýyllardaky neoliberal reformalaryň ýaramaz netijelerini ýok etmek prosesinde çep ugurdaky hökümetler saýlaw ýoly bilen häkimiýete geldiler. Bu bütin dünýäniň ünsüni özüne çekdi we «çep öwrülişik» adyny aldy.

XX asyryň ahyry – XXI asyryň başlarynda Latyn Amerikasy döwletleri öz taryhynda birinji gezek diktaturalarsyz ösdi, ähli döwletlerde diýen ýaly saýlawlar arkaly konstitusion režimler häkimiýete geldi. Emma 2008-nji ýyldaky dünýä maliýe krizisi we 2014-nji ýylda başlanan energetika krizisiniň netijesinde Latyn Amerikasynda emele gelen agyr şert bu döwletleriň reformalara mätäçligini görkezýär.



**Neokonserwatizm** – bu konserwatiw ideologik-syýasy akymyň däbe öwrülen sosial gymmatlyklaryny saklamak we ösdürmäge gönükdirilen görnüşidir.

**Neoliberal reforma** – döwletiň ykdysadyýetine gatyşmagyny kemeltmek maksadynda geçirilýän çäreler. Neoliberalizmiň wekilleri bazar özüni-özi tertibe salýar diýip hasaplaýar.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlary modernizirleme prosesinde nähili problemalara duş gelýär?
2. Günorta Aziýa döwletleriniň ösüşindäki özboluşly taraplary nämelerden ybarat?
3. Yslam döwletlerindäki modernizirleme prosesinde yslam fundamentalizmi nähili rol oýnaýar?
4. Latyn Amerikasy döwletleri XX asyryň ahyrlarynda öz öňünde duran nähili problemalary çözmek ýollaryny tapyp bilmedi?

## Özbaşdak iş



Konseptual tablisa esasynda Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy döwletleriniň sosial-ykdysady ösüşiniň özboluşlylyklaryny analiz ediň.

# 16-NJY TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA HYTAÝ HALK RESPUBLIKASY

**Hytaý Halk Respublikasynyň syýasy ösüşi.** Sosialistik sistema we SSSR dargap gidenden soň Hytaý Halk Respublikasy (HHR) iň iri sosialistik döwlet hökmünde saklanyp galdy. Bu ýerde Hytaýa laýyk sosializm gurmaklyk dowam etdirildi. Häzire çenli häkimiýeti ýeke-täk Hytaý kommunistik partiýasy (HKP) eýeläp gelýär.



**Hytaýda “Beýik milli rewolýusiýa” nähili netijeler bilen tamamlandy?**

1989-njy ýylda Týananmen meýdanyndaky parahatçylyk çykyşlary basyp ýatyrylandan soň üç ýyla golaý Hytaýyň syýasatynda düýpli özgeriş bolup geçmedi. Diňe 1992-nji ýylda Den Sýaopin döwletiň günorta prowinsiýalaryna eden syýahatynyň dowamynda birnäçe beýanatlar berip, başlanan ykdysady reformalar syýasatyny saklap bolmaýanlygyny nygtady. Reformalar başlanandan soň gazanylan üstün-

likler saýlanan ýoluň dogrulygyna adamlary ynandyrdy. Den Sýaopin öz syýahatynyň dowamynda ýene bir möhüm karary kabul etdi: ol öz şäherinde geçirilen çykyşlary parahatçylyk ýol bilen togtadan Şanhaý şäheriniň meri Szýan Szemini özüniň işini dowam etdirijisi diýip yglan etdi.

Şol döwürde döwlet apparaty hem ýarpa gysgaldyldy. Netijesiz işläp gelýän garry emeldarlaryň ýerine ýaşlar geldi. HKP-nyň Baş sekretary otstawka çykyp, ýerine oňa görä ýaş Hu Szintao saýlandy.

2012-nji ýylda häkimiýete gelen Si Szinpiniň ýolbaşçylygyndaky HKP we HHR ýolbaşçylaryny «Hytaýyň arzuwy»ny amala aşyrmak taglymy birleşdirýär. «Hytaýyň arzuwy» diýende iň umumy manyda «hytaý milletini dikeltmek» ugrunda iki ädim – HKP-nyň ýüz ýyllygyna (2021-nji ýyl) «ortaça gurplylyk» derejesine ýetmek, HHR-yň ýüz ýyllygyna (2049-njy ýyl) bolsa dünýäniň ösen döwletleriniň hataryndan orun almak düşünilýär.


Den Sýaopin

**Ykdysady reformalar.** 1989-njy ýylda Týananmen meýdanyndaky talyplaryň çykyşy rehimsiz basyp ýatyrylandan soň Hytaýa garşy anyk sanksiýalaryň yglan edilmegine garamazdan, döwletde reformalar dowam etdirildi. Olary üstünlikli amala aşyrmak üçin Mao Szedunyň döwründäki birnäçe çärelerden geçmäge dogry geldi. Ilki bilen, jemgyýetçilik hojalyklary ýatyryldy. Daýhanlar hasylynyň bir bölegini erkin bazarda satmak mümkinçiligine eýe boldy, şäherlerde we obalarda kiçi ýerli kärhanalary düzmäge ýol berildi. «Baý bolmak – bu örän gowy» – diýip nygtady Den Sýaopin. Ol telekeçiligi goldamak maksatnamasy bilen Hytaýyň çetindäki dört sany welaýaty ýörite ykdysady zonalar diýip yglan edip, daşary ýurt inwestorlary üçin amatly şertler döredildi.

1997-nji ýylyň fewralynda Hytaýda «reformalarynyň atasy» Den Sýaopin aradan çykdy. Şol ýylyň sentýabrynda HKP «Döwlet sektoryny modernizirleme maksatnamasy»ny kabul etdi. Zyýan berip işleýän döwlet banklaryny we kärhanalaryny ýapmaga karar edildi.

Reformalaryň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde XX asyryň soňky ýigrimi ýylynda HHR-yň ÄIÖ-i alty esseden gowrak artdy. HHR-yň ýolbaşçylary XXI asyryň ilkinji ýigrimi ýylyndan hem örän üstünlikli peýdalanmagy maksat edip goýdy. Bu döwür ykdysady, harby, daşky syýasy gudratyny artdyrmak we dünýäde hil taýdan täze orun

eýelemek üçin «strategik mümkinçilikler basgançagy» hökmünde garaldy.

Hytaý 2001-nji ýylda Dünýä söwda guramasy (DSG)na agza bolanyndan soň dünýä bazarynyň mümkinçiliklerinden we döwletiň Ýer ýüzündäki «iň iri fabrik» hökmündäki üstünliginden netijeli peýdalanyp, ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini saklap galdy hem-de özüniň dünýä ykdysadyýetindäki abraýyny has-da artdyrmagy başardy.

2017-nji ýylyň oktýabrynda bolup geçen HKP-yň 19-njy Umumhytaý gurultaýynda Si Szinpin Hytaý kommunistleriniň esasy maksady Hytaý halkynyň bagty üçin göreşmek we Hytaý milletini dikeltmekligini nygtap, XXI asyryň ortalaryna gelip Hytaý döwrebap beýik sosialistik döwlete öwrüler, diýip yglan etdi.

**Sosial problemalar.** Ykdysady ösüşiň yzygiderli ösmegine garamazdan, XXI asyryň başlaryna gelip, Hytaý birnäçe çynlakaý ykdysady, ekologik we sosial problemalara duş geldi: baýlar bilen garyplaryň girdejileriniň arasyndaky tapawut güýçli artdy.



Si Szinpin

Hytaýyň iň wajyp problemalarynyň hataryna ilatyň tiz garramagy we önümçiligiň ekologiýa ýetirýän zyýanyny girizmek mümkin. Hytaýda uzak ýyllaryň dowamynda alyp barlan «bir maşgala – bir çaga» syýasatynyň netijesinde döwletde ýaşlaryň sany garrylaryň sanyndan kemelip barýar. XXI asyryň başlarynda industrlaşdyrmak, urbanizasiýa we halkara söwdanyň täsirinde energiýanyň sarpy ýokary bolan agyr senagat giň gerimde tiz ösdi. Netijede zäherli gazlar Hytaýyň şäherlerinde örän agyr ekologik ýagdaýy getirip çykardy. Obalarda bolsa suwuň hapalanmagy esasy problema bolup gelýär. Bu ilatyň saglygyndan daşary milli ykdysadyýete hem uly zyýan ýetirýär. Hytaýyň hökümeti ýakyn gelejekde ekologik ýagdaýy gowulandyrmak boýunça çäreler işläp çykdy. Onda ekologik arassa şerti döretmek XXI asyryň esasy wezipesi hökmünde garalýar.

Hytaýyň wajyp problemalaryndan ýene biri terrorizm hasaplanýar. Aýratyn hem, Sinszýan-Uýgur awtonom ülkesinde terrorizm howpy örän güýçli. Diňe 2013-nji ýylda regionda 200-e golaý terroristik aktlar amala aşyryldy.

XX asyryň ahyryndaky reformalardan tapawutlylykda täze asyryň başlaryndaky reformalaryň esasy maksady ykdysady özgerişler bilen çäklenmedi. XXI asyryň başynda üns diňe ykdysady ösüşe däl-de, eýsem reformalar prosesinde peýda bolan sosial-ykdysady problemala-

ry çözmäge gönükdirildi. Bu problemalar esasan şäher bilen obanyň, döwletiň günbatar bölegi bilen gündogar böleginiň ösüşiniň arasyndaky tapawut bilen baglanyşykly. Ykdysady reformalaryň häzirki basgançagynda döwletiň esasy ünsi bazar gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilen.



Hytaý Halk Respublikasy

**Daşary syýasat.** Hytaý BMG Howpsuzlyk Maslahatynyň hemişelik agzasy hasaplanýar. Günbatar ýurtlary Hytaýyň daşary syýasatyny Koreýa Halk Demokratik Respublikasyny goldanlygy üçin tankyt edip gelýär. HHR-nyň hökümeti dünýäniň syýasatynda Hytaýyň roluny artdyrmaga gönükdirilen daşary syýasat alyp barýar we şonuň bilen bileleikde, ençeme halkara meseleler boýunça neýtral pozisiýany eýeläp gelýär.



**2001-nji ýylda . . .** **2013-nji ýylda . . .**
**“Hytaýyň reformalarynyň atasy” – bu . . .**
**2017-nji ýylyň oktýabrynda . . .**

ABŞ Hytaýyň esasy söwda hyzmatdaşy bolup gelýär. Emma iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklarda birnäçe problemalar hem bar.

Bu ilki bilen ABŞ-nyň Aziýa-Ýuwaş okeany regionynda öz täsirini güýçlendirmäge gönükdirilen syýasatynyň netijesinde peýda bolan garşylyklardyr. ABŞ-nyň bu syýasaty regiondan Hytaýy gysyp çykarmaga gönükdirilenligi üçin Pekiniň çynlakaý garşylygyna duçar bolup gelýär. Bu regionda dartgynlygyň artmagyna getirdi. Hytaý we ABŞ-nyň arasynda başlanan ýaraglanmak ýaryşy hem dartgynlygy has-da güýçlendirip gelýär.

Şoňa garamazdan, taraplaryň arasynda XXI asyryň başyndan ykdysady meseleler boýunça strategik ylalaşyk bar bolup, yzygider geçirilýän duşuşyklarda esasy problemalar ara alyp maslahatlaşylýar. Meselem, 2017-nji ýylyň noýabr aýynda ABŞ-nyň prezidenti D. Tramp Hytaýa resmi sapar bilen gelip, birnäçe ykdysady hyzmatdaşlyk meselelerini çözmegi başardy we 250 mlrd dollardan gowrak summadaky söwda ylalaşygyna gol çekdi.

HHR-yň daşary syýasatynyň esasy maksady Aziýa we Afrika döwletlerinde öz täsirini artdyrmaga gönükdirilendir. Munuň üçin Hytaý ýeterli derejede ykdysady, harby we syýasy mümkinçiliklere eýedir.



**Urbanizasiýa** – şäherleriň sanynyň köpelip, olarda döwletiň syýasy, ykdysady we medeni durmuşynyň jemlenmeginiň taryhy prosesidir.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. XX asyryň ahyry – XXI asyryň başlarynda HHR-da amala aşyrylan syýasy özgerişlerden nähili maksatlar göz öňünde tutulypdy?
2. Hytaýda amala aşyrylan ykdysady reformalar nähili netijelere getirdi?
3. XXI asyryň başlaryna gelip Hytaýda industrlaşdyrmak we urbanizasiýa bilen bagly nähili problemalar emele geldi?
4. Hytaýyň daşary syýasatynda ABŞ bilen gatnaşyklar nähili rol oýnaýar?

## Özbaşdak iş



Kartadan peýdalanyp, Hytaýyň taryhynda 1991 – 2017-nji ýyllarda esasy orun eýelän welaýatlary tapyň we düşündiriş ýazyň.

## 17-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA ÝAPONIÝA

**1990-njy ýyllarda Ýaponiýanyň ösüşi.** Bu döwürde Ýaponiýanyň syýasy durmuşynda liberal-demokratik partiýanyň (LDP) abraýy diklendi. 1990-njy ýylda häkimiýete gelen Tosiki Kaýfu Ýaponiýanyň halkara abraýyny artdyrdy. 1990-njy ýylda Kuweýtiň Yrak tarapyndan anneksiýa edilen wagtynda Ýaponiýa halkara harby kontinente, şeýle hem, Müsüre, Iordaniýa we Türkiýä maliýe taýdan kömek hökmünde birnäçe milliard dollar serişdesini berdi.



**Ýaponiýa haçan ähli içki önüminiň möçberi boýunça dünýäde ABŞ-dan soňky ikinji ýere çykypdyr?**

1990-njy ýyllardan başlap ykdysadyýetde döwletiň sektorynyň paýy kemelip bardy. Şeýle hem, senagaty döwlet tarapyndan tertibe salmaklyk hem peseldi. Bu döwürde Ýaponiýanyň esasy eksporty daşary döwletlere kapital çykarmaklyk bolup galdy. Daşary döwletlerde ýerleşdirilen inwestisiýalaryň möçberi 1 trln dollardan artyp gitdi. Ýaponiýa zähmetiň öndürijiligi boýunça hem Günbatar Ýewropa döwletlerinden öňe ötüp, ABŞ-a deňleşip bardy. 1990-njy ýyllarda bütin dünýäde işläp çykarylan wideoapparaturalaryň 90%-i, senagat robotlarynyň 2/3 bölegi Ýaponiýanyň paýyna dogry gelýärdi. Emma daşky bazara baglylyk 1997–1998-nji ýyllardaky «Aziýa krizisi»niň döwründe Ýaponiýa üçin uly kynçylyklary döretdi. Şoňa garamazdan, Ýaponiýanyň ykdysadyýeti krizisler döwründe özüniň uýgunlaşmagyny we çydamlylygyny görkezdi.

Içki syýasatda 1990-njy ýyllar hökümetiň durnuksyzlygy bilen harakterlenýär. Bu ýyllarda Ýaponiýada birnäçe koalision hökümetler çalşandan soň 1996-njy ýylyň ýanwarynda LDP ýene bir partiýaly hökümet düzmegi başardy. Oňa Rýutaro Hasimoto ýolbaşçylyk etdi. Ol «alty reforma»: 1) salgyt; 2) tälim ugrunda; 3) sosial üpjünçilikde; 4) ykdysadyýetde döwletiň dolandyryşyny peseltmek boýunça; 5) administratiw dolandyryşy desentralizasiýalamak boýunça; 6) senagat kompaniýalaryna ýer uçastoklaryny bölüp bermek boýunça reformalaryň başlanýanlygyny yglan etdi. Şeýle hem,



Keýdzo Obuti

R.Hasimoto täzeçe diplomatiýany görkezip, daşary syýasatda «ýewroaziýaçylyk» konsepsiýasyny ulanmaga hereket etdi. Ol Ýaponiýada birnäçe terrorçylyk aktlaryny amala aşyran «Aum Sinrikýo» sektasynyň işine çäk goýmak üçin eden berk hereketleri bilen hem tanaldy.



Ýaponiýa

XX asyryň ahyrynda Ýaponiýanyň içki syýasatynda LDP öňdebaryjylygy saklap galdy. 2000-nji ýylda Ýaponiýanyň premýer-ministri Keýdzo Obuti aradan çykandan soň bu wezipäni Ýosiro Mori eýeledi.

**Ýaponiýa XXI asyrda.** Ýaponiýa XXI asyryň başlarynda ykdysady durnukly ösüp barýan döwlet bolup gelýär. Ol 400 mlrd dollardan gowrak summa deň bolan önüm eksport edýär. Ýaponiýa gämi gurluşygy, traktor gurluşygy, metaly gaýtadan işleýän senagat üçin en-

jamlar öndürmek boýunça dünýäde birinji ýeri eýeläp gelýär. Ol polat, telewizorlar we awtomobil öndürmeklikde hem dünýäde öňdebaryjylardan hasaplanýar. Ýaponiýa ÄIÖ-iň möçberi boýunça dünýäde ABŞ we Hytaýdan soňky üçünji ýeri eýeläp gelýär.

Ýaponiýa ençeme adalardan ybarat döwletdir. Ol başga döwletlere garanda tebigatyň güýçlerine: okean boranlaryna, taýfunlara, ýer titremelerine köpräk baglydyr. Ýaponlar özleriniň önümçilik medeniýetinde ynha şu baglylygy kemeltmäge hereket edip gelýär. Emma tebigat güýçlerinden doly üstün bolmaklygyň mümkinçiligi ýok, diňe olaryň zyýanyny kemeltmek mümkin.


Sindzo Abe

2011-nji ýylyň mart aýynda Honsýu adasynda bolup geçen ýer titreme Ýaponiýa uly zyýan ýetirdi. Müňlerçe adamlar heläk boldy, 300 müňden gowrak adam öýsüz galdy. Birnäçe atom elektrostansiýalaryna zyýan ýetdi, Fukusima-1 atom elektrostansiýasyndan radioaktiw maddalar daş-töwerege ýaýrady. Döwlete örän uly ykdysady zyýan ýetdi.

Içki syýasatda esasan LDP-nyň öňdebaryjylygy saklanyp galdy. 2001-nji ýylda Ýaponiýanyň premýer-ministri wezipesini Junitiro Koidzumi eýeledi. Ol ýaş, gaýratly bolup, döwletde uly abraýa eýedi. J. Koidzumi Ýaponiýanyň konstitusiýasynyň döwlete özüniň ýaragly güýçlerine eýe bolmagyny gadagan edýän maddasyny gaýtadan görüp çykmagyň tarapdary boldy. J. Koidzumi üç möhlet hökümeti dolandyrdy. 2012-nji ýyldan başlap LDP-nyň öňdebaryjysy Sindzo Abe hökümeti dolandyryp gelýär.

Syýasy krizisler diňe Ýaponiýa üçin has bolan hadysa däldigini belläp geçmek gerek. Şoňa meňzeş hadysalar täze, postindustrial siwilizasiýa şekillenýän beýleki döwletlerde hem bolup geçýär. Ilatyň sosial düzümi özgerýär, jemgyýeti howatyrlandyrýan problemalaryň hem ähmiýeti başgaça görnüş alýar; ençeme öňki partiýalar krizisi başyndan geçirýärler – olar örän kynçylyk bilen täze şertlere uýgunlaşýarlar, hemişe hem täzeligi öz wagtynda kabul edip bilmeýärler. Ösen döwletleriň syýasy sistemasynda hem möhüm gaýtadan gurmak işleri amala aşyrylyp gelýär. Wekillik demokratiýasynyň ösüşi ýakyn gelejekde absolýut täze mazmuna eýe bolmagy mümkin, nähililigini wagt görkezýär. Emma häzirden başlap ýaponlar problemalaryň üstünlikli çözülmegine ynam bilen hereket edýärler.

Ýaponiýanyň daşary syýasatynda ABŞ bilen gatnaşyklar esasy orun eýeleýär. Ikinji jahan urşy gutarandan bäri Ýaponiýa ABŞ-nyň

regiondaky iň ýakyn söwda hyzmatdaşy we strategik arkadaşy bolup gelýär. Ýaponiýanyň Hytaý bilen aragatnaşyklary örän çylşyrymlydyr. 2005-nji ýylda J.Koidzuminiň hökümeti Taýwan adasy meselesinde ilkinji gezek ABŞ-y açyk goldanda Hytaý bilen aragatnaşyklary örän ýamanlaşdy. Dünýä jemgyýetçiligini howatyra salyp gelýän we 2017-nji ýylda has-da ýitileşen Demirgazyk Koreýa meselesinde hem Ýaponiýa bilen Hytaýyň arasynda gapma-garşylyklar bar.



**Desentralizasiýa** – bu kararlar kabul etmek boýunça ygtyýaryny we borçlaryny merkezden başga guramalara geçirmek.

**Sekta** – bu adamlaryň köplenç dar, örän fanatik we ekstremistik garaýyşlaryň ugrunda birleşmegi, umumy dini ugurdan çete çykmak.

**Harby kontingent** – bu belli bir harby wezipäni ýerine ýetirmek üçin düzülen goşunlaryň we harby tehnikalaryň kompleksidir.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. 1990-njy ýyllarda Ýaponiýanyň ykdysadyýetinde nähili özgerişler bolup geçdi?
2. Rýutaro Hasimoto nähili reformalary yglan etdi?
3. XXI asyrda Ýaponiýanyň durnukly ösüşi nähili faktorlara esaslanýar?
4. Ýaponiýanyň daşary syýasatynda ABŞ we Hytaý bilen aragatnaşyklar näme üçin esasy ugur hasaplanýar?

## Özbaşdak iş



“Ýapon ykdysady täsinligi” temasynda esse ýazyň.



Internetden peýdalanyp Ýaponiýa wirtual syýahat gurnaň we häzirki Ýaponiýanyň ösüşiniň esasy sebäplerini depderiňize ýazyň.

# 18-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA GÜNORTA-GÜNDOGAR AZIÝA ÝURTLARY

Günorta-Gündogar Aziýa (GGA) döwletlerine ösüş derejesi biri-birine ýakyn bolan Wýetnam, Kambodža, Laos, Mýanma, Tailand, Malaýziýa, Bruneý, Gündogar Timor, Indoneziýa we Filippin girýär. Bu döwletlerde ýarym milliarddan gowrak ilat ýaşaýar. Ösüşiň sosialistik ýoluny saýlan Wýetnam, Kambodža, Laos 1990-njy ýyllarda örän agyr ýagdaýda galdy. Olar dünýäniň iň garyp döwletleriniň hataryna girýärdi. Sosialistik ugurdaky hökümdar partiýalar häkimiýetde galan bolsa-da, olar öz döwletlerinde düýpli reformalary geçirmäge mejbur boldy.



**Günorta–gündogar Aziýada haýsy döwletler Ýaponiýanyň modeli esasynda ösüş ýoluny saýlapdyr?**

**Wýetnam, Kambodža, Laos.** 1991-nji ýylda bolup geçen Wýetnam Kommunistik partiýasynyň VII gurultaýy reformalar kursuny yglan etdi. Gurultaý erkin telekeçilige rugsat berdi, daýhanlar uzak möhlete ýere eýeçilik etmek hukugyny aldy.

Bazar reformalarynyň netijesinde durnukly ykdysady ösüş üpjün edildi, XX asyryň soňky ýyllarynda bu görkeziji ýylyna 9%-i düzdi. Daşary ýurt kapitaly üstünlikli özleşdirildi, inwestisiýalaryň moçberi artdy. XX asyryň ahyry–XXI asyryň başlarynda Wýetnamda daşary ýurt firmalarynyň gatnaşmagynda birnäçe taslamalar amala aşyryldy. Ykdysady üstünlikler ilatyň ýaşaýyş derejesini ösdürmäge mümkinçilik berdi. Bu bolsa köpmilletli döwletde durnuklylygyň girewi boldy.

Wýetnamyň ykdysady üstünlikleri hem ençe kändir. Häzir Wýetnam azyk eksporty boýunça Aziýa döwletleriniň içinde birinji, şaly eksporty boýunça dünýäde ikinji ýeri eýeläp gelýär.

**Kambodžada** häkimiýeti Ýokary milli maslahata bermek barasynda 1991-nji ýylyň oktýabrynda gutaran Pariž konferensiýasynda karar edildi. BMGnyň Kambodžadaky Wagtlaýyn administrasiýasy düzüldi we ol umumy saýlawlara taýýarlygy amala aşyrdy.

1999-njy ýylda Kambodža ASEANnyň deň hukukly agzasy boldy. XXI asyryň başlarynda Kambodža agyr ykdysady ýagdaýda bolup, halkara kömegiň hasabyna gün geçirýärdi. Döwletde «diri haryt» söwdasy giň ýaýran bolup, ata-eneler çagalaryny sähelçe pula satýar-

dylar. XXI asyryň başlarynda käbir gowy özgerişler bolup başlady. Saglygy saklamak we tälime gönükdirilen serişdeler köpeldildi, döwletde garyplygyň derejesini peseltmek çäreleri amala aşyryldy.




GGA döwletleri

**Laosda** 1991-nji ýylda konstitusiýa kabul edildi. Parlament – Milliý assambleýanyň kanunçylyk işi güýçlendi, Laos ASEAN-a agza boldy.

XXI asyryň başyna gelip ykdysadyýetiň diňe 10 % -i döwlete degişlidi. 1999-njy ýylda döwlet birinji gezek özüni şaly bilen üpjün etdi. Ýuwaş-ýuwaşdan Laosa daşary ýurt kapitaly gelip başlady, inflýasiýa peseldi, milli walýuta – kipanyň bahasy artyp barýar. Konstitusiýa görä döwletde bir partiýaly sistemanyň höküm sürmegine garamazdan, demokratiýanyň elementleri ýuwaş-ýuwaşdan peýda bolup başlady. 2016-njy ýylda bolup geçen parlament saýlawlarynda bir orna ortaça 1,5 sany kandidat dogry geldi.

**Gündogar Aziýa döwletleri.** 1980 – 1990-njy ýyllarda Gündogar Aziýa döwletleriniň ählisinde ykdysadyýet ýokary depginlerde ösdi. Bu olara 1990-njy ýyllaryň başynda dünýäde uly täsire eýe bolan «täze industrial döwletler» diýip atlandyrylýan toparyň hataryndan ýer almaga mümkinçilik berdi.


Mahathir Muhammet

**Malaýziýa** aýgytly ykdysady ösüş sebäpli korrupsiýany we döwletiň demirgazygyndaky yslam fundamentalistleriniň aktiwleşmegi bilen bagly bolan içki syýasy krizisi ýeňip geçdi. 1995-nji ýylyň aprelinde bolup geçen saýlawlarda doktor Mahathir Muhammediň ýolbaşçylygyndaky Malaýýa birleşen milli partiýasy (MBMP) ynamly ýeňiş gazandy we netijede yslam fundamentalistleriniň häkimiýete gelmeginiň öňüni aldy.

1990-njy ýyllardan başlap Malaýziýanyň ykdysady ösüş depginleri ýokary bolup, ol industrial ösen döwletleriň hataryna girmek üçin herek edýär. XXI asyryň başlaryna gelip döwlet diňe çig malyň möhüm görnüşlerini däl-de, eýsem örän uly möçberde senagat önümlerini hem eksport edip gelýär.

Malaýziýada döwleti ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli bolan maksatnamasy işläp çykylandyr. Oňa görä, 2020-nji ýyla gelip, Malaýziýa industrial ösen döwletleriň hataryndan orun almagy göz öňünde tutulan.


Joko Widodo

**Indoneziýa** 1990-njy ýyllardaky «Aziýa krizisi» örän güýçli täsir etdi. Ykdysady ösüş depginleri peseldi. Bu ilatyň köpçülikleýin närazyçylygyny getirip çykardy. Prezident Suharto otstawka çykmaga mejbur boldy. Bu döwre gelip döwleti yslam fundamentalizmi tolkuny gurşap alypdy. Musulmanlaryň arasynda gozgalaňlar, hristianlary gyrgyn etmek, döwletiň dürli çäklerinde çetlemeklik çykyşlary başlanyp gitdi.

2001-nji ýylda döwletiň prezidenti edip Megawati Sukarnoputriniň saýlanmagy ilat tarapyndan gowy garşy alyndy, rupiýanyň kursy tiz göterildi, fond bazary hem aktiwleşdi. 2014-nji ýylda bolup geçen nobatdaky saýlawlarda Joko Widodo Indoneziýanyň prezidenti edip saýlandy.



Filippinli Karen Ibasko – «Miss – 2017» dünýä gözelleri bäsleşiginiň ýeňijisi

**Filippinde** 1992-nji ýyldaky saýlawlarda general Fidel Ramos döwletiň prezidenti edip saýlandy. Ol günortadaky musulman çetleýjilerini derbi-dagyn etmäge hereket etdi, emma bu başa barmady.

Filippinde musulmanlaryň birnäçe radikal guramalary bar. Olaryň ygtyýarynda on müňlerçe gowy ýaraglanan, Owganystan we Demirgazyk Kawkazda tejribe artdyran, Yrak we Siriýada YŞYD-a baryp goşulan urşujylar bar.

Içki ýagdaýyň agyrlygyna garamazdan 1990-njy ýyllarda ykdysady ösüşi gowulandyrmaga gazanyldy. Filippin elektron we himiýa senagaty önümlerini öndürýän iň iri döwletleriň birine öwrüldi.

2016-njy ýylyň maý aýynda bolup geçen saýlawlarda Rodrigo Roa Duterte ýeňiş gazanyp, Filippiniň prezidenti boldy. Ol döwletde 2006-njy ýylda ýatyrylan ölüm jezasyny gaýtadan dikeltmegiň tarapdarydyr. 2016-njy ýylyň iýul aýynda döwletde narkotik söwdasy bilen bikanun meşgullanýanlara garşy kampaniýa başlanyp, narkotigiň söwdasy boýunça güman edilen 2 müňden gowrak adam öldürildi. Narkotik söwdasynda güman edilenleriň sud edilmän öldürilmegi dünýä jemgyýetçiligini howatyra salyp gelýär.

**Günorta-Gündogar Aziýa regionyndaky «täze industrial döwletler».** XX asyryň ikinji ýarymy – XXI asyryň başlarynda tiz modernizasiýalamagy amala aşyran Günorta Koreýa, Taýwan, Singapur, Gonkong ösüşiň ýokary depginlerini üpjün edip, «Aziýa ýolbarslary», «täze industrial döwletler» diýip atlandyrylyp başlandy. Olarda ilatyň ýaşamak derejesi örän gowulandy.

Bu döwletlerde senagatyň gämi gurluşygy, awtomobil gurluşygy, nebiti gaýtadan işleýän pudaklary we ýeňil senagat enjamlaryny öndürmeklik ösdi. Ýokary tehnologiýalary yglan etmek, kompýuterleşdirmek we robotlaşdyrmak boýunça ýokardaky döwletler dünýäde iň öňdebaryjylardan hasaplanýar.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Wýetnamda 1991-nji ýylda başlanan ykdysady reformalar nähili netijelere getirdi?
2. XXI asyrda Kambodža we Laosda nähili özgerişler bolup geçdi?
3. Gündogar Aziýa ýurtlary ösüşiň nähili derejesinde durýar?
4. GGA regionyndaky «täze industrial döwletler»de senagatyň haýsy pudaklary ösen?

## Özbaşdak iş



Günorta–Gündogar Aziýa döwletlerinde amala aşyrylan reformalar bilen garaşsyzlyk ýyllarynda Özbegistanda geçirilen reformalary deňeşdiriň. Meňzeş we tapawutly taraplaryny Wenn diagrammasynda görkeziň.

# 19-NJY TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA HINDISTAN RESPUBLIKASY

**1990-njy ýyllarda Hindistan.** Bu döwürde Hindistanyň ykdysady ýagdaýy ýamanlaşdy: dünýä ykdysadyýetinde ýüze çykan güýçden gaçma Hindistany hem çetläp geçmedi. Ykdysady ösüş togtady diýen ýaly, inflýasiýanyň derejesi ösdi, işsizlik artdy. Döwletde dürli etnik we dini toparlaryň arasynda garşylyk, umumy dartgynly ýagdaý güýçlendi. Şeýle ýagdaýda 1991-nji ýylda tamil terrorçysy tarapyndan Hindistanyň premýer-ministri Rajiw Gandi öldürildi.



**Mahatma Gandiniň alyp baran işleri hakynda nämeleri bilýärsiňiz?**

Häkimiýete gelen Narasimha Raonyň hökümeti bazar reformalarynyň täze basgançagyny başlady. Döwletiň sektory gysgardylyp, iri kärhanalar hususylaşdyryldy. Ykdysadyýete döwletiň aralaşmagy has-da kemeldildi. Birnäçe adatdan daşary çäreler hem amala aşyryldy. Hu-



Narasimha Rao

susan, rupiýa dewalwasiýa edildi, salgyt reformasy geçirildi, döwletiň walýuta gory dolduryldy.

1990-njy ýyllarda Hindistan düýpli üstünlikleri gazandy. Şol döwürde ÄIÖ-iň möçberi birnäçe esse artdy. Önümçiligiň ýokary ösüş depginleri üpjün edildi. Bu döwürde Hindistan özüniň altyn -walýuta goruny artdyrmaga hereket etdi, nebit gazyp almagy köpeltdi.

Oba hojalygy hem üstünlikli ösdi. 1992-nji ýyldan Hindistan galla eksport etmegi başlady. Döwlet köp sandaky önümler, şol sanda, ýokary tehnologiýa önümlerini hem eksport edýär. Meselem, ýokary hilli kompýuter programmalaryny satmakdan ýylyna birnäçe milliard dollar peýda alyp gelýär. Hindistan kompýuter programmalaryny döretmek ugrundaky ýokary derejeli kadrlaryň sany boýunça dünýäde ABŞ-dan soňky ikinji, ylmy-tehniki işgärleriň sany boýunça üçünji ýerde durýar.



Atal Bihari Wajpai

**Häzirki Hindistan.** 1998-nji ýylyň mart aýynda bolup geçen parlament saýlawlarynda Halk-demokratik alýansy ýeňiş gazanyp, onuň öňdebaryjysy Atal Bihari Wajpai premýer-ministr wezipesini eýeledi.

Ençeme tebigy kynçylyklara, şol sanda, döwletiň günbataryndaky gurakçylyga garamazdan, A.B. Wajpainiň hökümeti özüniň birnäçe maksatnamalaryny amala aşyrdy. Kaşmirdäki musulman separatizmini güýçsüzlendirmek boýunça çäreler geçirildi.

2000-nji ýylda döwletiň demirgazyk-günbatarynda üç sany täze ştat düzüldi. Hökümet döwletiň bu regionyny ösdürmäge uly üns berdi, şol maksatda birinji gezek ýörite ministrlik düzüldi.

A.B. Wajpainiň hökümeti ses bermegiň has-da erkinligini, saýlaw kampaniýasynda maliýe serişdeleriniň açyklygyny üpjün etmek maksadynda birnäçe saýlaw reformalaryny amala aşyrdy.




**1991-nji ýylda tamil terrorçysy tarapyndan Hindistanyň premýer-ministri Rajiw Gandi öldürildi.**

**2000-nji ýylda döwletiň demirgazyk-günbatarynda üç sany täze ştat düzüldi.**



Hindistan Respublikasy

Ykdysady ugurda A.B.Wajpainiň kabineti hojalyk işlerine hökümetiň dogrudan-dogry gatyşmagyny gysgaltmak çärelerini gördi. Ol en-çeme pudaklarda döwlet monopoliýasyny ýatyrdy, telekeçileriň we firmalaryň işiniň üstünden gözegçiligi kemeltdi, salgytlary azaltdy. Hökümet durnukly ykdysady ösüşi, Hindistanyň senagatynyň konkurensiýa çydamlylygyny, kompýuter tehnologiýalary, transport we aragatnaşyk ugurlarynyň ösüşini üpjün etdi. Emma ykdysadyýetiň has-da liberallaşmagy aýratyn hem ýaşlaryň arasynda işsizligiň ösmegine, garyplyk problemasynyň ýitileşmegine getirdi. Netijede 2004-

nji ýylyň maý aýynda bolup geçen saýlawlarda Hindistan milli kongressi (HMK) çepler bilen hyzmatdaşlykda ýeňiş gazandy.

Hökümeti Manmohan Singh dolandyryp başlady. Täze hökümet ownuk işläp çykaryjylary goldamaga, işsizligi kemeltmäge, ilatyň kem girdejili bölegini azyk önümleri bilen üpjün etmegi gowulandyrmaga, gedaýlaryň sanyny kemeltmäge, ynsanlaryň peýdalary üçin ykdysady reformalary geçirmäge wada berdi.

Hindistan – XXI asyrda dünýäniň ykdysady öňdebaryjylaryndan birine aýlanmaga dawa edýän döwletdir. 2006-njy ýylda yglan edilen Dünýä bankynyň prognozlaryna görä, 2025-nji ýyla gelip, Hindistanyň ykdysadyýeti dünýäde Hytaý we ABŞ-dan soňky üçünji ýere çykmagy mümkin. Hindistan häzirden başlap durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek, ýokary goşmaça baha eýe bolan sektory ösdürmek, şeýle hem, tälim we saglygy saklamak sistemasyny kämilleşdirmek ugrundan barýar. 2014-nji ýylda Hindistanyň premýer-ministri bolan Narendra Modi hem reformalar syýasatyny dowam etdirip gelýär.



Narendra Modi

Hindistanyň häzirki içki we daşky siýasatynyň emele gelmegine, XXI asyrda onuň ykdysady ösmegine täsir eden we täsir edip gelýän aýgytly faktor döwletiň demokratik ýoldan ösmegi boldy. Onda döwlet häkimiýetiniň ýolbaşçy organlarynda jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň wekilleriniň gatnaşmagy üçin mümkinçilik döredildi. Hindistanda sosial-ykdysady ösüşiň has ýokary depginleri ilatyň köp böleginiň ýaşaýyş şertini gowulandyrmaga mümkinçilik berdi, bu hind jemgyýetiniň we döwletiniň gazanan iň uly üstünligi hasaplanýar.



**1991-nji ýylda ...**
**1998-nji ýylyň martaynda ...**
**Demografik problema ...**
**Häzirki Hindistanyň problemalary ...**

Şoňa garamazdan, giň gerimdäki sosial problemalar döwletiň hemişelik ösmegine pasgelçilik bolup gelýär. Olaryň iň esasysy demografik problemadyr. 2017-nji ýylyň ahyryna gelip, Hindistanda ilatyň sany 1 mlrd 350 mln adamdan geçip gitdi. Döwletde 400 mln gedaýlar bar, ilatyň 1/3 bölegi diýen ýaly sowatsyz. Şeýle

hem, Hindistan köp etnosly, köp dilli, ilaty iň tiz köpelip barýan döwlet bolanlygy üçin etnik problemalar hemişe saklanyp gelýär. Olar, meselem, Penjapda sikhler, Assamda bengallar, Günorta Hindistanda tamiller, Kaşmir problemasy ýalylardan ybaratdyr. Bulardan başga, dini problemalar hem bar. Meselem, häzir Hindistandaky musulmanlaryň sany 160 mln adamdan geçip gitdi. Olaryň hindler bilen aragatnaşyklarynda gapma-garşylyklar bar. Gedaýlygy ýok etmek, işsizlik derejesini peseltmek we ilatyň ýaşaýyş derejesini gowulandyrmak hem heniz döwletiň we jemgyýetiň iň wajyp problemasy bolup gelýär.

Şol kynçylyklara garamazdan, Hindistan demokratik ösüş ýolundan aýgytly barýar. Bu döwletiň täze döwrüň çagyryşlaryna mynasyp jogap bermegi üçin güýçli esas hasaplanýar.

Daşary syýasatda Hindistanyň baş maksady dünýäniň öňdebaryjy döwletlerinden birine aýlanmakdyr. Ykdysadyýeti güýçli ösdürmek esasynda döwletiň ykdysady we syýasy gudratyny artdyrmak, ýadro ýaragyna we döwrebap tehnika eýe bolan güýçli armiýany döretmek şol maksada garadylandyr. Hindistan BMG Howpsuzlyk Maslahatynyň hemişelik agzasy bolmak üçin dyngysyz hereket edip gelýär.

XXI asyrda hem Hindistanyň daşary syýasaty adaty ugurda dowam edip gelýär. Bu syýasatyň esasyny jemgyýetde demokratik gymmatlyklar üstün bolan ýagdaýda döwletiň daşky howpsuzlygyny üpjün etmek kursy düzen bolup, bu kurs jemgyýetiň köp bölegi tarapyndan goldap gelinýär.



**Dewalwasiýa** – bu durnukly halkara walýuta görä milli walýutanyň resmi kursuny peseltmekdir.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Narasimha Rao hökümetiniň amala aşyran reformalarynyň netijesinde Hindistan 1990-njy ýyllarda nähili üstünlikleri gazandy?
2. A.B.Wajpainiň hökümeti nähili möhüm çäreleri amala aşyrdy?
3. Hindistan XXI asyrda nähili üstünlikleri gazanmagy maksat edip ösüp barýar?
4. XXI asyrda hind jemgyýetiniň öňünde nähili wajyp problemalar bar?

## Özbaşdak iş



Kartadan 1991–2011-nji ýyllarda Hindistanyň taryhynda esasy orun eýelän ştatlary tapyň we düşündiriş beriň.

## 20-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA TÜRKIÝE RESPUBLIKASY

**XX asyryň 90-njy ýyllary–XXI asyryň başlarynda Türkiýäniň syýasy ösüşi.** XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyry–90-njy ýyllarynyň başlarynda dünýäde bolup geçen syýasy özgerişler Türkiýä hem öz täsirini görkezdi. 1989-njy ýylda tanymal reformaçy Turgut Ozol Türkiýe Respublikasynyň prezidenti edip saýlandy. Saýlaw barasynda täze kanun kabul edilip, syýasy partiýalar üçin birnäçe ýeňillikler döredildi.

Emma bu ýeňilliklerden ilkinji nobatda dürli yslam dininiň tarapdarlarynyň partiýalary netijeli peýdalandylar. M.K.Atatürkiň döwründen bäri Türkiýe Respublikasynyň dünýewi ösüş ýolundan barmagyna özüni jobapkär hasaplap gelýän armiýa ýolbaşçylarynyň duýduryşyna garamazdan, jemgyýetde yslamçy partiýalaryň täsiri artyp başlady. Şeýle ýagdaýda 1993-nji ýylda T.Ozol wepat boldy. Türkiýäniň prezidenti edip Süleýman Demirel saýlandy.



**Türkiýäniň taryhynda Mustafa Kemal Atatürküň hyzmatlary nämelerden ybarat?**

1995-nji ýylyň ahyrynda nobatdan daşary parlament saýlawlary bolup geçdi. Saýlaw jemgyýetde yslam dininiň täsiriniň ösenligini ýene bir gezek görkezdi. Yslam dininiň tarapdarlarynyň Nejmiddin Erbakanyň ýolbaşçylygyndaky «Refah» (Asudalyk) partiýasy hemmeden köp ses aldy.

Şol döwürde kürtler problemasy hem wajyp boldy. Hökümetiň syýasatyndan närazy bolan Abdulla Ojalonyň ýolbaşçylygyndaky Kürt işçi partiýasy hökümete garşy uruş yglan etdi. Göze görnen syýasatçylara garşy terroristik aktlar amala aşyryldy. Diňe A.Ojalon tussag edilenden soň Kürt işçi partiýasynyň urşujy hereketleri ýatyrylyp, problemalary parahatçylyk ýoly bilen çözmäge karar edildi.

Ýurtda yslam dininiň tarapdarlarynyň abraýynyň güýçlenmegi dowam etdi, olar ýerli häkimiýet organlarynda gitdigiçe köp orun eýeledi, munuň üstüne hökümeti hem dolandyrdy. Köpçüligiň pikirine görä, nobatdaky saýlawlarda yslam dininiň tarapdarlary doly ýeňiş gazanmalydy. Mundan närazy bolan armiýa ýolbaşçylary prezident S. Demirele birnäçe gezek duýduryş berdiler.




**1993-nji ýylda T.Ozol wepat edenden soň Süleýman Demirel Türkiýäniň prezidenti edip saýlandy.**

**2000-nji ýyllarda-da harbylar bilen yslamçylaryň arasyndaky gatnaşyk Türkiýe üçin esasy problema öwrüldi.**

2000-nji ýylda bolup geçen parlament saýlawlarynda Demokratik çep partiýa ýeňiş gazandy. Döwletde yslam dininiň tarapdarlaryna bolan pugta pozisiýa saklanyp galdy. Türkiýe prokuraturasy «Nurçylar» guramasyny konstitusiýa garşy diýip yglan etdi. Bu gurama we «Hizbullah» partiýasynyň türk filialynyň işi gadagan edildi. Armiýanyň baş ştabynyň başlygy eger yslamçylar häkimiýete gelse, harbylaryň konstitusiýany goramaga taýýarlygy hakda ýene bir gezek duýduryş berdi. Şoňa garamazdan, 2002-nji ýyldaky saýlawlarda yslam dininiň tarapdarlarynyň Rejep Taýýip Erdoganyň ýolbaşçylygyndaky Adalat we ösüş partiýasy (AÖP) parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy. R.Erdogan suduň hökmüne görä syýasy wezipeleri eýelemek hukugyndan mahrum edilenligi üçin premýer-ministr wezipesini Abdullah Gül eýeledi.

Armiýa hüşgär bolup durdy. Harbylar ýagdaýy üns bilen gözegçilik etdi we zerur bolanda aralaşmaga taýýar durdy. 2003-nji ýylda R.Erdogan Türkiýäniň premýer-ministri wezipesini eýeledi.

**Ykdysady ösüş.** Türkiýäde ykdysady reformalar 1990-njy ýyllarda hem dowam etdirildi. ÄIÖ-iň ýyllyk ösüşi örän ýokary bolup, 1990-njy ýyllaryň ahyrynda eksportyň esasy bölegini senagat önümleri düzdi. Ýokary hilli önümler öndürýän birnäçe hususy karhanalar peýda boldy. Türkiýäniň walýuta gory köpelip, ÄIÖ jan başyna 3 müň dollardan geçdi. Türkiýe dünýä bazaryna konkurensiýa çydamly önüm ýetirip berýän ýokary derejede ösen döwlete aýlandy. XX asyryň ahyryna gelip Türkiýäniň esasy senagat önümleri Ýewropa döwletleriniň şeýle önümleri bilen arkaýyn bäsleşip bilýärdi.

Türkiýäniň örän uly problemasy döwletiň ähli pudaklaryny gurşap alan korrupsiýa bolup galdy. Şol mesele boýunça 2000-nji ýyllaryň başynda prezident bilen premýer-ministriň arasynda bölünenden soň maliýe krizisi bolup geçdi: döwletden inwestisiýalar gidip başlady.

Türkiýäniň Merkezi banky gatyşmaga mejbur boldy, bu bolsa gordaky daşary ýurt walýutasynyň birden kemelmegine getirdi. Netijede erkin goýlan liranyň birden hümmeti gaçdy. Emma krizisler Türkiýäniň soňky ýyllardaky ykdysady üstünliklerini ýoga çykaryp bilmedi. Türkiýe häzirki günde dünýäniň iň tiz ösüp barýan döwletlerinden biri bolup, G-20 klubynyň agzasy hasaplanýar.




Türkiýe Respublikasy

**XXI asyrda Türkiýe.** 2000-nji ýyllarda hem harbylar we yslam dininiň tarapdarlarynyň arasyndaky gatnaşyk Türkiýe üçin esasy problema bolup galdy. 2007-nji ýylda örän milletçi «Ergenekon» gizlin guramasynyň işi bilen bagly derňew we tussag etmek işleri başlandy. Türkiýäniň sudy üç sany otstawkadaky generallary döwlet agdarylyşygyny amala aşyrmaga hereket etmeklikde günäledi we her birini 20 ýyla tussag jezasyna höküm etdi. Dürli möhlete tussag edilenleriň arasynda ýazyjylar, žurnalistler, professorlar we parlament deputatlary hem bardy. Bu guramanyň agzalary R.Erdoganyň hökümetini agdaryp taşlamaga taýýarlyk görmeklikde günälendi. Guramanyň agzalary we olara pikirdeş käbir žurnalistleriň pikirine

görä, bu sud prosesi döwletde özüniň abraýyny pugtalandyrmaga hereket edýän hökümet tarapyndan gurnalan töhmetdi.

Şol döwürden Türkiýe Siriýadaky wakalara aktiw aralaşyp başlady. Siriýa bilen serhetdeş Diýarbekir awiabazasyna F–16 gyryjy samolýotlaryny ýerleşdirdi. NATO hem Türkiýäni goldamaga taýýarlygyny bildirdi.

2014-nji ýylda bolup geçen prezidentlik saýlawlarda R. Erdogan Türkiýe Respublikasynyň prezidenti edip saýlandy. Bu Türkiýede prezident dogrudan-dogry halk tarapyndan saýlanan ilkinji saýlawdy. Öň prezident parlament tarapyndan saýlanýardy. Referendumda ilat prezidentiň halk tarapyndan dogrudan-dogry saýlanmagy üçin ses berenden soň 2012-nji ýylda bu barada kanun kabul edildi.

2015-nji ýylyň ikinji ýarymynda Siriýada YŞYD-a garşy antiterrorçylyk operasiýasynda gatnaşýan Russiýanyň Su – 24 harby samolýoty Türkiýe tarapyndan atyp düşürildi. Bu iki döwletiň arasyndaky aragatnaşyklary kynlaşdyrdy, Russiýa Türkiýä garşy ykdysady sanksiýalar yglan etdi.



**2015-nji ýylyň ikinji ýarymynda...**
**2014-nji ýylda ...**
**R. Erdoganyň döwri...**

2016-njy ýylda Türkiýäniň harbylary nobatdaky döwlet agdarylyşygyny amala aşyrmaga hereket etdiler. Birnäçe harby bölümler Ankara, Stambul, Marmaris, Konýa we Malate şäherlerinde strategik möhüm obýektleri öz gözegçiligine almaga hereket etdiler. Stambul şäherindäki prezident saraýy samolýotlaryň kömegi bilen bombalandy. Şeýlelikde gozgalaňçylar Stambul we döwletiň paýtagty bolan Ankara şäherlerindäki halkara aeroportlary eýelediler. R.Erdogan gozgalaňçylaryň eýeläp ýetişmedik telekanaly arkaly halka ýüzlenme bilen çykyş etdi. Ilat prezidenti goldap şäherlerde çykyş etdiler. Agdarylyşyga hereket etmek dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan hem garalandy.

Gozgalaň basyp ýatyryldy. 60 müňden gowrak adam, esasan armiýa ofiserleri tussag edildi. Türkiýe armiýasynda, döwlet apparatynda täzelemek çäreleri geçirildi. Oppozisiýada gatnaşygy bar diýip hasaplanan onlarça gazetler, telekanallar ýapyldy. 2017-nji ýylyň aprelinde referendum geçirilip, onuň netijelerine görä, Türkiýede prezident dolandyrylyşygy ýola goýuldy.

Harby agdarylyşyga bolan hereketden soň oppozisiýa garşy aýgytly hereketleri üçin ABŞ we ÝS-y tarapyndan tankyda duçar bolan Türkiýäniň hökümeti Russiýa bilen ýakynlaşmak ýoluny tutdy.

Türkiýäniň prezidenti R. Erdogan Russiýanyň prezidenti W.Putin bilen birnäçe gezek duşuşyp, iki döwletiň arasyndaky üzülip galan söwda, ykdysady we gumanitar aragatnaşyklary dikeltmegi ylalaşyp aldylar. 2017-nji ýylyň noýabr aýynda Russiýanyň Soçi şäherinde W. Putin, R. Erdogan we Eýranyň prezidenti H.Ruhaniniň arasynda gepleşikler geçirilip, onda terrorçylyga garşy bilelikde göreşmäge, Siriýada parahatçylygy ornaşdyrmaga karar edildi.

### Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. 1990-njy ýyllaryň ahyry – 2000-nji ýyllarda Türkiýädäki syýasy prosesleriň aýratyn tarapy nämelerden ybarat?
2. Türkiýädäki syýasy proseslerde yslam faktory nähili rol oýnaýar?
3. Türkiýäniň ykdysady ösüşinde nähili problemalar bar?
4. Ýakyn Gündogardaky wakalar Türkiýäniň daşary syýasatynda nähili rol oýnaýar?

### Özbaşdak iş



Garaşsyzlyk ýyllarynda Özbegistan Respublikasy bilen Türkiýäniň arasyndaky gatnaşyklaryň hronologiýasyny düzüň.

## 21-NJI TEMA. 1991 – 2017-NJI ÝYLLARDA EÝRAN YSLAM RESPUBLIKASY

**XX asyryň ahyrlarynda Eýran.** XX asyryň ikinji ýarymy Eýran jemgyýetinde sosial-ykdysady we syýasy durnuksyzlyk döwri boldy. Emma edil şol döwürde döwlet üçin iň möhüm wakalar bolup, olar belli bir manyda häzirki Eýranyň ösüş ýoluny kesgitläp berdi.



**Eýranyň taryhynda “Ak rewolýusiýa” nähili netijeler bilen gutardy?**

Şol döwürde Eýran Yslam Respublikasynda möhüm syýasy prosesler bolup, dünýä taryhynda ilkinji gezek rewolýusion yslam XX asyrda

bütin yslam siwilizasiýasynyň öňünde duran problemalary çözmegiň serişdesine öwrüldi. Yslam dini Ýakyn Gündogar we Demirgazyk Afrikada örän gudratly sosial-syýasy güýç hökmünde meýdana çykdy we şol regionlarda Günbataryň gymmatlyklarynyň ýola goýulmagyna aktiw garşylyk görkezip gelýär.

1990-njy ýyllaryň başlarynda Eýranyň ykdysadyýeti hem asudalaşyp, ÄIÖ-iň tiz ösmegine getirdi. Yslam radikalizmi hem biraz peseldi. Eýran dünýäniň sport we medeniýet meýdanyna gaýtdy. 1999-njy ýylda Eýranyň «Asman çagalary» filmi ABŞ-da «Oskar» sylagyna hödürlendi. Döwletde saza, telewideniýä, internet-kafelere rugsat berildi. Aýallar hem aktiw sosial durmuşa gaýtdy.

Eýran halkara ýekelenmeden halas bolmak üçin reformalar geçirmäge mejbur boldy. 1997-nji ýylda reformaçylyk garaýyşlary goldaýan M. Hotamiý prezident edip saýlandy. Ol Eýranda demokratik we tolerant jemgyýeti gurmaga gönükdirilen reformalaryň başlananlygyny, şeýle hem, Günbatar döwletleri bilen aragatnaşyklarynda gowy özgerişler boljagyny yglan etdi. Emma reformalary amala aşyrmakda M. Hotamiý dini fanatikleriň güýçli garşylygyna duş geldi.


Mahmut Ahmadinajad

**Häzirki Eýran.** 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabr güni Nýu-Ýorkda amala aşyrylan terrorçylyk aktyndan soň ABŞ Eýrany «halkara terrorizmiň hyzmatdaşy» diýip atlandyrdy. Bu adalgadan gutulmak üçin Eýran köp işleri amala aşyrdy. «Hizbullah» ýolbaşçylary Eýrandan kowup çykaryldy, Sudandaky, Liwiýadaky, Bosniýadaky eýranly dini maslahatçylar çagyryp alyndy. Emma muňa garamazdan, ABŞ Eýrany gizlinlikde ýadro ýaraglaryny döredýänlikde günäledi. 2002-nji ýylda ABŞ-nyň prezidenti J.Buş Eýrany «ýowuzlyk daýanjy» döwletleriniň hataryna goşup, terrorizmi maliýeleşdirmekde günäledi. ABŞ Eýrany halkara izolýasiýa etmäge hereket etdi. Emma bu hereket Fransiýa, Germaniýa, Beýik Britaniýa tarapyndan makullanmady hem-de Eýrana harby tehnika ýetirip berip gelýän we atom elektrostansiýasyny gurýan Russiýanyň garşylygyna duş geldi.

2005-nji ýylda ultrakonserwator Mahmut Ahmadinajadyň prezident edip saýlanmagy Eýranda reformalaryň baryşyny, döwletiň dünýä jemgyýetçiligine gaýtmagyny az-kem haýallaşdyrdy. M. Ahmadinajad özünden öňki prezidentleriň birnäçe liberal reformalaryny togtadyp goýdy.

Humaýni wepat edenden soň Eýranda saklanyp galan teokratik režim has-da güýçlendi. Yslam hukugyna (şerigata) esaslanan kanunlar ynsan

hukuklary boýunça birnäçe problemalary döretdi. Meselem, şol döwürde Eýran ölüm jezasyny amala aşyrmak boýunça dünýäde ikinji ýerde (Hytaýdan soň) durýardy. 2006-njy ýylda döwletde iki ýüzden gowrak adam, şol sanda, ýedi sany kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar öldürildi. Daşary syýasatda M. Ahmadinejad konserwatiw garaýyşlara amal etdi. Ol J. Buşuň administasiýasyny güýçli tankyt etdi, Eýranyň arap ýurtlary we Russiýa bilen hyzmatdaşlygygyny güýçlendirmegiň tarapdary boldy.




Eýran Yslam Respublikasy

**1997-nji ýylda Eýranda reformaçylyk garaýyşlary goldaýan M.Hotamiý prezident edip saýlandy.**

**2002-nji ýylda ABŞ-nyň prezidenti J.Buş Eýrany "Ýowuzlyk daýanjy" ýurtlarynyň hataryna goşup, terrorizmi maliýeleşdirmekde günäledi.**

2009-njy ýylda nobatdaky prezident saýlawlary bolup geçdi. Saýlawlarda şol wagtdaky prezidentden daşary ýene üç sany kandidat gatnaşdy. Esasy göreş konserwator-prezident M.Ahmadinejad bilen reformalar wada berip gelýän Mir-Hüseýn Musawiýiň arasynda geçdi. Emma birinji turuň özünde M.Ahmadinejad ýeňiş gazandy.



Eýranly sportçy gyzlar

Oppozision tarap saýlawlaryň netijesini boýun almady. Tähran we başga birnäçe şäherlerde demonstrasiýalar we polisiýa bilen çaknyşyklar bolup geçdi. Käbir oppozision partiýalaryň agzalary tussag edildi.

Bar bolan problemalara garamazdan, XXI asyrda Eýran gedaýlyk, sowatsyzlyk we gazap batgasyna batan döwlete düýbünden meňzemeýär. Häzirki Eýran – Orta Gündogaryň iň iri ykdysadyýetine eýe bolan industrial ýurt. Ol 2009-njy ýylda Semnondaky kosmodromdan Safir – 2 raketasynyň kömegi bilen özüniň «Umyt» atly emeli hemrasyny asman giňişligine çykaryp, kosmosy özleşdirýän döwletleriň hataryndan orun eýeledi.

Eýranda tälim we ylym ösen, urbanizasiýa derejesi 70%-e golaýlaşýar, saglygy saklamak we sosial üpjünçilik sistemasy gowy ýola goýlan. Eýran ýaşlar döwletidir, ilatynyň ýarymyny 30 ýaşdan kiçi bolan ýaşlar düzýär. Eýranyň häzirki problemalarynyň içinde iň wajyplary işsizlik we inflýasiýa derejesiniň ýokarylygy bolup gelýär.



**Tolerantlyk** – bu özgeçe dünýägaraýşa, durmuş derejesine, gylyk-häsiýetine we däp-dessurlaryna sabyrtakatly bolmakdyr.

**Izolýasiýa** – halkara jemgyýetçilikden bölüp goýmak, ýekelemek.

**Ultrakonserwator** – bu ýiti konserwatiw garaýyşlara eýe bolan fanatik adam.

2013-nji ýylyň iýun aýynda bolup geçen prezidentlik saýlawlarynda Hasan Ruhaniýiň ýeňiş gazanmagy Eýranda bolup geçýän çuňňur özgerişleri aňladýar. Eýranyň dünýä bileleşigine doly integrirlenmegine päsgel berip duran ýadro maksatnamasy hem on ýyldan artyk dowam eden gepleşiklerden soň 2015-nji ýylyň iýulynda Eýran bilen alty sany döwlet (ABŞ, Russiýa, Hytaý, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Germaniýa)



Hasan Ruhany

wekilleri tarapyndan gol çekilen ylalaşyk arkaly çözüldi. Eýran 15 ýylyň içinde baýlaşdyrylan uran öndürmeýän, öwezine Günbatar döwletleri 2015-nji ýylyň ahyryndan oňa garşy ulanylan sanksiýalary basgançaklaýyn ýatyrýan boldy. Şeýle ýagdaýda, 2016-njy ýylyň fewral aýynda Eýranda parlament saýlawlary bolup geçdi. Saýlawlarda reformaçylaryň koalisiýasy konserwatorlardan köpräk ses aldylar. Bu döwletdäki gowy özgerişler üçin esas bolup, prezident Hasan Ruhaniýiň abraýynyň ýokarylygyny görkezdi.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Prezident M. Hotamiý demokratik reformalary geçirmekde nähili garşylyklara duş geldi?
2. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabryndan soň Eýran bilen ABŞ-nyň arasyndaky aragatnaşyklarda problemalaryň güýçlenmegine nämeler sebäp boldy?
3. M. Ahmadinejadyň ultrakonserwatiw syýasaty Eýranyň jemgyýetinde nähili problemalary getirip çykardy?
4. Häzirki Eýranyň üstünlik we problemalary hakynda aýdyp beriň.

## Özbaşdak iş



Tema degişli esasy düşünjeleri sözlügiň kömeginde terjime ediň we depderiňize ýazyň.

# 22-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA PAKISTAN WE OWGANYSTAN

**Pakistan.** 1990-njy ýyllarda Pakistanda gyzgyn syýasy prosesler we häkimiýetiň ýokary derejesinde korrupsiýa bilen bagly bolan dawalar dowam etdi. Benazir Bhuttonyň hökümeti otstawka çykarylandan soň 1990-njy ýylda geçirilen saýlawlarda ýeňip çykan Musulman ligasy partiýasynyň ýolbaşçysy Nawaz Şarif häkimiýeti dol-

andyrdy. Emma 1993-nji ýylda prezident Gulam Ishakhan täze hökümeti hem korrupsiýada we dogan-garyndaşçylykda günäläp, otstawka çykardy. Şol ýylda bolup geçen saýlawlarda ýeňiş gazanan B.Bhutto ýene premýer-ministr wezipesini eýeledi. Emma 1996-njy ýylda prezident Sardar Faruk Ahmadhan Legari Milli assambleýany dargadyp goýberdi we B.Bhuttonyň hökümetini ýene-de otstawka çykardy. Geçirilen parlament saýlawlarynda Pakistan halk partiýasy (PHP) güýçli ýeňlişe sezewar boldy.


Benazir Bhutto



**Pakistanyň taryhynda 1977-nji ýylda nähili waka bolup geçdi?**

1999-njy ýylyň güýzünde Pakistanda ýene harby agdarylyşyk amala aşyrylyp, häkimiýete general Parwez Muşarrafyň ýolbaşçylyndaky harbylar geldi. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Nýu-Ýorkda bolup geçen terrorçylyk aktyndan soň Pakistan terrorçylyga garşy ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda düzülen koalisiýa goşuldy. Emma ençeme pakistanlylaryň pikirine görä ABŞ terrorçylara däl-de, eýsem musulmanlara garşy göreşe girişdi. ABŞ bilen ýakynlaşmak kursuny saýlan P.Muşarrafa garşy janyna kast etmek gurnaldy. Ol jenaýatlarda terrorçylary günäledi we döwleti olardan arassalamaga wada berdi. 2003–2005-nji ýyllarda Pakistanyň armiýasy ABŞ-nyň kömeginde goňşy Owganystanyň çäklerinde harby operasiýalar alyp bardy. Yslam fundamentalistleri bolsa P.Muşarrafy duşman diýip yglan edip, ony agdaryp taşlamaga wada berdi. Köpçüligiň pikirine görä, P.Muşarraf döwletde ýagdaýy gowulaşdyryp bilmedi we otstawka çykmaga mejbur boldy. 2008-nji ýyldaky saýlawlarda PHP-nyň ýolbaşçysy Asif Ali Zardari prezident edip saýlandy. 2013-nji ýyldaky parlament saýlawlaryndan soň Muhammet Nawaz Şarif premýer-ministr wezipesini eýeledi.


Parwez Muşarraf

Pakistan ösýän agrar-industrial ýurt. Ol BRIKS döwletleri bilen bir hatarda, XXI asyrda dünýäniň iň iri ykdysadyýetlerinden birine öwrülmek mümkinçiligine eýe bolan on bir ýurduň hataryna girýär.


Nawaz Şarif

Häzir ilatynyň köp bölegi oba-hojalygy bilen meşgullanýar. Eksport edilýän esasy öňümlere dokmaçylyk, deri önümleri, sport enjamlary, himiki maddalar we halylar girýär. Senagatyň gaýtadan işleýän, nebit, dag-magdan pudaklary ösüp barýar. ŞHG-nyň 2016-njy ýylda Daşkentde bolup geçen sammitinde Pakistany gurama kabul etmek tertibi we möhletleri barasyndaky resminama gol çekildi.

**Owganystan.** SSSR dargap gidenden soň Owganystanda ýagdaý has agyrlaşdy. 1992-nji ýylyň aprel aýynda Kabul şäherine mujahidleriň otrýadlary girip geldi.



**Sowet döwletine ýüzlenip, Owganystana sowet goşunlarynyň girizilmegini soran şahs kimdi?**

Owganystanda häkimiýeti Jihat maslahaty diýip atlandyrylan topar öz eline aldy. Döwletiň ady Owganystan Yslam Respublikasy diýip özgerdildi, ähli kanunlar ýatyrylyp, şerigat düzgünleri yglan edildi. Emma mujahidleriň arasynda başlanan gelişmezçilik täze uruş hereketlerine getirdi, müňlerçe adamlar gurban boldy, ilçihana we halkara missiýalar Owganystany terk etdi. 1994-nji ýylda dawalara täze syýasy güýç–yslam fundamentalisleriniň talybanlar hereketi goşuldy. Olaryň öňdebaryjysy molla Omar Owganystanda raýatlyk urşuny gutaryp, yslam tertibini ornatmagy yglan etdi. Olar 1996-njy ýylyň sentýabrynda Kabuly eýeläp, döwleti «Owganystan Yslam emirligi» diýip yglan etdi.

Talybanlar Owganystanda yslam tertiplerini berk ornadyp başlady. Şol bir wagtda bu ýerde dürli görnüşdäki terrorçylar ýerleşip aldy. Talybanlar režimi bilen hyzmatdaşlygy ýola goýan halkara terrorçy Usoma bin Ladin hem Owganystana geldi. Ol terrorçylary taýýarlamak üçin harby bazalar we lagerler sistemasyny döretdi. Talybanlar režimi Usoma bin Ladini halkara suda tabşyrmakdan baş tartandan soň BMG-nyň Howpsuzlyk Maslahaty (HM) Owganystana garşy ykdysady sanksiýalary yglan etdi.

Halkara jemgyýetçilik tarapyndan kabullanmagyndan umydyny üzen molla Omar yslama çenli bolan ähli obýektleri, taryhy ýadygärlikleri ýok etmäge buýruk berdi. V asyra degişli iki sany gadymy ýadygärlik–gaýa oýup ýasalan Buddanyň uly heýkelleri ýok edildi. Musulman

bolmadyk ilatyň öz geýimine sary belgi dakyp ýörmegi hakynda kabul edilen dekret dünýä jemgyýetçiliginiň gazabyny gozgady. BMG HM talybanlar hökümetine garşy sanksiýalary güýçlendirmek barasynda täze rezolýusiýany kabul etdi.




Pakistan we Owganystan

2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Nýu-Ýorkda gurnalan terrorçylyk aktlary üçin jogapkärçiligi ABŞ-nyň administrasiýasy «Al-Kaida» guramasy bilen Usoma bin Ladine ýükledi we terrorçylaryň bazalaryny bombalady. Talybanlaryň goşunlaryna garşy güýçleriň üstünlikli hüjümlerinden soň talybanlaryň hökümeti agdarylyp, döwlete halkara harby güýçler ýerleşdirildi.



**1994-nji ýylda ...**
**1996-njy ýylyň sentýabrynda ...**
**V asyra degişli ...**

2002-nji ýylyň iýun aýynda bolup geçen umumowgan Loýýa Jirgasynda Hamid Karzaý Owganystanyň prezidenti edip saýlandy. Owganystana 5 mlrd dollar halkara kömek berildi. Emma döwletiň içinde terrorçylyk hereketleri dowam etdi.

2003-nji ýylda Owganystanyň täze konstitusiýasy kabul edildi. Ýurt «Owganystan Yslam Respublikasy» adyny aldy. Täze konstitusiýa ýurtda prezidentlik dolandyryşyny girizdi, iki palataly parlamentiň, özbaşdak sud sistemanyň düzülmegini göz öňünde tutdy, şeýle hem, raýatlaryň demokratik hukuklaryny we azatlyklaryny yglan etdi. Konstitusiýa az sandaky milletleriň hukuklaryny kepillendirdi, hemmäniň, şol sanda, erkekleriň we aýallaryň kanunyň öňünde deňligini we ynam erkinligini ornaşdyrdy.



Hamid Karzaý

Konstitusiýa saýlawlar we syýasy partiýalar düzmek üçin ýol açyp berdi. 2004-nji ýylda bolup geçen prezidentlik saýlawlarynda Hamid Karzaý Owganystanyň prezidenti edip saýlandy.

2005-nji ýylyň sentýabrynda geçirilen parlament saýlawlarynda yslam dininiň tarapdarlary bolan partiýalar uly täsire eýe boldy we umuman parlament oppozision harakterinde boldy. Şol döwürde döwletiň esasy problemalaryndan biri narkotik söwdasy bilen baglanyşyklydy. BMG-nyň habaryna görä, 2005-nji ýylda dünýädäki narkotik söwdanyň 87%-i Owganystana dogry gelýär. 2007-nji ýyldan başlap narkotik söwdasy peselip başlady, emma 2017-nji ýylda ýene has artdy.



1970-nji ýyllardaky we häzirki owgan ýaşlary

**2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Nýu-Ýorkda guralan terrorçylyk aktlary üçin jogapkärligi ABŞ hökümeti «Al-Kaida» guramasy bilen Usoma bin Ladine ýükledi.**

**2002-nji ýylyň iýunynda bolup geçen umumowgan Loýýa Jirgasynda Hamid Karzaý Owganystanyň prezidenti edip saýlandy.**

H. Karzaýyň hökümetiniň bar bolan problemalary çözmäge güýjüniň ýetmeýänligi dünýä bileleşigini Owganystana berilýän kömegi güýçlendirmäge, döwleti dikeltmekde aktiw gatnaşmaga çagyrdy. Şeýle hem, tälim sistemasyny giňeltmek, sosial meseleleri çözmek we gedaýlyga garşy göreşmek, transport we energetika infrasistemasyny modernizasiýa etmek planlaşdyryldy.



Muhammet Aşraf Gani

2014-nji ýylda bolup geçen prezidentlik saýlawlarynyň ikinji turunda Muhammet Aşraf Gani Owganystanyň prezidenti, Abdulla Abdulla bolsa hökümetiň başlygy wezipelerini eýeledi.

Emma Owganystanda heniz berk parahatçylyk ornaşdyrylmady. 2016–2017-nji ýyllarda birnäçe terrorçylyk hereketleri amala aşyrylyp, netijede onlarça adamlar gurban boldy, ýüzlerçesi jebirlendi. Owganystanyň öňki prezidenti Hamid Karzaý çykyş edip, ýurtdaky durnuksyz ýagdaýyň sebäbi hökmünde regionda ABŞ-nyň alyp barýan syýasatyny görkezdi we ABŞ-nyň hökümetini öz ýalňyşlyklaryna ykrar bolmaga çagyrdy.

**Loýýa jirgasy** – bu owgan taýpalary tarapyndan saýlanýan umumowgan aksakgallarynyň maslahaty.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Pakistanda P. Muşarrafyň nähili syýasaty onuň otstawka çykmagyna sebäp boldy?
2. Pakistanda ykdysadyýetiň haýsy pudaklary gowy ösen?
3. SSSR dargap gidenden soň Owganystanda nähili syýasy ýagdaý emele geldi?
4. Häzirki Owganystanyň esasy problemalary nämelerden ybarat?

## Özbaşdak iş



Owganystanyň syýasy kartasy bilen tanyşyň we taryhy wakalar bilen baglanyşyklylykda düşündiriş ýazyň.



Temadaky teksti okaýan wagtyňyzda nätanyş bolan sözleri depderiňize ýazyň we sözlükleriň kömeginde düşünjeleri analiz ediň.

## 23-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA SIRIÝA WE YRAK

**Siriýa.** 1943-nji ýylda Siriýa öz garaşsyzlygyny yglan etdi. Häzirki döwürde ol şu gysga taryhyň dowamyndaky iň çuňňur syýasy krizisi başyndan geçirýär.



**Gadymky döwürde Siriýada we Müsürde nähili döwletler bolupdyr?**



Başar Asad

1970-nji ýylda harby agdarylyşyk arkaly häkimiýete gelen Hafiz Asad Siriýany 2000-nji ýyla çenli dolandyrdy. Şol döwürde döwlet uly ösüş ýoluny basyp geçdi. Nebit we gaz gorlary işe düşürildi, senagat we oba-hojalygy ösdi, ilatyň sany köpelip, ýaşaýyş derejesi gowulandy. Emma 1990-njy ýyllarda ykdysadyýetde durgunlyk başlandy. Munuň sebäpleri şol döwürde bolup geçen sosialistik sistemanyň krizisinden daşary Siriýanyň täze taryhyndaky iň elhenç gurakçylyk bilen hem baglydy.

Şeýle ýagdaýda 2000-nji ýylda H. Asad aradan çykdy. Ýurtda geçirilen referendumyň netijesine görä häkimiýete H.Asadyň ogly Başar Asad geldi.

B. Asad atasyndan tapawutlylykda daşary syýasatda «ýumşak» kurs alyp bardy. Ysraýyl bilen Jölan depelikleriniň meselesinde gepleşikleri

gaýtadan ýola goýdy. 30 ýyldan bäri Liwanda duran Siriýanyň goşunlaryny ol ýerden alyp çykdy. Yragyň diktatory Saddam Hüseýin bilen ýaraşdy.

Içki syýasatda syýasy partiýalaryň işine rugsat berdi, korrupsiýa garşy örän aýgytly çäreleri gördi. Şol bir wagtda atasynyň hökümdarlyk eden döwrüni tankyt eden emeldarlary hem jezalady.

Ykdysadyýetdäky durgunlygy B. Asad söwda we maliýe pudagyny liberallaşdyrmak arkaly ýeňip geçmäge hereket etdi. Emma bu diňe Damask we Halab (Aleppo) ýaly iri şäherlerde ykdysadyýetiň janlanmagyna getirdi. Obalar we kiçi şäherlerde bolsa işsizleriň sany artyp gitdi. Mundan daşary, şol döwürde goňşy döwletlerden gelen gaçgaklar hem Siriýanyň uly problemasyna öwrüldi. 2011-nji ýylda Siriýada ýarym milliona golaý palestinli we bir milliondan gowrak yrakly gaçgaklar bardy.




Siriýa we Yrak

**1970-nji ýyldaky harby agdarylyşyk arkaly häkimiýete gelen H.Asad Siriýany 2000-nji ýyla çenli dolandyrdy.**

**Siriýada 2000-nji ýylda H.Asad aradan çykdy, referendumyň netijesine görä häkimiýete Başar Asad geldi.**


Siriýadaky elhenç urşuň netijeleri

2000-nji ýyllarda arap döwletlerinde başlanan «Arap bahary» atly rewolýusion prosesler Siriýany hem gurşap aldy. 2011-nji ýylda döwletiň günortadaky Darýa şäherinde juma namazyndan soň başlanan gozagalaňlar «Juma rewolýusiýasy» adyny aldy. Gozgalaňçylar B.Asadyň režimini agdarmagy, demokratik reformalar geçirmegi talap etdiler.

Dawalarda prezident B.Asadyň tarapynda Siriýa arap armiýasy we oňa garşy bolan Siriýa «aralyk» oppozisiýasynyň Siriýa azatlyk armiýasy, kürtler otrýadlary, şeýle hem, dürli görnüşdäki terrorçy guramalar–«Yrak we Şam yslam döwleti» (YŞYD), Jabhat an-Nusra we şoňa meňzeşler gatnaşdylar. Şeýlelikde döwletde raýatlar urşy başlanyp, arap döwletlerinden, bütin dünýäden gelen dürli görnüşdäki terrorçy toparlar hökümet goşunlary bilen söweş alyp bardylar.

2013-nji ýylda Yrakda we Siriýanyň bir bölek çäginde terrorçy toparlar «Yrak we Lewant yslam döwleti» diýip atlandyrylýan döwleti düzdüler. 2014-nji ýylda ol «Umumdünýä halifatlygy» diýip yglan edildi. Bu ýagdaý ABŞ we onuň soýuzdaşlaryny harby interwensiýany amala aşyrmaga ündedi. Olar 2014-nji ýylyň sentýabryndan başlap Siriýadaky terrorçylaryň pozisiýalaryny bombaladylar. 2015-nji ýylyň sentýabryndan başlap şeýle harby operasiýany geçirmekde Russiýanyň harby-kosmiki güýçleri hem gatnaşýar. Dawada Türkiýe, Eýran, Saud Arabystany, Iordaniýa, Yrak, Liwan, Ysraýyl ýaly döwletleriň hem bähbitleri göze görünýär. Şeýlelikde Siriýanyň çäkleri örän uly, her biri öz bähbitlerini oýlap hereket edýän halkara güýçleriň çaknyşyk meýdanyna öwrüldi.

Urşuň netijesinde 2017-nji ýylyň sentýabr aýyna çenli döwleti 4 mln-dan gowrak adam terk etdi. 2017-nji ýylyň ahyryna gelip, Siriýanyň armiýasy Russiýanyň harby-kosmiki güýçleriniň we ABŞ-nyň ýolbaşçylygyndaky halkara koalisiýanyň kömeginde döwlet çäklerininiň ählisini diýen ýaly urşujylardan azat etdi. Ilatyň bir bölegi öz öýlerine gaýdyp başlady. Dekabr aýynda W. Putin Siriýadaky Russiýanyň harby-kosmiki güýçleriniň esasy bölegini öz ýerine gaýtarmak barasynda buýruk berdi.

**Yrak.** 1932-nji ýylda öz garaşsyzlygyny yglan eden Yrakda 1968-nji ýylda häkimiýete Arap sosialistik oýanyş (BAAS) partiýasy geldi. Hökümeti prezident Hasan al-Bakr dolandyrdy, emma real häkimiýet goranmak ministri Saddam Hüseýniň eline geçdi. Bu prosesler Yraga nebit-

den gelýän girdejiniň örän köp ösen döwrüne dogry geldi. Ilatyň durmuş derejesi has-da gowulandy.


Saddam Hüseýn

1979-njy ýylda Saddam Hüseýn resmi Yragyň prezidenti edip saýlandy. 1980-nji ýylyň sentýabrynda Yrak Eýrana garşy uruş başlady. Bu uruş XX asyryň iň uzak dowam eden çäkleýin çaknyşygy boldy. Ol ençeme gurbanlara sebäp boldy.

1990-njy ýylda Yrak ýene bir halkara jenjele sebäp boldy. Ol Kuweýde çozup girip, onuň çäklerini eýeläp aldy. BMG-nyň Howpsuzlyk geňeşi Kuweýtden Yrak goşunlarynyň tizlik bilen alyp çykyp gidilmegini talap etdi. Yraga garşy sanksiýa yglan edildi. Birnäçe aýlyk diplomatik hereketlerden soň 1991-nji ýylyň ýanwarynda ABŞ-nyň ýolbaşçylygyndaky halkara güýçler Kuweýdi azat etmek boýunça «Sähradaky boran» operasiýasyny başlady. Yragyň armiýasy doly derbi-dagyn edildi. Gözegçiler S.Hüseýniň agdarylmagyny takmyn edipdiler, emma ol öz häkimiýetini saklap galdy.

Häkimiýeti pugtalandyryp bolup, S.Hüseýn BMG-nyň Yragyň harby maksatnamalaryny togtatmaga gönükdirilen hereketlerine garşylyk görkezdi. Ol BMG-nyň inspektorlaryny ABŞ-nyň peýdasyna içalylyk etmeklikde günäledi we ähli halkara inspektorlary döwletden kowup çykardy. Şondan soň, 1999–2000-nji ýyllarda ABŞ-nyň ýolbaşçylygyndaky halkara güýçler Yragyň harby obýektlerini bombaladylar. 2003-nji ýylda ABŞ we Beýik Britaniýanyň goşunlary Bagdada basdyryp girdi. S. Hüseýniň hökümeti agdaryldy. Amerikalylar we olaryň soýuzdaşlary bütin döwletiň çäklerinde öz gözegçiligini ornatdylar. Olar S. Hüseýniň iki ogluny we ýaş agtygyny öldürdiler. 2003-nji ýylyň dekabrynda S.Hüseýniň özi-de ele alyndy we asyp öldürildi.

Diktator öldürildi. Emma wada berlişi ýaly Yrakda demokratiýa we parahatçylyk ornaşdyrylmady. ABŞ we onuň soýuzdaşlary Yrakdaky ýagdaýy jylawlap bilmedi. Terrorçylyk hereketleri öjükdi. Bularyň netijesinde ençeme günäsiz adamlar gurban boldy.

2005-nji ýylda kabul edilen konstitusiýa görä Yrak onuň halkyny düzýän üç sany etnos–arap-sünnüler, arap-şaýylar we kürtleriň ylalaşygyna esaslanan parlamentar federatiw respublika diýip yglan edildi.

S.Hüseýniň wagtynda häkimiýetde bolan sünniler indi oppozisiýanyň tarapyna geçdi. Emma 2010-njy ýylda bolup geçen parlament saýlawlarynda garaşylmadyk ýagdaýda oppozision sünniler ýeňiş gazandy. Emma ýerlerde real häkimiýet dürli ýaragly toparlaryň elinde galdy.

Olar özleriniň eýeleýän çäklerinde şerigatyň kanunlaryny yglan edip, müňlerçe günäsiz adamlary orta asyrdaky usullar bilen öldürdiler. Millionlarça adamlar gaçgak boldular.



**1990-njy ýyllarda ...**
**1991-nji ýylyň ýanwarynda ...**
**2013-nji ýylda ...**
**"Sähradaky tupan" operasiýasy ...**

ABŞ-nyň hökümeti, şol sanda, prezident B. Obama ABŞ-nyň Yraga görä alyp baran syýasatynyň ýalňyş bolanlygyny boýun aldy. Köpçülik spesialistler Amerikanyň syýasaty Ýakyn Gündogarda ýagdaýyň ýitileşmegine, YŞYD ýaly terrorçy guramalaryň peýda bolmagyna sebäp boldy, diýip hasaplaýarlar. 2016-njy ýylyň dekabrynda ABŞ-nyň prezidenti edip saýlanan D. Tramp Ýakyn Gündogardaky öz syýasatyny gaýtadan seretmegi wada berdi.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Siriýada syýasy krizisiň gelip çykmagyna we raýatlar urşunyň başlanmagyna nähili faktorlar sebäp boldy?
2. Siriýadaky uruşda haýsy döwletleriň bähbitleri görünýär?
3. Saddam Hüseýniň nähili hereketleri Yragyň halkara güýçler tarapyndan bombalanmagyna getirdi?
4. S.Hüseýniň agdarylmagy näme üçin Yraga parahatçylyk alyp gelmedi?

## Özbaşdak iş



Kartadan peýdalanyp, 1991–2017-nji ýyllarda Siriýa we Yrak döwletlerindäki syýasy, sosial-ykdysady ösüşdäki problemalary we olaryň çözgütlerini depderiňize tablisa görnüşinde ýazyň.



"Yrak we Şam yslam döwleti", "Umumdünýä halifatlygy" düşünjelerini deňeşdirip analiz etmek esasynda häzirki wagtdaky habar hüjümlerini shema görnüşinde depderiňize ýazyň.

## 24-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA YSRAÝYL DÖWLETI WE PALESTINA PROBLEMASY

**Ysraýylyň sosial-ykdysady ösüşi.** 1947-nji ýylda BMG-nyň Howpsuzlyk Geňeşi Palestina boýunça rezolýusiýa kabul etdi. Oňa görä 1948-nji ýylyň 1-nji awgustyndan Palestinada iki sany–ýewreýleriň Ysraýyl we araplaryň Palestina döwletlerini düzmek teklip edildi.



**Gadymy dünýä taryhynda Palestinanyň çäklerinde Ysraýyl patyşalygy haçan peýda bolupdyr?**

Ysraýyl ýewreýleriň milli döwleti hasaplanýar. Ol ilki bilen ýewreýleriň milli ojagy, başpenasy hökmünde düzüldi we şeýle bolup galdy. Watana gaýtmak barasyndaky kanuna görä her bir ýewreý öz maşgalasy, ýagny ýan ýoldaşy, perzentleri, agtyklary bilen hemişelik ýaşamak üçin Ysraýyla gelmek hukugyna eýe. Şondan soň kabul edilen raýatlyk barasyndaky kanuna görä Ysraýyla gelen ähli ýewreýler öz-özünden raýatlyga eýe bolmak tertibi ornadyldy. Bu kanunlar repatriasiýanyň hasabyna Ysraýyliň ilatynyň tiz ösmegine getirdi.

Özüniň özbaşdak ösüşiniň birnäçe on ýylynyň içinde Ysraýyl harby-senagat kompleksi örän ösen ýurda öwrüldi. Harby-senagat kompleksiniň ösüşi metala bezeg bermek, maşyn gurluşygy, elektrotehnika, elektronika we almaza bezeg bermek ýaly beýleki ugurdaş pudaklaryň hem tiz ösmegine sebäp boldy.

1990-njy ýyllardan başlap Ysraýyl ykdysadyýeti tiz ösýän ýurtlaryň hataryna girdi. Hünärmenleriň pikirine görä, bu döwletde hakyky ykdysady ösüş başlandy. Ysraýylyň oba-hojalygy öz gurluşyna görä ABŞ we Günbatar Ýewropa döwletleriňkä ýakynlaşdy we postindustrial modele laýyklaşdy.

Beýle üstünlikleri gazanmaga içki we daşky ýagdaýyň amatlylygy kömek berdi. 1990-njy ýyllarda öňki SSSR-den 600 müň adamyň Ysraýyla göçüp gelmegi gurluşykda, senagatyň käbir ugurlarynda tiz ösüşi üpjün etdi. Ýokary maglumat derejesine we ykdysady aktiwlige eýe bolan täze immigrantlar Ysraýylyň keşbini üýtgedip goýberdi.

Şol bir wagtda ençeme faktorlar sebäpli döwletiň ykdysadyýeti daşky maliýe çeşmelerine güýçli bagly (ABŞ her ýylda 3 mlrd dollar mukdarynda minnetsiz kömek berýär) we onuň üçin ýokary militarizasiýa derejesi häsiýetlidir.




Ysraýyl



Ýasir Arafat

**XX asyryň ahyrlarynda Palestina problemasynyň çözülmegi.** 1948-nji ýylda Ysraýyl we Palestina döwletlerini düzmek maksatnamasyny arap ilaty adalatsyz diýip hasaplady we kabul etmedi. Şol döwürden başlap Palestina halkynyň öz döwletini düzmek üçin göreşi başlandy. Bu göreş arap döwletleri we öňki Soýuz tarapyndan goldandy. Palestina araplarynyň göreşine

ýolbaşçylyk etmek üçin Palestinany azat etmek guramasy (bu gurama arapça FATH ady bilen meşhur) düzülip, oňa uzak ýyllaryň dowamynda Ýasir Arafat ýolbaşçylyk etdi.

Emma diňe 1990-njy ýyllara gelip, Palestina problemasyny çözmek mümkinçiligi peýda boldy. 1991-nji ýylyň oktýabrynda Madridde Ýakyn Gündogar boýunça halkara konferensiýa iş başlady we onda Palestina delegasiýasy hem gatnaşdy. Soňra Norwegiýa hökümetiniň teklibine görä Oslo şäherinde Ysraýyl bilen FATH arasynda gepleşikler başlandy. Gepleşikleriň netijesinde 1993-nji ýylda Ysraýyl we FATH bir-birine ykrar bolanlygy yglan edildi.

**Palestina döwletini düzmek ugrundaky ilkinji üstünlikler.** 1993-nji ýylda Waşingtonda Ysraýyl we FATH delegasiýalary Palestina awtonomiýasyny düzmek barasyndaky ylalaşyga gol çekdiler. Awtonomiýany düzmegi basgançaklaýyn 5 ýylyň dowamynda amala aşyrmak göz öňünde tutuldy.



**1990-njy ýyllardan...**
**1993-nji ýylda...**
**1991-nji ýylyň oktýabrynda Madridde...**
**FATH – bu...**

Birinji basgançagy amala aşyrmak Gazo sektoryny we Iordan derýasynyň Günbatar kenaryny FATH-yň awtonom dolandyryşygyna bermek barasyndaky ylalaşyga gol çekilmek bilen başlandy. Bu ylalaşyk Palestina guramalarynda närazyçylygy güýçlendirip goýberdi we FATH bölündi. Ý. Arafat ekstremistler tarapyndan «dönük» hökmünde ölüme höküm edildi. Radikal yslam ugrundaky guramalar – «Hamas», «Jihad» we «Hizbullah» (bu guramalar Özbegistanda gadagan edilen) aktiwleşip gitdi. Olar dürli ýollar bilen ylalaşygy bozmaga hereket etdi. Şoňa garamazdan, ylalaşyk prosesi dowam etdi.



Ishak Rabin




**1947-nji ýylda BMG – nyň Howpsuzlyk Maslahaty Palestina boýunça rezolýusiýany kabul etdi.**

**1990-njy ýyllarda öňki soýuzdan 600 müň adamyň Ysraýyla göçüp gelmegi gurluşygyň, senagatyň käbir pudaklarynyň tiz ösmegini üpjün etdi.**

1995-nji ýylda FATH bilen Ysraýylyň arasynda wagtlaýyn ylalaşyga gol çekildi. Bu Palestina awtonomiýasyny düzmegiň nobatdaky basgançagy bolup, Iordan derýasynyň günbatar kenaryndaky ençeme şäher we obalar FATH-yň ygtyýaryna geçirildi. Palestina awtonomiýasynda saýlawlar bolup geçdi we FATH-yň ygtyýaryndaky çäkleri gözegçilik etmek üçin polisiýa güýçleri düzüldi.

Bu ylalaşyk Ysraýyl jemgyýetinde hem bölünişigi getirip çykardy. 1995-nji ýylyň noýabrynda Ysraýylyň premýer-ministri Ishak Rabin fanatik-ýewreý tarapyndan öldürildi. Bu palestinalylara edilen ýeňilliklerden Ysraýyl jemgyýetiniň bir böleginiň närazylygyny görkezýärdi. Şol ýylda bolup geçen saýlawlarda «Likud» blogy ýeňiş gazandy we Palestina boýunça aýgytly ugruň tarapdary bolan Binýamin Netanýahu premýer-ministr wezipesini eýeledi.

1996-njy ýylyň ýanwarynda Ý. Arafatyň ýolbaşçylygynda Palestina kanunçylyk

geňeşi saýlandy. Palestina döwletini gurmak prosesi kynçylyk bilen bolsa-da, dowam etdi.



**1995-nji ýylyň noýabrynda ...**
**1996-njy ýylyň ýanwarynda ...**
**Radikal guramalar ...**
**Palestina kanunçylyk geňeşi – bu ...**

2006-njy ýylda Palestinanyň özboluşly simwolyna öwrülen Ý. Arafat aradan çykdy. Onuň ýerine Mahmut Abbas Palestina awtonomiýasynyň başlygy we FATH-yň ýolbaşçysy edip saýlandy. 2012-nji ýylda Palestina synçy-döwlet statusynda BMG-nyň işinde gatnaşmak hukugyny aldy. Bu proses we M.Abbasyň BMG-nyň Baş Assambleýasynda sözlän sözi Ysraýylyň wekilleri tarapyndan närazyçylyk bilen garşy alyndy. Şoňa garamazdan, 2017-nji ýyla gelip, Palestinany 140-a golaý döwlet ykrar etdi.



**Repatriasiýa** – bu watana gaýtmak. Bu termin, köplenç, harby ýesirlere, göçürilen şahslara, gaçgaklara, emigrantlara görä ulanylýar. Ýewreýleriň taryhy watany bolan Palestina gaýtmagyna hem repatriasiýa diýilýär.

**Immigrasiýa** – ilatyň bir ýurtdan başgasyna wagtlaýyn ýa-da hemişelik ýaşamak üçin göçüp geçmegi.

**Militarizasiýa** – bu döwlet organlarynyň ykdysadyýet, syýasat we sosial ugurdaky hereketi bolup, ol döwletiň harby gudratyny artdyrmaga gönükdirilen.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Ysraýyl döwleti öz taryhynyň gysga döwrüniň içinde nähili faktorlaryň hasabyna ösen döwlete öwrüldi?
2. Palestina problemasynyň esasy sebäpleri nämede we olar nähili çözülýär?
3. Palestina döwletini düzmek ugrundaky esasy garşylyklar nämelerden ybaratdy?
4. Ysraýyl we Palestina gatnaşyklaryna halkara syýasy ýagdaýyň täsiri nämelerde ýüze çykdy?

## Özbaşdak iş



Kartadan peýdalanyp, Ysraýyla we Palestina degişli çäkleri depderiňize bölüp ýazyň we çäkleriň bölünişine öz pikiriňizi bildiriň.

# 25-NJI TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA LATYN AMERIKASY ÝURTLARY

**XX asyryň ahyrynda Latyn Amerikasy ýurtlary.** XX asyryň ahyryna gelip Latyn Amerikasy sebitinde 34 sany özbaşdak döwlet we birnäçe bakna çäkler bardy. XX asyryň ikinji ýarymynda bolup geçen tiz ykdysady ösüşe garamazdan, Latyn Amerikasy ýurtlary dünýä syýasatynyň çetki sebiti bolup galýar. Asyryň ahyryna gelip sebitde sosial-ykdysady ösüşiň neoliberal modeli öňe çykdy. Aslynda bu model Augusto Pinoçetiň döwründe **Çili**de üstünlikli amala aşyrylypdy. Häzirki wagtda hem Çili durnukly ösüp barýan ýurt bolup, regionda öňdebaryjy ýere eýeleýär. Emma, umuman, Latyn Amerikasy döwletleri üçin neoliberal reformalaryň netijeleri gapma-garşylykly bolup çykdy. Eger bu reformalaryň birinji basgançagy ykdysady ösüşe itergi bolan, modernizasiýa kömekleşen bolsa, soňlugy bilen garşylyklar peýda boldy, käbir ýagdaýlarda bolsa reformalar resessiýa, hojalygyň çuňňur gowşamaklygyna getirdi.

**XX asyrda Latyn Amerikasy üçin umumy bolan modernizasiýanyň nähili wariantlary bardy?**

Regionda birinji bolup neoliberal reformalaryň ugruna düşen **Meksikada** 1994-nji ýylyň dekabrynda maliýe-ykdysady krizis başlandy. Döwletde sosial-ykdysady ýagdaý agyrlaşdy. Şeýle ýagdaýda Meksikadan kapitalyň köpçülikleýin görnüşde ABŞ-a göçmegi başlandy. Milli walýuta – peso birden düşüp gitdi, milli maliýe sistemasynyň işi bozuldy, 20 müň kärhana bankrot boldy, döwletiň ÄIÖ-i birden düşüp gitdi.

Meksikanyň krizisi 1990-njy ýyllarda Latyn Amerikasy ýurtlaryny lerzana getiren sosial-ykdysady we syýasy krizisler zynjyrynyň birinjisidi. Neoliberal reformalaryň netijesinde regiondaky döwletleriň daşky faktora bagly bolup galmagy Braziliýa we Argentina ýaly iň iri döwletleriň ykdysadyýetine hem güýçli urgy berdi.

Aýratyn hem, 1990-njy ýyllarda «neoliberal reformanyň üstünlikleriniň görkezmesi» bolan **Argentinanyň** ykdysadyýeti örän uly zyýan gördi. 2001-nji ýylda Argentinada defolt yglan edilmegi dünýä taryhyndaky iň uly bankrot ýagdaýy bolup, Latyn Amerikasy döwletlerindäki neoliberal tejribelere çäk goýdy we regionda syýasy hem-de ykdysady ösüşiň täze döwrüni başlap berdi.

Bu prosesleriň täsirinde ykdysady kursdan närazyçylyk, öňden gelýän partiýalara we olaryň öňdebaryjylaryna ynamsyzlyk ýagdaýlary güýçlendi, garşylyk hereketi, şol sanda, radikal görnüşdäki guramalaryň (gozgalaňçylyk, terrorçy guramalar, narkomafiýa) aktiwleşmegi üçin şert döredi.

XX asyryň 90-njy ýyllarynda **Kolumbiýada** ýaraglanan çep radikal hereket güýçlenip, olaryň goşunlary döwletiň çäginiň 40%-e gözegçilik edýärdi. 1992-nji ýylda **Peruda** hem «Aýdyň ýol» gozgalaňçy-terrorçylyk guramasy aktiwleşdi. 1994-nji ýylda Meksikada hindileriň köpçülikleýin gozgalaňy başlandy. Hökümetiň syýasatynyň sosial netijelerine garşy Argentinada, Meksikada, Ekwadorda we başga birnäçe döwletlerde ilatyň köpçülikleýin demonstrasiýalary bolup geçdi.

**Meksika krizisi ...** **1992-nji ýylda ...**
**1994-nji ýylda ...** **2001-nji ýylda ...**




Latyn Amerikasy döwletleri

Sosial-syýasy gatnaşyklarda hindi halklarynyň öz hukuklaryny, özboluşly medeniýetini saklap galmak, awtonomiýa we ýere bolan hukugy üçin göreşi aýratyn orun eýeleýär. XX asyryň ahyryna

gelip hindiler Boliwiýa, Gwatemala, Peru, Meksika, Ekwador ýaly döwletleriň ilatynyň 25–50 % -ni düzýär.

1990-njy ýyllaryň başlarynda H.Kolumb tarapyndan Amerikanyň açylmagynyň 500 ýyllygy giňden belgiläp geçildi. Emma bu waka regionyň ilaty tarapyndan bir meňzeş gowy kabul edilmedi. Medeni problemalardan daşary neoliberal reformalaryň netijesinde hindileriň ýerlerini tartyp almaklyga bolan närazyçylyk güýçlendi. Hökümetleriň hindi ilatyna görä alyp baran adalatsyz syýasatynyň netijesinde regionyň käbir döwletlerinde hindileriň tertipsiz demonstrasiýalary bolup geçdi. Bu hereketler Ekwadorda, Boliwiýada, Peruda, Braziliýada we Meksikanyň günortasynda aýratyn hem köpçülikleýin görnüş aldy.

**Latyn Amerikasy ýurtlary XXI asyryň başlarynda.** Täze asyryň başyna gelip Latyn Amerikasy ýurtlary öz taryhynda birinji gezek diktaturalarsyz ösüş ýoluna düşdi, ähli ýurtlarda diýen ýaly saýlaw ýoly bilen häkimiýete konstitusion režimler ornadyldy. Regiondaky ýurtlaryň basym köpçüliginde özboluşly tarapy populizm bolan syýasy sistema hem-de prezidentlik dolandyryşy ornadyldy.



**“Neoliberal reformanyň üstünlikleriniň görkezmesi”...**
**1992-nji ýylda...**
**1990-njy ýyllaryň başlarynda...**

XX asyryň ahyryndan başlap ilatyň öňden gelýän partiýalara ynamy gaçyp başlady we munuň netijesinde XXI asyryň başynda Braziliýa, Peru, Wenesuela, Ekwador ýaly döwletlerde häkimiýete täze, özbaşdak diýip atlandyrylýan kandidatlar geldi.

XX asyryň ahyry–XXI asyryň başlarynda regiondaky döwletleriň syýasy durmuşynyň başga bir harakterli tarapy kommunistik partiýalaryň öz abraýyny ýitirmegi boldy. Bu dünýäde bolup geçýän global prosesler bilen baglydy.

1959-njy ýyldaky rewolýusiýadan soň özboluşly kommunistik syýasy režim ornaşdyrylan Kubada hem şeýle prosesler bolup geçdi. Sosialistik sistema dargandan soň Kuba daşky maddy-tehniki we maliýe kömeklerinden mahrum boldy, bu bolsa, ilkinji nobatda, ilatyň ýagdaýyna ýaman täsir etdi. Emma bu kynçylyklara garamazdan, XXI asyrda hem Kuba sosial döwlet bolup gelýär.

XXI asyryň başlarynda Latyn Amerikasy ýurtlarynda integrirlenme prosesleri güýçlendi. Bu prosesleriň esasy ugry regional erkin söwda zonalaryny düzmek boldy. Gelejekde Demirgazyk we Günorta Ameri-

ka möçberindäki erkin söwda zonalaryny düzmek, söwdany we senagaty ösdürmek göz öňünde tutulan.

Emma iri maksatnamalara we uly mümkinçiliklere garamazdan, bu döwletler, hat-da Braziliýa we Meksika ýaly gigantlar hem häzirki wagtda global syýasy we ykdysady problemalary çözmekde mynasyp täsire eýe däl. 2008-nji ýyldan başlap regiondaky iň iri üç sany döwlet – Braziliýa, Meksika we Argentina G-20 («Uly ýigirmilik») abraýly klubyna agza bolsa-da, dünýä syýasatynda entek uly rol oýnamaýarlar. Şoňa garamazdan, bu döwletler uly perspektiwaly mümkinçiliklere eýedirler. Meselem, Meksika 1994-nji ýylda Demirgazyk Amerika erkin söwda zonasyna girdi we 1994–2010-njy ýyllarda Meksika girizilen daşary ýurt inwestisiýalarynyň mukdary dört esse artdy. Şonuň 75%-i ABŞ-nyň paýyna dogry gelýär. Eger ýakyn geçmişde eksportyň esasyny nebit düzen bolsa, häzir Meksikanyň eksportynyň 80%-ini senagat önümleri düzýär.




**XXI asyryň başynda Braziliýanyň, Perunyň, Wenesuelanyň, Ekwadoryň häkimiýetine täze, özbaşdak kandidatlar geldi.**

**1994–2010-njy ýyllarda Meksika girizilen daşary ýurt inwestisiýalarynyň mukdary dört esse artdy.**

Braziliýa bu gün dünýäniň iri ykdysadyýetlerinden biri, tiz ösýän Hytaý, Hindistan, Günorta Afrika Respublikasy we Russiýa bilen bilelikde BRIKS guramasynyň agzasy hasaplanýar. Braziliýa XXI asyrda Latyn Amerikasynyň göze görnen öňdebaryjysyna öwrülmek, ABŞ-nyň hemişelik täsirinden bütinleý gutulmak we BMG-nyň HM-nyň hemişelik agzalaryndan biri bolmak ýaly uly wezipeleri öz öňüne goýup, şoňa hereket edip gelýär.

Belläp geçmek gerek, Latyn Amerikasy döwletleri XX asyrda öz öňüne goýan çylşyrymly problemalaryny doly çözüp bilmediler, emma çözmegiň ýollaryny gözlemegi dowam etdirýär. XXI asyrda bu problemalaryň öz çözgüdini nähili tapjagyny durmuş görkezer.



**Populizm** – saýlanan raýatlaryň zerurlyklaryna dälde, halk köpçüliginiň zerurlyklaryna gönükdirilen syýasy pozisiýa ýa-da söz (çykyş) şekili.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Ösüşiň neoliberal ýoly Latyn Amerikasy ýurtlary üçin nähili ähmiýete eýe boldy we nähili problemalary getirip çykardy?
2. XX asyryň ahyryna gelip Latyn Amerikasy ýurtlarynyň ABŞ bilen gatnaşyklarynda nähili modeller şekillendi?
3. XX asyryň ahyryndan başlap Latyn Amerikasy ýurtlarynda öňden gelýän syýasy partiýalara ilatyň ynamynyň gaçmagyna nähili prosesler sebäp boldy?
4. Latyn Amerikasynyň iri döwletleri XXI asyrda nähili maksatlary öňüne goýup ösýärler?

## Özbaşdak iş



Internetden peýdalanyp, Latyn Amerikasy döwletlerine wirtual syýahat gurnaň we temada öwrenilen materiallaryň esasynda taryhy wakalary analiz ediň.

# 26-NJY TEMA. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA AFRIKA ÝURTLARY

**Demirgazyk Afrika.** Demirgazyk Afrika ýurtlaryna Müsür, Sudan, Liwiýa, Alžir, Tunis, Marokko, Mawritaniýa we Günbatar Sahara girýär.



**5-nji Panafrika kongresi haçan bolup geçdi?**

**Müsür** siwilizasiýa taýdan köpräk Gündogar Ortaýer deňzine degişli bolsa-da, Afrikanyň arap ýurtlarynyň durmuşynda uly rol oýnaýar. XX asyryň ahyry–XXI asyryň başlarynda Müsür ykdysady ösüşde, oba-hojalygynda, medeniýetde uly üstünlikleri gazandy, ösen turistik industriýasyny döretdi, döwletiň walýuta zapasy dyngysyz artdy. Bu üstünlikler Müsüre arap we musulman dünýäsiniň öňdebaryjysy bolmaga mümkinçilik berdi.

Emma 2000-nji ýyllara gelip, Müsürde hem yslam fundamentalizmi aktiwleşdi. Olaryň basymy astynda Müsüriň prezidenti Husni Mübärek 2011-nji ýylda otstawka çykdy. Şondan soň bolup geçen prezidentlik saýlawlarynda «Musulman doganlar» radikal guramasyndan kandidat Muhammet Mursi ýeňiş gazandy. M. Mursi döwletiň prezidentiniň «rewolýusiýanyň goragyna gönükdirilen islendik dekrete» gol çekmegini we ol sudda inkär edilmeýänligini belläp goýdy. Bu hereketi üçin oppozisiýaçylar M. Mursini häkimiýeti eýeläp almakda, diktaturany dikeltmekde günälediler. Armiýada närazyçylyk başlandy. Netijede 2013-nji ýylda M. Mursi harbylar tarapyndan agdaryldy we tussag edildi. Häkimiýete goranmak ministri general Abdul Fattah as-Sisi geldi. Ol 2014-nji ýylda bolup geçen saýlawlarda Müsüriň prezidenti edip saýlandy.

«Musulman doganlar» terrorçy gurama diýip yglan edildi, onuň aktiw agzalary repressiýa duçar boldylar. M. Mursi we guramanyň ýene birnäçe agzalary ölüm jezasyna höküm edildi.

Emma Müsürde terroristik howp ýokarylygyna galýar. 2017-nji ýylyň 24-nji noýabrynda YŞYD-niň düzümine girýän «Welaýat Sinaý» terrorçy guramasynyň wekilleri Sinaý ýarymadasyndaky metjitde juma namazy wagtynda metjidi partladyp, namaz okaýanlary awtomatlardan oka tutdular. Netijede 235 adam, şol sanda, çagalar gurban boldy, 100-den gowrak adam ýaralandy.

**Sudan** XX asyryň ahyry – XXI asyryň başlarynda regionyň iň yza galak döwleti bolup galýar. Döwletiň ilatynyň esasy bölegi oba-hojalygy bilen meşgullanýar. Senagat örän pes ösen, bu ugurda döwletiň ilatynyň diňe 5%-i zähmet çekýär.

Sudanyň serhetleri koloniýa döwründe ýörite bölünen bolup, bu ençeme etnokonfessional dawalara sebäp bolup gelýär.

**Liwiýada** M. Kaddafiýiň uzak hökümranlygy döwründe nebitden alnan girdeji iri sosial reformalary amala aşyrmak mümkinçiligini berdi. Liwiýalylar Demirgazyk Afrikada üpjünçilik derejesi iň ýokary bolan ilata aýlandy.



**Demirgazyk Afrika döwletleri – bu ...**
**2011-nji ýylda ...**
**2013-nji ýylda M. Mursi ...**

Emma daşary syýasatda M. Kaddafiýiň hökümeti rewolýusion we terrorçy guramalara, aýratyn hem, yslam dininiň baýdagy astynda hereket edýänlere kömek berdi. M. Kaddafiýiň ady birnäçe terroristik aktlar bilen baglandy we bu halkara jemgyýetçiligiň närazylygyna sebäp boldy.

2011-nji ýylda Liwiýada hem hökümete garşy gozgalaňlar başlandy. Gozgalaňçylar wagtlaýyn hökümet düzüp, kömek sorap NATO ýüzlendiler. NATO-nyň güýçleri Liwiýany bombalady, M. Kaddafiý öldürildi, emma dürli toparlaryň arasyndaky çaknyşyklar gutarmady. 2016-njy ýylda ýurtda raýatlar urşy başlanyp gitdi. Bu uruşda dürli dini guramalar gatnaşdy. Uruş Liwiýany ykdysady betbagtlygyň bosagasyna getirdi. Millionlarça adamlar döwleti terk etip, gaçgaga öwrüldiler.




Afrika döwletleri

Regionyň Alžir, Tunis, Marokko we Mawritaniýa ýaly ýurtlarynda hem şu döwürde bolup geçen rewolýusiýalar we agdarylyşyklar çylşyrymly görnüşe, köplenç dini esasa eýe bolup, bu jemgyýetleriň modernizasiýa mätäçligini görkezýär.

**Tropiki we Günorta Afrika.** 1990-njy ýyllarda Tropiki we Günorta Afrika ýurtlarynda hem möhüm we örän çylşyrymly özgerişler bolup geçdi. Bular Afrika ýurtlarynyň özündäki ösüş tendensiýalary we umumdünýä ähmiýetine eýe bolan waka – «sowuk uruş»yň gutarmagy bilen baglydy. Iki gapma-garşy bloklaryň arasynda Afrika täsir etmek üçin göreş gutardy.

Afrika ýurtlarynda demokratlaşdyrmak tendensiýalary, raýatlyk jemgyýetini düzmäge hereket etmeklik ýüze çykdy. Bir partiýaly sistemadaky döwletleriň köpçüligi köp partiýaly sistema geçdi. Maksatnamasynda marksizm-leninizm hakyndaky kanunlar saklanyp gelýän dolandyryjy partiýalar bu görkezmelerden geçdiler, marksizme sadyk bolup galan **Efiopiýadaky** Mengistu Haýle Mariamyň hökümeti 1991-nji ýylda agdaryp taşlandy.

Emma bu prosesler regiondaky syýasy ýagdaýy ýitileşdirip goýberdi. 1989-njy ýylda **Liberiýada** etnik esasda başlanan raýatlyk urşy ençeme gurbanlara we 1 mln ilatyň goňşy döwletlere köpçülikleýin göçmegine getirdi. Döwlet haraba ýagdaýa geldi. Diňe Liberiýa halkara harby güýçleri girizmek ýagdaýy birneme tertibe saldy.

**Sýerra-Leonede** hem harby agdarylyşyklar we ýaragly dawalar raýatlar urşuna getirdi. Diňe BMG aralaşmagy ýagdaýy birneme ýumşatdy, emma döwletiň ykdysadyýeti weýran bolupdy.

**Ruanda we Burundide** hem ganly çaknyşyklar bolup geçdi. 1990-njy ýyllaryň ortalaryna gelip tutsi we hutu halklarynyň arasyndaky göreş ýitileşip, genoside getirdi. Netijede Ruandanyň 1 mln-e golaý ilaty gurban boldy, Burundide 1 mln-a golaý adam gaçgaga öwrüldi.

1997-nji ýylda **Kongo Demokratik Respublikasynda** Mobutunyň diktatorlyk režimi agdaryldy. Emma täze hökümet uzak ýyllaryň dowamynda toplanyp galan sosial-ykdysady krizisi ýeňip, etnik gapma-garşylyklary ýumşadyp bilmedi. BMG-sy Kongo Demokratik Respublikasyny dünýäniň iň garyp döwleti diýip yglan etdi.

Kongonyň krizisine Afrikadaky birnäçe döwletler: Günorta Afrika Respublikasy, Angola, Namibiýa, Uganda, Ruanda, Zimbabwe ýalylar hem belli bir derejede sebäp boldylar. Olaryň ählisi dawany parahatçylyk ýol bilen çözmek barasynda beýanat berseler-de, bir topary merkezi häkimiýeti, beýlekileri gozgalaňçylary goldadylar.

Häzirki günde garyplyk we korrupsiýa bilen bilelikde döwletiň iň uly problemalaryndan biri gender deňsizlik bolup galýar. Aýallara görä zorluk ýönekeý ýagdaý bolup, iň howplysy, ilatyň köp bölegi beýle zorlugy ýönekeý ýagdaý hökmünde kabul edýär. Beýleki bir problema bu Afrika döwletlerinde häzirki wagtda gullugyň saklanyp galýanlygydyr. Aýratyn hem, çagalaryň gul edilmegi dünýä jemgyýetçiligini howatyrlandyrýar. Häzirki wagtda Afrika döwletlerinde millionlarça çagalar gulluk ýagdaýynda durmuş geçirýärler.



Gender deňsizlik kartasy: ýaşyl reňk–gender deňsizligiň pes derejesi; gyzyl reňk–gender deňsizligiň ýokary derejesi




**2011-nji ýylda Liwiýada hökümete garşy gozgalaňlar başlandy.**

**2014-nji ýylda Müsürde bolup geçen saýlawlarda Abdul Fattah as-Sisi döwletiň prezidenti edip saýlandy.**

Munuň ýaly külpetler Tropiki we Günorta Afrikanyň köp bölegindäki bar bolan ýagdaýdyr. Sosial-ykdysady krizis gitdigiçe güýçlenip barýar. Ilatyň ösüş derejesiniň ýokarylygy işsizlik problemasyny has-da ýitileşdirdi. Dünýä bazarynda Tropiki we Günorta Afrika döwletleiniň çig malyna bolan talabyň peselmegi regiondaky döwletleriň ykdysadyýetine uly urgy boldy. Afrikanyň ençeme

döwletlerinde ilatyň jan başyna ýyllyk girdejisi 1960-njy ýyldakydan hem pese düşüp gitdi. Diňe XXI asyryň başlarynda ýagdaý gowy tarapa üýtgäp başlady. Emma XXI asyrda afrikalylaryň öňünde uly problemalaryň durýar. Bulardan iň ulusy demografik problemadyr. Garyplyga, howply keselliklere garamazdan, XXI asyryň başlarynda Afrikanyň köpçülik döwletlerinde ilatyň ýyllyk ösüşi örän ýokary. BMGnyň hasabyna görä, Afrikanyň ilaty 2050-nji ýyla gelip 2 mlrd adama ýetýär. Bu täze asyrda Afrikanyň öňünde örän uly problemalaryň durýanlygyny aňladýar.



**Etno-konfessional dawa** – bu etnik dawanyň görnüşlerinden biri bolup, onda etnik garşylyk dini garşylyk bilen goşulyp gidýär.

**Gender deňsizlik** – bu sosial sistemanyň möhüm belgisi bolup, oňa görä dürli sosial toparlaryň, garalýan ýagdaýda – erkekleriň we aýallaryň jemgyýetdäki mümkinçilikleri biri-birinden düýpli tapawutlanýar.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. XXI asyryň başyna gelip Müsüriň syýasy durmuşynda yslam fundamentalizmi nähili rol oýnady?
2. XX asyryň ahyry–XXI asyryň başlarynda Liwiýadaky we beýleki Demirgazyk Afrika ýurtlaryndaky rewolýusiýa we agdarylyşyklar nähili netijelere getirdi?
3. «Sowuk uruş»yň gutarmagy Afrika ýurtlarynda nähili prosesleri getirip çykardy?
4. XXI asyrda Afrika ýurtlarynyň öňünde nähili wajyp problemalar dur?

## Özbaşdak iş



Afrika ýurtlarynyň ösüşindäki problemalar we üstünlikler meselesini T-shema esasynda analiz edip, depderiňize ýazyň.

# III BAP. TÄZE MÜŇÝYLLYGYŇ BAŞLARYNDA DÜNÝÄ SIWILIZASIÝASYNYŇ PROBLEMALARY

## 27-NJI TEMA. XX ASYRYŇ AHYRY–XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA GLOBALLAŞMA PROBLEMALARY, HARBY, EKSTREMISTIK WE EKOLOGIK HOWP-HATARLAR

**Globallaşma problemalary.** Globallaşma (globus – Ýer şary) diýende umumdünýä ykdysady, syýasy we medeni integrasiýalaşmak we unifikasiýalaşmak prosesine düşünilýär. Globallaşma obýektiw we sistemaly proses bolup, jemgyýetiň ähli pudaklaryny gurşap alýar.

Ykdysadyýetiň globallaşmagy netijesinde ykdysady ösüşler we krizisler umumdünýä möçberinde global haraktere eýe bolup barýar. Häzirki habar sistemalary maliýe kapitalyna örän tiz hereketlenmek, maliýe bazarlaryna bolsa yzygider iş alyp barmak mümkinçiligini döretdi.



Globallaşma günbatarlaşmakmy?

Medeni pudakda globallaşma prosesiniň netijeleri garşylyklara hem alyp gelýär. Bir tarapdan, medeni globallaşmak prosesinde Internet, halkara turizm, kinofilmler, kitaplar we döredijilikli zähmediň başga önümleri uly rol oýnaýar. Beýleki tarapdan, köplenç hili örän ýokary bolmadyk halkara medeni hadysalaryň köpçülige ýaýramagy, milli medeniýetiň ösmegi üçin howp salyp başlady. Meselem, häzir «köpçülikleýin medeniýet» diýip atlandyrylýan proses şeýle ýaman ýagdaýlara eýe bolan hadysalardan biridir.



**1927-nji ýylda Nýu-Ýorkda görkezilen birinji sesli kinonyň ady nämedi?**

Globallaşma – birmeňzeş bahalanmagy mümkin bolmadyk örän çylşyrymly proses. Bu prosesde her bir halk öz ornuny eýelemäge, özlügini saklap galmaga hereket edýär. Aziýa we Afrikadaky däbe öwrülen siwilizasiýalaryň günbatarlaşma prosesi örän çylşyrymly geçýär. Bu jemgyýetlerde Günbataryň gymmatlyklar sistemasyny, onuň öňden gelýän jemgyýetleriň ruhy-ahlaky esaslaryna garşy bolan normalaryny bir agyzdan we doly kabul etmegiň ýakyn gelejegiň içinde mümkinçiligi ýok ýaly duýulýar. Tersine, Hytaý we Hindistan ýaly döwletleriň dünýä ykdysadyýetindäki, syýasatyndaky rolunyň artmagy hem bu jemgyýetleriň ruhy-ahlaky gymmatlyklarynyň dünýä meýdanyna çykmagyna alyp gelmegi, bu bolsa Günbatar jemgyýetine gitdigiçe çuňlaşyp barýan ruhy krizis ýagdaýyndan çykmak mümkinçiligini bermegi mümkin.



**“Köpçülikleýin medeniýet” – bu…**
**Globallaşma – bu…**
**Däbe öwrülen siwilizasiýanyň günbatarlaşmagy…**

**Harby howp-hatarlar.** XX asyryň 50-nji ýyllarynda dünýäniň bir topar meşhur alymlary ýadro ýaragyny köpçülikleýin ulanmaklyk siwilizasiýanyň doly ýok bolup gitmegine alyp gelýär, diýen duýduryş bilen çykdylar. Hakykatdan hem, ýadro ýaragy ähli tebigy heläkçiliklerine garanda hem köpräk weýran etmek gudratyna eýe. Bu ýaragyň peýda bolmagy sebäpli taryhda ilkinji gezek adamzadyň özüni-özi ýok etmek howpy peýda boldy. Häzir siwilizasiýany bütinleý heläkçilige alyp gelmek üçin Ýer ýüzünde jemlenen ýadro ýaraglarynyň 1%-ini ulanmak ýeterliklidir. Şol bir wagtda adamzat üçin harby howp-hatar XXI asyrda hem çözülmedi. ABŞ we Russiýa ýaly öňdebaryjy ýadroly döwletleriň arasyndaky garşylyk we ynamsyzlyk saklanyp galsa, ýadro urşunyň howpy hem çözülmeýär, adamzat beýle uruş howpundan gutulmaýar. Şonuň ýaly, dünýäde ýadro ýaragyna ýa-da ony tiz döretmek mümkinçiligine eýe bolan döwletleriň sanynyň dyngysyz artmagy hem ynsanyýet üçin uly howp bolup galýar.

Himiýa we gen inženerleriniň üstünlikleri sebäpli himiki hem-de bakteriologik ýaraglary kämilleşdirmek mümkinçilikleri hem ynsanyýeti howatyrlandyrýar. Beýle ýaraglary döretmegiň arzanlygy, gözegçilik etmegiň çylşyrymlylygy, bu bolsa köp adamlary ýok etmek mümkinçiligini döredýär, kiçi çaknyşyk ojaklarynda peýda bolmak howpuny artdyrýar.

**Ekstremizm we terrorizm.** Häzirki jemgyýetiň ençeme problemalarynyň arasynda soňky wagtlarda bir-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan iki problema – ekstremizm we terrorizm aýratyn orun tutýar. Ekstremizm we terrorizm ynsanyýetiň sosial gymmatlyklaryna uly zyýan ýetirýär.

Ekstremizm – bu sosial-syýasy, dini, milli maksatlara gadagan edilen usullar arkaly girip barmagyň teoriýasy we praktikasydyr. Gadagan edilen usullar diýende ynsanyň hukuk we erkinliklerine kanunda gadagan edilen güýç işletmek, zorluk ýoly bilen çäk goýmaklyga düşünilýär.



Terrorizmiň elhenç keşbi

Ekstremist özüniň syýasy, dini ýa-da başga sosial howply taglymlarynyň dogrulygyna ynanýan we olary adamlaryň, aýratyn hem, ýaşlaryň aňyna siňdirmek üçin hereket edýän «ideologik» jenaýatçydyr. Häzirki wagtda özüniň fanatik taglymlaryny subut etmek we olary jemgyýetiň esasyna aýlandyrmak üçin hereket edýän, öz işi dowamynda elhenç rehimsiz usullardan peýdalanýan bu toparlar şeýle ekstremistlerdir.

Ekstremizmiň iň howply şekili terrorizmdir. Terrorizm–bu döwlet häkimiýetiniň we ýerli dolandyryş organlarynyň hem-de halkara guramalaryň kararlar kabul etmek prosesine ilaty gorkuzmak ýa-da kanuna garşy başga hereketler bilen bagly zorluk arkaly täsir etmek ideologiýasy we praktikasydyr. Ýagny terrorçylar hiç zat bilen çäklenmezden wagşylyklar, meselem, ilatyň jemlenen ýerinde partlama gurnamak, köpçülikleýin janyna kast etmek ýaly usullar arkaly syýasy häkimiýete eýe bolmaklyga hereket edýärler. Olar häzirki wagtda aýratyn hem dini nykapdan giňden peýdalanýarlar. Meselem, «Al-Kaida», YŞYD ýaly yslam dinini nykap edip alan terrorçy guramalar häžirki wagtda dünýäniň iň uly ekstremistik we terroristik howpuna öwrüldi. Bu howpy bilmeýän ýa-da soňuna çenli düşünmedik adamlar, aýratyn hem, ýaşlar terrorçylaryň eline düşüp galýar. Ekstremistik taglymlaryň ýaýramagynda Internet we beýleki häzirki habar serişdeleri hem möhüm rol oýnaýar.

Ýakyn Gündogardaky ynjalyksyz ýagdaý, ol ýerden on müňlerçe gaçgaklaryň Ýewropa göçmegi bütin dünýäde terrorizm howpuny güýçli artdyrdy. Iň howplusy, häzirki dünýä adamlaryna ýat bolan gorkyly we howatyrly ýagdaý bütin dünýäni gurşap alyp barýar.

**Tebigy resurslar problemasy we biosferanyň hapalanmagy.** Ýer ýüzündäki ýaşaýyşa howp salýan sebäplerden ýene biri ynsanyň öndürijilik hereketi bilen baglydyr. Ynsanyň öňdürijilik hereketiniň Ýeriň biosferasyna ýaman täsiri gün saýyn artyp barýar. Soňky ýyllarda planetamyzy günüň radioaktiw şöhlesinden gorap duran ozon gatlagy bozulyp barýar. Netijede adamlaryň rak keselligine çalynmak, haýwan we ösümlikleriň kesellenmek howpy artýar. Atmosfera zäherli gazlaryň köp çykarylmagy global klimatyň üýtgemek prosesini başlamagyna sebäp boldy. Netijede planetamyzda ortaça temperatura ýyl saýyn artyp barýar. Gelejekde polýusdaky buzluklaryň, Grenlandiýa we Antarktida buz gatlaklarynyň eremegi, dünýä okeanynyň derejesiniň göterilmegi, kenardaky ýüzlerçe şäherleri, köp hasyldar ýerleri suw basmagy mümkin.

Özbegistanda çözülmegi zerur bolan şeýle iň uly problema–bu Aral deňziniň problemasydyr. Soňky kyrk ýylyň dowamynda Aral deňziniň suw meýdany örän gysgaldy, suwunyň göwrümi kemeldi, onuň minerallaşmak derejesi bolsa onlarça gezek artyp, deňzi diri organizmleriň ýaşamagy üçin ýaramsyz ýagdaýa getirdi. Häzirki wagta gelip, deňziň 90% -den köprägi gurap galan. Beýle ýagdaý Aralyň töweregindäki ilata, aýratyn hem, çagalaryň saglygyna, milletiň genofondyna, daş-töweregiň arassalygyna uly zyýan ýetirýär.

Soňky döwürde Ýer ýüzüniň ilatynyň uly bölegi jemlenen şäherlerde adamyň geçmişdäkä garanda örän köp habarlaryň täsirine düşüp galýar. Netijede nerwo-psihologik, rak we ýürek-gan damar keselleri köpelip barýar. Ýüz ýyllaryň dowamynda emele gelen durmuş derejesindäki özgerişler, aýratyn hem, häzirki döwür amatlyklarynyň netijesinde hereketiň kemelmegi hem ynsanyň saglygyna erbet täsir edýär.



Zyýanly gazlar – adamzadyň global problemasy

Elbetde, ýokarda berlenler ynasanyýetiň çözmegi zerur bolan problemalarynyň hemmesini gurşap almaýar. Olardan käbirleri, meselem, adamzadyň ruhy krizisi, ahlaky bozuklyk ýaly problemalar örän çylşyrymly bolup, olaryň çözülmegi Ýer ýüzünde adamzady saklap galmak we geljekdäki ösüşini üpjün etmek üçin örän möhüm hasaplanýar. Şolaryň hatarynda adamzadyň öňünde jemgyýetiň we tebigatyň arasyndaky deňagramlylygy diklemek, ekologik, tehnologik we sosial prosesleri uýgunlaşdyrmak, sosial problemalary çözmek we netijede ynsanyýet siwilizasiýasyny saklap galmak ýaly örän

çylşyrymly we möhüm wezipe dur. Bu problemalary çözmek adamzatdan, öňi bilen, hyzmatdaşlyk we agzybirligi talap edýär.



**Unifikasiýa** – bu bir sistema ýa-da şekile getirmek.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Syýasy, ykdysady we medeni ugurlardaky globallaşma prosesi nämelerde ýüze çykýar?
2. Daş-töweregiň we ynsanyň saglygynyň ýamanlaşmagyna nähili faktorlar sebäp bolýar?
3. Ekstremizmiň ideologik howpy nähili görnüşlerde ýüze çykýar?
4. Häzirki fanatik dini toparlaryň ekstremistik howpy nämede?
5. Näme üçin terrorizm ekstremizmiň iň howply görnüşi hasaplanýar?
6. Tebigy resurslaryň kemelmegi we atmosferanyň hapalanmagy adamzadyň öňünde nähili problemalary goýýar?

## Özbaşdak iş



“Ekstremizm we terrorizm – ösüşe garşy” diýen temada çykyş taýýarlaň we wideorolik görnüşinde kružok sagatlarynda görkeziň.



Internetden peýdalanyp, dünýäde tebigy resurslar problemasy we biosferanyň hapalanmagy meselesini analiz ediň. Bu problemalaryň çözgüdini dünýä tejribesinde nähili çözülýänligini depderiňize ýazyň.

## 28-NJI TEMA. XX ASYRYŇ AHYRY–XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA DURNUKLY ÖSÜŞ WE ETNOSOSIAL PROBLEMALAR

**Durnukly howpsuz ösüş problemalary.** Durnukly ösüş – bu ykdysady we sosial özgerişler prosesi bolup, onda tebigy resurslardan peýdalanmak, inwestisiýalary gönükdirmek, ylmy-tehniki ösüşiň ugurlaryny bellemek, şahsyň ösüşi we institusional özgerişler biri-biri bilen laýyklaşdyrylýar, ynsanyň zerurlyklaryny we hereketlerini kanagatlandyrmak üçin häzirki we gelejekki mümkinçilikleri güýçlendirilýär. Bulardan gözlenýän esasy maksat, elbetde, adamlaryň ýaşaýyş derejesini gowulandyrmagy üpjün etmekdir.



**Birleşen Milletler Guramasy nähili maksatda düzüldi?**

Adamzadyň durnukly howpsuz ösüşi köp taýdan halkara hyzmatdaşlyga hem baglydyr. Senagaty energiýany we resurslary kem sarplaýan ýokary tehnolgiýalara esaslanan postindustrial sistema geçirmek häzirki siwilizasiýanyň paýyna düşýän ýüki has kemeltmegi mümkin. Meselem, soňky 50 ýylyň içinde dünýäde ýangyjyň örän kem harçlanmagy tebigatdan artykmaç baýlygy alman, daş-töwerege zyýan ýetirmezden ýokary tehnologiýalar esasynda önüm öndürmegiň mümkinligini subut etdi.

Tebigaty goramak boýunça aýratyn döwletler tarapyndan alyp barylýan çäreler bilen bir hatarda, bu ugurdaky halkara hyzmatdaşlyk hem ösüp barýar. Daş-töweregi goramak we durnukly ösüş boýunça 1992-nji ýylda Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen konferensiýada XXI asyrdaky hereket, şol sanda, bütin ynsanyýet üçin durnukly-howpsyz ösüş konsepsiýasyny işläp çykmak maksatnamasy kabul edildi. Dünýäniň öňdebaryjy döwletleri ozon gatlagyny ýumurýan maddalary atmosfera çykarmagy kemeltmek we soňlugy bilen bütinleý togtatmak borjuny aldylar. Ýadro tehnologiýalaryndan peýdalanýan döwletler atom elektrostansiýalarynyň howpsuzlygynyň halkara standartlaryna amal edýärler.

Şoňa garamazdan, global, umumdünýä möçberinde durnukly-howpsuz ösüş modeline geçmek problemasyny çözmek üçin häzirki wagt-

da döredilen şert ýok. Emma ynsanyýet şu ugurda iş alyp barýar, hyzmatdaşlyk etmegini dowam etdirýär. Bu ynsanyýetiň ertirki gününe ynamyny pugtalandyrýar.




Daş-töweregiň hapalanmagy döwrümiziň iň wajyp global problemasyna öwrülýär

**Urugçylyk we nesil taýdan kemsidilmäge garşy göreş.** Jemgyýetdäki urugçylyk dawalaryny ýumşatmaga garadylan çäreler etnik azçylygyň deň hukuklaryny, şol sanda, sosial pudakdaky hukuklaryny pugtalandyrmaga gönükdirilen kanunlaryň kabul edilmegini öz içine alýar. Şeýle kanunlar ilki bilen SSSR-de, ABŞ-da we Günbatar Ýewropa döwletlerinde kabul edildi. Aýratyn hem, Ýewropada nesil taýdan kemsidilmeklige garşy kanunlary pugtalandyrmaga gönükdirilen çäreler amala aşyryldy.



**Nesil taýdan kemsidilmeklik – bu…**
**Atom elektrostansiýalary –…**
**Durnukly howpsuz ösüş konsepsiýasy – bu…**



Dünýä halklary jynsparazlyga garşy

Etnik azçylygyň sosial problemalaryna we syýasy statusyna raýatlyk jemgyýetiniň döwlete degişli bolmadyk sistemalary aýratyn hem uly üns berdi. Meselem, profsoýuz guramalarynda etnik azçylygyň wekilleriniň peýdalaryny goraýan bölümler peýda boldy. Öňdebaryjy syýasy partiýalar hem etnik azçylygyň wekilleri üçin öz bölümlerini açdylar. Parlamente, ýerli häkimiýet organlaryna etnik azçylyk wekillerinden kandidaturalar görkezildi. 1987-nji ýylda Beýik Britaniýada ilkinji gezek jemgyýet palatasyna etnik azçylyk wekillerinden dört sanysy saýlandy. Soňra gara tenli Dewid Dinkins Nýu-Ýork şäheriniň meri, afro-amerikaly Barak Huseýn Obama ABŞ-nyň prezidenti, gelip çykyşy belujlardan bolan Sadyk Amanhan London şäheriniň meri edip saýlandy.

Emma 2015-nji ýylda ABŞ-nyň birnäçe şäherlerinde polisiýaçylar we jynsparazlar tarapyndan gara tenli amerikalylar öldürilenden soň prezident B.Obama ABŞ üçin jynsparazlyk heniz hem wajyp problemadygyny ykrar etdi.

**XX asyryň ahyry – XXI asyryň başlaryndaky etno-sosial problemalar.** XX asyryň ahyryna gelip uly maddy resurslara eýe bolmadyk döwletler hem etno-sosial problemalara duçar bolup başlady. Çünki, XXI asyrda etno-sosial dawalar geçen asyrdaky synpy göreşlere garanda has hem çynlakaý problemalaryň çeşmesi bolmagy mümkinligini görkezýär.



Milletara raýdaşlyk – etnik dawalaryň öňüni almagyň iň netijeli ýoludyr

Dünýäde ilaty 1 milliondan artyk bolan 164 sany döwletiň ýarymyndan kemrägi bir milletli diýen ýaly, ýagny esasy ilaty bir millete degişli döwletlerdir. Galan döwletler köp milletli hasaplanýar.

Ilatyň köp milletli bölegi şol döwletde etno-sosial dawalaryň gelip çykmagyna sebäp bolmaýar. Köp milletli döwletlerde, meselem, Özbegistanda dürli milletleriň parahatçylykly we dostlukly ýaşamagy däp bolup gelen. Emma dünýäniň käbir çäklerinde etnik dawalar ýitileşýär. XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyryna gelip, bolup geçen ähli harby dawalaryň ýarymyndan köpüsi bir döwletiň içindäki, etnoslarara dawalardy. Şol wagtda bu dawalaryň esasy meýdany Aziýa we Afrika döwletleri boldy.

Emma SSSR-iň dargap gitmegi bilen onuň öňki çäklerinde onlarça etnoslarara dawalaryň merkezleri peýda boldy. SSSR-de milli-regional serhetlenme geçirilen XX asyryň 20-nji ýyllarynda sowet respublikalarynyň arasyndaky serhetleri bellemekde etnik faktor gowy hasaba alynmandyr, netijede ilatyň köp bölegi öz milli respublikalarynyň çäklerinden daşarda galypdyr. Bu problema aýratyn hem Zakawkaz respublikalary we Orta Aziýada SSSR ýykylandan soň aýdyň ýüze çykdy. Bu bolsa çäklerde ençeme etnoslarara dawalaryň gelip çykmagyna sebäp boldy.




**1992-nji ýylda Rio-de-Žaneýro şäherinde daş-töweregi goramak we durnukly ösüş boýunça konferensiýa geçirildi.**

**Gara tenli Dewid Dinkins Nýu-Ýork şäheriniň meri, afro-amerikaly Barak Hüseýn Obama Amerikanyň prezidenti, gelip çykyşy belujlardan bolan Sadik Amanhan London şäheriniň meri edip saýlandy.**

Sowet döwründe ähli respublikalaryň senagat potensialynyň bir meňzeş ösdürilmänligi hem SSSR dargandan soň birnäçe etno-sosial problemalaryň çeşmesine aýlandy. Aýratyn hem, 2000-nji ýyllardan başlap öňki sowet respublikalaryndan zähmet emigrantlarynyň köpçülikleýin görnüşde Russiýa Federasiýasyna barmagy ol ýerde etnososial ýagdaýy ýitileşdirip goýberdi.

Şeýlelikde, XX asyrdaky örän uly syýasy we harby çaknyşyklaryň netijesi bolan etno-sosial problemalar asyryň ahyrynda Ýewropada bolup geçen syýasy töhmetleriň, SSSR-iň we sosialistik lageriň dargap gitmeginiň netijesinde has-da güýçlendi. XXI asyra gelip, adamlary urug we dini degişlilik esasynda kemsitmeler kemelen bolsa-da, sosial deňsizlik, migrasiýa prosesleri bilen bagly problemalar heniz saklanyp galýar.



**Institusional özgerişler** – bu sosial-ykdysady ösüşiň bir bölegi bolup, sosial institutlardaky ösüş we özgerişlerde göze görünýär.

**Potensial** – bu haýsydyr bir ugurda ýa-da pudakda bar bolan ähli mümkinçilikleriň, serişdeleriň jemidir; giň manyda ”zapas” serişdeleridir.

**Urugçylyk** – bu uruglaryň deň dälligi, “ýokary” uruglaryň “pes” uruglaryň üstünden hökümdarlyk etmegi barasyndaky ylmy däl, reaksion teoriýadyr.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. Etno-sosial problemalar diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Migrasion prosesler etno-sosial gatnaşyklara nähili täsir edýär?
3. Urugçylyk we urug kemsitmeleri diýende nämäni düşünýärsiňiz?
4. Etno-sosial gatnaşyklara migrasion prosesleriň täsiri nämelerde ýüze çykýar?

5. SSSR dargandan soň öňki sowet respublikalarynda etnoslarara dawalaryň gelip çykmagynyň nähili sebäpleri bardy?

### Özbaşdak iş



“Jynsparalyk taýdan kemsitmelere garşy göreş” we “Etno-sosial problemalar” düşünjelerini deňeşdirip analiz etmek esasynda olaryň görnüşlerini depderiňize ýazyň.

## 29-NJY TEMA. XX ASYRYŇ AHYRY XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA YLMY-TEHNIKI ÖSÜŞ. YLYM, EDEBIÝAT, SUNGAT

**YTR we onuň netijeleri.** XX asyryň ikinji ýarymyndaky ylmy-tehniki rewolýusiýa soňky ýüz ýylyň dowamynda ylmyň ösüşiniň kanuny netijesi boldy. Bu rewolýusiýanyň esasy belgileri tebigy we sintetik materiallardan önümleri köpçülikleýin öndürmek, maşynlardan giňden peýdalanmak, önümçiligiň konweýerli liniýalaryny, zawod-awtomatlaryny we senagat robotlaryny döretmek boldy. YTR dünýäniň öňdebaryjy döwletlerini siwilizasiýanyň industrial basgançagyndan postindustrial döwrüne alyp çykdy.



**Internetiň ilkinji görnüşi bolan Arpanet haçan döredilipdir?**

Habar we täze tehnologiýalaryň tiz ösmegi, XX asyryň soňky 30 ýylynda bolup geçen täze tehnologik rewolýusiýa, umumy kompýuterleşdirmek we jemgyýetiň habar üpjünçiligi, önümçiligiň intellektuallaşmagy ýaly prosesler ösen döwletlerde jemgyýetiň düýbünden täze ýagdaýyny getirip çykardy. Muny alymlar «habar jemgyýeti» diýip atlandyrýarlar. Alymlaryň pikirine görä, «habar jemgyýeti» industrial jemgyýetden soň gelýän, jemgyýetiň has ýokary basgançagydyr. Häzir industrial ösen döwletlerde intellektual zähmet bilen meşgul bolan ilatyň sany bütin işçi güýjüniň ýarymyna ýakynlaşýar.

ABŞ we Ýaponiýada bu görkeziji has-da ýokary. Eger Afrikada ilatyň 2/3 bölegi oba-hojalygy pudaklarynda meşgul bolsa, ABŞ-da bu görkeziji 3%-den geçmeýär. ABŞ-da habar tehnologiýalary pudagynda 80% ilat zähmet çekýär.



Ylym we tehnologiýalar

**Tebigy ylymlar we medisina.** XX asyryň ikinji ýarymynda biologiýanyň, biohimiýanyň we medisinanyň ösüşi ynsan durmuşynyň düýpli özgermegine, industrial jemgyýetiň täze hil basgançagyna geçmegine getirdi. XX asyrda mama, ispan gribi, ýokançly gyrgyn, mergi, garahassalyk, inçekesel, gyzzyrma ýaly keselliler Ýer ýüzünde 1 mlrd-a golaý adamyň ölümine sebäp boldy. Asyryň ahyryna gelip täze ýokanç kesellik – AIÝS (OITS) peýda boldy. Şoňa garamazdan, XX asyrda taryhda birinji gezek ýokançly kesellikler adamlaryň ölüminiň esasy sebäbi bolmady. XX asyryň ikinji ýarymynda, aýratyn hem, asyryň ahyrlaryna gelip, ýürek gan damar sistemasy we rak keselleri adamlaryň ölüminiň esasy sebäpçilerine öwrüldi. Biologiýa, oba-hojalygy we medisina ylmyndaky rewolýusion üstünlikleriň netijesinde Ýer ýüzüniň ilaty asyryň başyndaky bir

ýarym milliard adamdan asyryň ahyryna gelip alty milliard adama köpeldi. Örän köp keselliklere garşy waksinalar döredildi. Medisina tehnikasy pudagyndaky üstünlikler adamlaryň durmuş derejesini gowulandyrdy we ömrüni uzaltdy.

**Gymmatlyklar sistemasyndaky özgerişler.** Köpçülikleýin habar serişdeleriniň kämilleşmegi ony adamlaryň aňyna, özüni alyp barşyna we şähtine täsir edýän gudratly serişdä öwrüldi. XX asyryň ikinji ýarymynda emeli hemra arkaly telegepleşikleri bermek, global kompýuter toruny döretmek arkaly ynsanyýetiň ruhy durmuşyny internasionallaşdyrmak üçin şert döredi. Şol sebäpli adamlarda şeýle sorag döräp başlady: haýsy gymmatlyklar, taglymlar, simwollar, düşünjeler indi uniwersal häsiýete eýe bolýar, hemmeler üçin umumy bolýar? Häzir taglymlaryň, medeni gymmatlyklaryň özboluşly dünýä bazary peýda boldy, diýmek mümkin. Onda güýçli döwletler özleriniň syýasy we medeni täsirini geçirmek üçin göreşýärler.

Bütin dünýäde radioeşitdirişleriň we telewideniýäniň giň ýaýramagy, köpçülik döwletlerde ilatyň bilim derejesiniň ösmegi tiz peýda berýän, köpçülikleýin hyrydara niýetlenen çeper önümlere zerurlygy getirip çykardy.

Köpçülikleýin medeniýet diňe göwün götermek üçin däl-de, eýsem belli bir ideologik maksady gözleýän köpçülikleýin wagtyhoşlugyň audio we wideo önümlerini öndürýän özbaşyna uly senagatyň peýda bolmagyna getirdi. Bu bolsa dünýäniň öňdebaryjy korporasiýalary üçin öz önümlerini reklama etmekde uly mümkinçilikleri döretdi. Kino, estrada we sport «ýyldyzlary»nyň meşhurlygy olaryň durmuş derejesini, geýinmek medeniýetini, durmuşdaky we syýasy gözgaraýyşlaryny köpçüligiň, aýratyn hem, ýaşlaryň olara öýkünmegi üçin göreldä aýlandyrdy.



**XX asyryň ikinji ýarymynda...**
**YTR – bu...**
**“Habar jemgyýeti” – bu...**
**Täze ýokançly kesel...**

Soňky wagtlarda ençeme halklaryň görelde obýektine öwrülen Günbatar siwilizasiýasy tehniki we tehnologik innowasiýalar, demokratiýa we ynsan hukuklary ýaly düşünjeler bilen bilelikde medeni tolerantlygyň täze-täze taraplaryny ýüze çykaryp gelýär. Birnäçe

Günbatar döwletlerinde bir jynsly adamlaryň arasyndaky maşgala gurmagyň kanunylaşdyrylmagy, däp-dessurlaryň we diniň garşylygyna garamazdan, bu adaty başga ýerlerde hem ýaýratmaga hereket etmegi köpçülik tarapyndan häzirki Günbatar jemgyýetiniň ruhy krizisi hökmünde garalýar. Şol sebäpli Günbataryň özünde hem köpçülikleýin medeniýet köpçülik filosoflar, jemgyýeti we medeniýeti öwrenijiler tarapyndan örän ynjalyksyzlykly hadysa hökmünde garalýar. Ol älemi örän ýeňil kabul etmäge çagyrýanlygy üçin intellektual bozulmak çeşmesi hökmünde taryplanýar. Alymlaryň pikirine görä, köpçülik medeniýet şahsyň çuňňur zerurlyklaryny amala aşyrmaga garşylyk edýär. Harakteriň öýkünmeklik modeli adamlarda gowşaklyk, uýgunlaşmaklyk, ýagny dünýäni nähili bolsa, şeýle kabul etmäge taýýarlyk psihologiýasyny şekillendirýär.

**Edebiýat.** XX asyryň ahyry – XXI asyryň başlaryna gelip edebi prosesler tiz özgerdi, her on ýylda edebiýatda täze ugur peýda bolup gelýär, täze mekdepler emele gelýär. Bu döwrüň edebiýaty intellektual gözlegler prosesini dowam etdirýär, ol häzirki döwrebap jemgyýetiň zerurlyklaryny we ösüş usullaryny aňlamaga hereket edip gelýär.

Täze asyryň başynda ençeme dillerde neşir edilen we uly galmagala sebäp bolan şeýle eserlerden biri owganystanly Halid Hüseýniniň «Şemalyň yzyndan ylgaýan adam» diýip at alan romany boldy. Romanyň wakalary Kabulda «taliban» hereketiniň güýje giren wagtynda bolup geçýär. Bu – Emir we Hasanyň arasyndaky dostlugyň taryhy. Onda adamlaryň arasyndaky dostlugyň we borçlaryň ruhy esaslary hakynda pikir edilýär. Eser 2001-nji ýylyň sentýabr wakalaryndan soň neşir edilenligi üçin hem uly gyzyklanma döretdi.

XXI asyrda özbek okyjylaryna ýetip gelen ýene bir meşhur eser braziliýaly ýazyjy Paulo Koelýonyň «Alhimik» romanydyr. Eser ýaşlyk, arzuw we oňa ymtylmak hakynda. «Öz ykbalyňy gazanmak – ynha ynsanyň hakyky borjy», diýip ýazýar P. Koelýo.

XX asyryň ahyry – XXI asyryň başlarynda dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çeken iň meşhur eserlerden biri iňlis ýazyjysy Joan Roulyň galamyna degişli «Garri Potter» hakyndaky romanlary boldy. Alymlar uly terbiýeçilik ähmiýetine eýe diýip hasaplaýan bu romanlar ölümi hem ýeňip geçen ýetginjek Garri Potteriň başyndan geçirenlerine bagyşlanan. Eser bu günki dünýäniň öňkülerden hem gowulyga, adamlara ýagşylyk edýän beýik ynsanlara mätäçligi, haýyrly işiň häzir öňküden hem agyr we garşylykly bolsa-da, Garri Potter

ýaly päk göwünli adamlaryň olary ýeňip geçmegi mümkinligi hakynda gürrüň berýär. Däp-dessurlary saklap galmaga hereket eden ýazyjy bu eserlerde gaýtalanmaýan obrazlaryň kömeginde özüniň örän ynamly çeper älemini döretmäge miýesser boldy.

Bu görnüşdäki eserleriň köpligine garamazdan, bu günki edebiýatyň köp bölegini esasan söwda we reklama harakterindäki eserler düzýär.

Häzirki döwrebap jemgyýet öz ösüşiniň möhüm intellektual bölegi bolan edebiýatyň ähmiýetini we problemalaryny, jemgyýetiň edebiýatsyz bolmagyny we ösüşiniň mümkin däldigini doly düşünmegi zerur. Telewideniýe, radio we Internet torlary arkaly berilýän günüň möhüm täzelikleriniň hatarynda neşir edilen kitaplary hödürlemek, olary reklama etmek adaty ýagdaýa aýlanmagy zerur. Bu aslynda häzirki döwrebap jemgyýetiň medeniýetiniň möhüm bölegi, ony hasaba almazlyk mümkin däl.

**Sungat.** Döwebap sungat XX asyryň ikinji ýarymynda peýda bolan däp-dessurlar esasynda emele geldi. Bu döwrüň sungaty modernizme alternatiw, käte oňa düýbünden gapma-garşy ugurlary gözlemeklik, täze sungat dilini döretmäge hereket etmeklik bilen harakterlenýär. Ol täze obrazlary aňlatmagyň täze, maddy däl serişdeleri we materiallary gözlemek prosesinde ýüze çykdy.

Habar döwrüniň täze tehnologiýalary, habaryň çenden aşalygy, ynsan bilen maşynyň arasyndaky gapma-garşylyga getirdi. Bu gapma-garşylygy çözmegiň ýoly hökmünde telekommunikasiýa estetiki esaslary girizmek, ony habary ýetirmek funksiýasyndan azat etmek, hususan, telegepleşikleriň mazmunyny gündogarça mistisizm, irrasional esas bilen doldurmak teklip edilýär. Intellekti «işe salman», dogrudan-dogry ynsanyň içki dünýäsine ýüzlenmek – bu prinsip kompýuter grafikasy, wideoklipler döretmek ýaly sungatyň täze görnüşlerinde, az-kem häzirki zaman kino sungatynda ulanylýar.




**XX asyryň ikinji ýarymy, aýratyn hem, asyryň ahyrlaryna gelip, ýürek-gan damar sistemasy we rak keselleri adamlaryň ölüminiň esasy sebäpçilerine öwrüldi.**

**Biologiýa, oba-hojalygy we medisina ylmyndaky rewolýusion üstünlikleriň netijesinde Ýer ýüzüniň ilaty asyryň başyndaky bir ýarym milliard adamdan asyryň ahyryna gelip alty milliard adama çenli köpeldi.**

Telekommunikasiýalaryň global tory, köpçülikleýin medeniýetiň peýda bolmagynyň iň möhüm netijesi çeper sungatyň sosial-syýasy rolunyň artanlygynda ýüze çykdy. Indi sungat diňe durmuşyň şöhlelendirmesi bolman, eýsem sosial reallygy görkezýän faktora hem öwrüldi. Şoňa görä, birnäçe suratçylar «postdemokratik jemgyýet»de sungat häkimiýetiň elindäki ýaraga öwrüler, diýip howatyr bildirýärler.



**Waksina** – ýokançly kesellere garşy sançmakda ulanylýan serişdedir.

**Mistisizm** – bu mistika meýillilik, mistika esaslanan dini–idealistik dünýägaraýşyň görnüşidir.

**Irrasionallyk** – bu hakykaty bilmekde aňyň mümkinçiligini inkär edýän ýa-da ony örän çäklenen diýip bilýän filosofik konsepsiýadyr.

**Köpçülikleýin medeniýet** – bu häzirki zaman jemgyýetiň durmuşynyň ähli pudaklaryna diýen ýaly girip gelen durmuşy, göwün açyjy we habar medeniýetidir.

## Berkitmek üçin soraglar we ýumuşlar

1. YTR ösen döwletlerde jemgyýetiň nähili hil özgerişleri ýüze çykdy?
2. Siz gymmatlyklar sistemasynyň internasionallaşmak prosesine nähili garaýarsyňyz? Onda milli medeniýetler üçin nähili howp gizlenen?
3. Köpçülikleýin medeniýet jemgyýetdäki gymmatlyklar sistemasyna nähili täsir edýär?
4. Häzirki zaman habar serişdeleri edebiýatda we sungatda nähili täze ugurlary we problemalary getirip çykarýar?
5. Häzirki zaman edebiýatynyň kitapda berlen nusgalaryndan haýsy birini okadyňyz? Olar hakynda aýdyp beriň.

## Özbaşdak iş



Internetden peýdalanyp “XX asyryň ahyry we XXI asyryň başlarynda ylym, edebiýat, sungat” temalary boýunça wideorolik taýýarlaň we görkezmäge taýýarlanyň.

## MAZMUNY


Giriş ..................................................................................................3

## I BAP. XX ASYRYŇ AHYRY–XXI ASYRYŇ BAŞLARYNDA DÜNÝÄ ÝURTLARY

1-nji tema. XX asyryň ahyry–XXI asyryň başlarynda halkara gatnaşyklar ......................................................................4
2-nji tema. Gündogar Ýewropa ýurtlarynda demokratik rewolýusiýalar we sosialistik lageriň dargamagy..............9
3-nji tema. Sowet döwletiniň dargamagy we öňki sowet respublikalarynda özbaşdaklygyň yglan edilmegi............15

## II BAP. 1991–2017-NJI ÝYLLARDA DÜNÝÄ ÝURTLARY

4-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Russiýa Federasiýasy ..................19
5-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Ukraina, Belarussiýa we Moldawiýa respublikalary ...................................................23
6-njy tema. 1991–2017-nji ýyllarda Pribaltika döwletleri...................29
7-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Zakawkaz döwletleri ...................33
8-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Merkezi Aziýa döwletleri..........38
9-njy tema. Günbatar ýurtlarynda integrasiýalaşmak prosesiniň tizleşmegi. Ýewropa Soýuzy we ABŞ-nyň aragatnaşyklary.........................................................................44
10-njy tema. 1991–2017-nji ýyllarda Amerikanyň Birleşen Ştatlary ...............................................................48
11-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Germaniýa Federatiw Respublikasy..............................................................................52
12-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Beýik Britaniýa ..........................55
13-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Fransiýa .......................................60
14-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Italiýa...........................................64
15-nji tema. Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň syýasy, sosial-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary..........68
16-njy tema. 1991–2017-nji ýyllarda Hytaý Halk Respublikasy ..............................................................................72
17-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Ýaponiýa .....................................77

18-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary ........ 81
19-njy tema. 1991–2017-nji ýyllarda Hindistan Respublikasy ........ 85
20-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Türkiýe Respublikasy ........ 90
21-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Eýran Yslam Respublikasy ........ 94
22-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Pakistan we Owganystan ........ 98
23-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Siriýa we Yrak ........ 104
24-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Ysraýyl döwleti we Palestina problemasy ........ 109
25-nji tema. 1991–2017-nji ýyllarda Latyn Amerikasy ýurtlary ........ 113
26-njy tema. 1991–2017-nji ýyllarda Afrika ýurtlary ........ 118

## III BAP. TÄZE MÜŇÝYLLYGYŇ BAŞLARYNDA DÜNÝÄ SIWILIZASIÝASYNYŇ PROBLEMALARY

27-nji tema. XX asyryň ahyry–XXI asyryň başlarynda globallaşma problemalary, harby, ekstremistik we ekologik howp-hatarlar ........ 124
28-nji tema. XX asyryň ahyry–XXI asyryň başlarynda durnukly ösüş we etno-sosial problemalar ........ 130
29-njy tema. XX asyryň ahyry–XXI asyryň başlarynda ylmy-tehniki ösüş. Ylym, edebiýat, sungat ........ 135

**Shuhrat Ergashev, Begzod Xodjayev,**
**Jamshid Abdullayev**

# JAHON TARIXI

**(1991–2017-yillar)**

(*Turkman tilida*)

O‘rta ta’lim muassasalarining 11-sinf o‘quvchilari uchun darslik

Birinchi nashr

«TURON-IQBOL»
Toshkent, 100182. H. Boyqaro ko‘chasi, 51-uy.
Toshkent – 2018

Terjime edenler G. Abdullaýewa, K.Hallyýew
Redaktor J. Metýakubow
Çeper redaktor E. Abdikaýirowa
Tehnik redaktor A. Ýuldaşewa
Korrektor J. Metýakubow
Kompýuterde sahaplaýjy A. Muhammadiýew

Neşirýatyň lisenziýasy AI №223, 16.11.2012.
Çap etmäge 2018-nji ýylyň 29-nji iýunynda rugsat edildi.
Ölçegi $70\times90^{1}/_{16}$. Ofset çap ediliş usuly. «Times New Roman» garniturasy. Şertli çap listi. 10,53. Hasap-neşirýat listi 9,95.
1 010 nusgada çap edildi. Buýurma № 18-282.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň
«O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýüniň çaphanasynda
çap edildi. 100011, Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.

## *Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel*

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

## *Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:*

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |